TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN
MILLI GOLÝAZMALAR INSTITUTY

# ASLY–KEREM

*(Türkmen halk dessany)*

Çapa taýýarlan:
**Amangül DURDYÝEWA**

AŞGABAT «MIRAS» 2004

**UOK820/89(100-87)+894.361**
**A75**

**A75**

Asly-Kerem *(Türkmen halk dessany)*. A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2004 — 160 s.

**JOGAPKÄR REDAKTORLAR**
**Hramow W.M., Aşyrow A.A.**

**REDAKTOR**
**Ş.Geldiýewa,** *dil-edebiýat ylymlarynyň doktory*

*Türkmen halkynyň milli medeniýetiniň iň oňat nusgalarynyň biri bolan dessanlar şu günki günlerimizde hem ähmiýetini ýitirenok.*

*Şeýle halk dessanlarynyň biri-de waka ýordumy türki halklaryň arasynda hem meşhur bolan hakyky söýgüni, halklaryň arasyndaky doganlyk-dostlugy, ýara wepalylygy, il-ýurda söýgüni, ynsanperwerligi, belent adamkärçiligi ündeýän, adalatsyzlygy ýazgarýan «Asly-Kerem» dessanydyr. Bu dessan ozal neşir edilen ýygyndylary göz öňünde tutmak bilen Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň hazynasynda saklanylýan iň ygtybarly golýazma we daşbasma çaplary esasynda taýýarlanyldy.*

**TMMMM №023**

**TDKP №129** **2004** **KBK 84Tür7+84(5)**

© Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2004 ý.
Asly-Kerem, 2004 ý.
Durdyýewa A., Çapa taýýarlama, 2004 ý.

***Garaşsyz we Baky Bitarap Türkmenistanyň***
***Ilkinji we Ömürlik Prezidenti***
***Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň***
***howandarlygynda neşir edilýär.***

## GEÇMIŞIŇ ÝAŇY — GELJEGIŇ DAŇY

Türkmeniň ykbal asmanyndan nur saçýan Garaşsyzlyk halkymyza diňe bir Altyn eýýamyň altyn gapysyny açyp bermän, eýsem onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň ilgünüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin ähmiýetli wakalaryň mesgeni boldy. Bu toprak ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet we sungat sallançagy boldy. Alymlar biziň eýýamymyzdan 6 müň ýyl öň türkmenleriň ata-babalarynyň öňdebaryjy bilimleri özleşdirendigini nygtaýarlar. Irki ekerançylyk zamanasyndaky türkmen jemgyýetleri Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerleri — ajaýyp ýadygärlikleri miras goýdy. Gadymy oguz-türkmen döwleti, Parfiýa zamanasy, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleri, osman türkmenleriniň soltanlyklary we beýleki türkmen döwletleri adamzadyň syýasy taryhynda özboluşly adalat baýdagy bolup pasyrdady. Hut şonuň üçin

hem Türkmenistany dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaýyň, Mesopotamiýanyň, Müsüriň hatarynda goýýarlar. Ata-babalarymyz dünýä gymmatlyklarynyň arasynda özboluşly, milli öwüşgin bilen lowurdaýan ruhy we medeni baýlyklary bize miras galdyrdy.

Medeni miras — bu perzendiň üstünde kökenek gerýän türkmen enesiniň hüwdüsidir, agras türkmen gojasynyň pendi-nesihatydyr. Mukaddes topragy gany bilen goran gaýduwsyz gerçegiň iň soňky demdäki wesýetidir, naçar doganyň gerçegiň jesedini ýuwýan ajy gözýaşydyr.

Medeni miras — bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr.

Medeni miras — bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Ruhnamada belläp geçişim ýaly, ***«Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyk-***

***laryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr».*** Biz ata-babalarymyzyň öňündäki şol ogullyk borjumyzy berjaý etmek maksady bilen hem Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini döretdik.

Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmasyz borçdur!

**Eziz halkym!**

Siziň eliňizde «Miras» merkeziniň taýýarlan kitaby. Bu kitabyň biziň ata-babalarymyzyň döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryna teşne kalbyňyza teselli berjekdigine ynanýaryn. Käbelerimiz hem kyblalarymyz hakyndaky ýüreklerimiziň töründäki gyzgyn söýginiň oduny alawlandyrjakdygy mende ýakymly duýgy döredýär.

«Miras» merkeziniň çykarjak kitaplarynyň höwrüniň köp boljakdygyna ynanýaryn we oňa ak ýol arzuw edýärin.

Işiň rowaç, ýollaryň ýagty bolsun!



**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat TÜRKMENBAŞY.**

# ASLY-KEREM

*(Türkmen halk dessany)*

Emma rawyýany ahbar, nakylany asar, beýle rowaýat kylypdyrlar ki, Töwriz welaýatynda Zyýat atly bir patyşa bar erdi. Ýedi yklyma patyşa erdi. Emma onyň hiç perzendi ýok erdi.

Günlerde bir gün patyşa aýnaý-y-bedennemany eline alyp, tomaşa edip gördi ki, birniçe muýy-sefit sakgalyga düşüpdir. Patyşa bir «ah» çekip: «Men ne gadar dünýäde zähmet çekip, ne gadar leşger talap edip we ne gadar mal jem etdim ki, haýhat-haýhat daryl-penadan bakyga ryhlat kylgaý men. Menden soňra tagt we täjimge kim eýelik eder.... » diýdi. Şol demde wezirini istäp:

– Eý, wezir, patyşalaryň kildi wezirlerde olarmyş, meniň perzendim barmy-ýokmy menden hiç habar tutmyrsyňyz. Menden soňra täç we memleketimge eýe bolar ýaly bir pikir kylmasaň, özümi heläk kylar men! – diýdi.

Wezir ýedi ýola baş egip, arz kylyp:

– Eý, patyşahy älem, bu işde sadaka bermek gerek, şaýat ki, Allatagala bir pukaranyň dogasyny kabul edip, sizge bir perzent ata kylsyn – diýdi.

Soňra wezir labzy-gährebany açyp, patyşaga arz kylyp:

– Kyblaýy-älem salamat olsun! Pabusy Ymam Ryzaga çokunyň, şaýat ki, o büzrükwar şerapatyndan haýyr gapysy ýüzüňizge açylsyn – diýdi.

Elkyssa, patyşa wezir nesihatyny kabul kylyp, ähli memleketini terk edip, hazynanyň ygtyýaryny wezirge berip we pukara lybasyny geýip, rowzaýy-mutahharaýe Ymam Ryzaga çokunmaga durdy.

Wezir hazynalaryň gapysyny açyp, pukaralara haýrat kyldy. Memleketleriň ähli raýatlary, tä, ýedi ýyla çenli tarhan hem azat olup, patyşanyň mübärek barlygyna dogagöý oldular. Emma patyşa gerdenin rowzaýy-mutahhara baglaýyp, gözünden ýaş döküp, matlabyny aýdyp, bir gazal diýdi:

Men Töwrizden sizi diýip gelmişem,
Men bendäge ogul-öwlat gerekdir,
Umyt edip hyzmatyňa gelmişem,
Men bendäge ogul-öwlat gerekdir.

Öwladym ýok – memleketim harapdyr,
Perzent üçin jigerlerim kebapdyr,
Müňkür olan bende ähli-azapdyr,
Men bendäge ogul-öwlat gerekdir.

Häzir gaýyp sen-sen, halka rahnema,
Gapyňa gelmişem, derdim kyl dowa,
Patyşahlar agasy sen, pişiwa,
Men bendäge ogul-öwlat gerekdir.

Ymamy-heştumyn, Horasan şahy,
Köňüllerden bize ýeter güwähi,

Bir müşgil derdime derman ilahy,
Bu ajyz bendäge öwlat gerekdir.

Men Zyýat şa, derdi-gamga mübtela,
Perzent üçin başa salmyşam gowga,
Arzymy eşitgil, ýa Ymam Ryza,
Men bendäge ogul-öwlat gerekdir.

Elkyssa, patyşa birniçe güni aglamak birlen geçirdi. Bir gije älemi-habda gaýypdan seda geldi ki: «Eý, bende, Hudaýtagala saňa bir ogul ata kyldy, turgul!» diýdiler. Patyşa el-hal uýkudan oýganyp, hoşhal ýerinden turup, Töwrize rowana boldy. Tamam şäher halky pişwaz çykdy. Şa tamamy birlen tagt-soltanetde karar tutup, ybadatga meşgul boldy.

Elkyssa, Allatagala patyşaga on dördi gijäniň aýy kimin bir ogul berdi, onuň adyna şazada Mahmyt han goýdular. Ol ýedi ýaşyga ýetende, oglany mekdepde goýdular. Ol pähim we kemal tapyp, danaýy-zirek oldy. Ondan soňra esbi-tazy, tygzen we tirendazlygy örgendi ki, arzaýy-dawgada ýüz adama barabar erdi, gije-gündiz sähralarda şikara we aýşy-eşretge meşgul erdi.

Muhteseri kelam, şazada Mahmyt hanny munda goýup, indi habarny Rum welaýatyndan eşitgil.

Rum şährinde Gara Melek diýgen bir patyşa bar erdi, onuň bir gyzy bar erdi. Gara Melek gahar edip, Rum welaýatyndan Azerbaýjan mülküne Zyýat şanyň huzuryna gelip erdi. Zyýat şa Gara Melekge yzzat-ikram edip, oňa at-ýarag, mülk we bir çarbag içre ýagşy menzil berdi. Gara Melek aýşy-eşretge meşgul oldy.

Günlerde bir gün şazada Mahmyt bir gadar goşun birle syýahatga çykyp, Garabag tarapyga ýüz goýup, tarlaň guşuny uçuryp, keýikniň yzyndan kowup geler erdi. Birdenkä, guş howa ýüzünde gerdişe gelip, güzeri çarbaga düşdi. Emma

şazada Mahmyt bitakat olup: «Her kimse gelse, ony öldürer men» diýdi. Tamam goşun gorkusyndan yzyna gaýtdy. Şazada Mahmyt tarlaňnyň yzyndan gidip, çarbaga ýetişdi. Emma tarlaň howuz başynda, çynarnyň üstünde mekan tutdy. Şol wagtda Gara Melekniň gyzy Zöhre kenizler birle howuz başyga baryp suwga girdiler. Nägehan bir gyz ýokary bakyp gördi ki, bir näzenin guş çynaryň üstünde mesgen tutupdyr. Ol:

– Eý, bibi jan, bu çynar üstündäki guşga bak, nije näzenin guşdur? – diýdi.

Gara Melekniň gyzy bakyp gördi ki, ajap bir guşdur. Ol ýüz köňül bilen oňa aşyk boldy we bir gyrmyzy şaly eline alyp, «me-me» diýdi. Aç tarlaň perwaz edip, Zöhräniň göwsüne gonup, dyrnaklaryny çümdürip, mämesini ganatdy. Zöhräniň oňa gahary gelip:

– Eý, namartlar, bu guşuň başyny üzüň! – diýdi.

Şazada takat getirmän:

– Eý, bedasyllar, meniň guşumga degmäň! – diýip seslendi.

Gyzlaryň hemmesi aňka-taňka boldular. Zöhräniň gahary gelip:

– Ne bir bihaýa we bikerem oglan sen, eger myhman olmasaýdyň, görerdiň başyňga ne iş getirerdim! Haýp, myhman sen. Häzir, bagyň gapysyga gelip, guşuňny apar sen! – diýdi.

Şazada bagyň gapysyga gelende, ikisiniň gözi biri-birine düşüp, biygtyýar aşyk boldular. Olar biri-birige «bedasyl» we «bikerem» diýmekden ötri, atlaryna Asly han we Kerem goýuldy[1].

Soňra ikisi biygtyýar biri-biriniň boýnuna gol salyp, gözýaş birle ýüreklerinden hasrat sowal we jogap aýdyşyp, bir gazal diýdiler:

Sowal:

Seýle çykyp geze-geze,
Biziň diýara hoş geldiň!
Seniň dek şeýda bilbilem,
Biziň gülzara hoş geldiň![2]

Jogap:

Tarlaňym saldym şikara,
Ýitirdim bu raýa geldim,
Çekdi nesip bu diýara,
Bu bagy-ryzwana geldim.

Sowal:

Nykabyň ýüzden göterdiň,
Barça aklymny ýitirdiň,
Tebibi-şypa getirdiň,
Men dek bimara hoş geldiň![3]

Jogap:

Dünýä başy tupan bolar,
Gan ýaş gözden rowan bolar,
Janym saňa gurban bolar[4],
Derdiňe dermana geldim.

Sowal:

Syýa käkil bogun-bogun,
Ýüregimde goýduň dügün,
Bilbiller saýraşar bu gün,
Gözleri gara, hoş geldiň!

Jogap:

Haýsy bakjanyň güli sen,
Haýsy bagyň bilbili sen,
Ýa Şirin sen, ýa Leýli sen,
Mejnun dek bu jaýa geldim.

Sowal:

Asly, meni sen bent eýle,
Aç, käkiliň kement eýle,
Leblerim şeker-gant eýle,
Çek meni dara, hoş geldiň!

Jogap:

Çagyrar men Çaryýary,
Mämäňden gan akar jary,
Kerem janyň söwer ýary,
Lebiňden emmäge geldim.

Elkyssa, bular biri-birlerini ynandyrdylar. Asly han:

– Eý, Kerem jan, ne gadar bu guşuňy eziz tutar sen? Munuň nä hünäri bar? – diýip, bir gazal aýtdy, Kerem hem jogap berdi:

Sowal:

Kerem jan, habar ber, guşuň hünärin,
Mundan ötri, bize bedasyl diýdiň!
Ady tuýur, munakgaşdyr perleri,
Mundan ötri, bize bedasyl diýdiň!

Jogap:

Eý, ezizim, saňa tagryp eýlesem,
Ne gözel olarmyş ady tarlaňyň,

Sypap-sypap alsaň eliň üstüne,
Galmaz ýüregiňde dagy tarlaňyň.

Sowal:

Sypap ele alsaň, nedir pişesi?
Ele alsaň, batar onuň penjesi,
Sen bize ýetirdiň kuwwat köşesin,
Mundan ötri, bize bedasyl diýdiň!

Jogap:

Uja dag üstünde awlar atylar,
Gözleşiban ýerde awlar çatylar,
Eger satsam, ýüz tümene satylar,
Jygasy, halkasy, bagy tarlaňyň.

Sowal:

Ýüz tümen diýer sen, çohly bahadyr,
Köpek awly bolsa, kemlik jepadyr,
Elde saklamaga heýli wepadyr,
Mundan ötri, bize bedasyl diýdiň!

Jogap:

Guşumga ýaraşar ýorga alaşa,
Sagyndan atlanyp, solundan düşe,
Endamy tutulsyn gerek kümüşe,
Bakyşy mähnetdir, çaky tarlaňyň.

Sowal:

Hiç mähnet gerekmez beýle bir guşa,
Bir adam gerekdir, bir-de alaşa,

Lazym degil beýle mähnet bir guşa,
Şundan ötri, bize bedasyl diýdiň!

Jogap:

Howaga çykanda ganatyn açar,
Durnaga çatylsa, bir-birden saçar,
Awuny alyban gyraga gaçar,
Batar on barmagy gana tarlaňyň.

Sowal:

Adym Asly galdy jahan içinde,
Säheriň şebnemi zülpüm içinde,
Kowardy kuwwaty peşe öjünde (?),
Şundan ötri, bize bedasyl diýdiň!

Jowap:

Şazadaýam, özüm Halapdan, Şamdan,
Şondan ötri geçdim beýle jahandan,
Kerem, dile dileg ýene Hudadan,
Başymdan çykypdyr dagy tarlaňyň.

Elkyssa, Kerem aýtdy:

– Eý, hüýrlukga, aýtgyl, aslyň ne ýerlidir?

Asly arz kylyp:

– Eý, şazada, aslym ermeni, özüm Gara Melekniň gyzy bolar men – diýdi.

Emma şazada Kerem ermeni adyny eşitgende, birniçe gazal ermeni gyzy barasynda diýdi:

Gelip geçdi mundan niçe ermeni,
Ýa sen musulman bol, ýa men ermeni!

Şu gara sagatda görseýdim seni,
Ýa sen musulman bol, ýa men ermeni!

Nägehan sallanyp çykdyň gaşymdan,
Aklym haýran edip, aldyň başymdan,
Sen dek peri hiç çykmaýur huşumdan[5],
Ýa sen musulman bol, ýa men ermeni!

El-ele bereli şähre baraly,
Kazydan, molladan habar alaly,
Her din kabul bolsa şoňa baraly,
Ýa sen musulman bol, ýa men ermeni!

Jähennem oduna ýanaý birimiz,
Jennetil-magwadyr biziň ýerimiz,
Hezreti emirdir biziň pirimiz,
Ýa sen musulman bol, ýa men ermeni!

Başyňa atyp sen, şaly-tirmäni,
Gözüňe çekip sen, gara sürmäni,
Ykraryňdan dängin, kapyr ermeni,
Ýa sen musulman bol, ýa men ermeni!

Şazada Kerem diýr, halym ne zardyr,
Dünýä gelip-geçip, başymga dardyr.
Pygamberden galan nyşanym bardyr[6],
Ýa sen musulman bol, ýa men ermeni!

Elkyssa, bu sözleri diýenden soň, Asly han:
– Eý, şazada, sen ne ýerli? – diýip sorady.
Şazada Kerem:

– Eý, näzenin, men Zyýat şanyň ogly men. Alhamdulylla, musulman men – diýdi.

Onda Asly han:

– Eý, Kerem jan, eger halallyk bilen kabul kylsaň, men hem musulman bolar men – diýdi.

Elkyssa, şazada Kerem kabul kylyp, biri-birleriniň boýnuna gol salyp, kyrk gije-gündiz çarbagda aýş-u eşretge meşgul boldular.

Imdi sözi şazada Keremniň nökerlerinden eşideliň!

Nökerler ne gadar beýawanda gezip, Keremden bir nyşan tapmadylar. Gaýdyp gelip Zyýat şaga tamam sergüzeşti arz kyldylar. Ähli başyndan geçirenlerini gürrüň berdiler. Zyýat şa serasime bolup, tamam goşun birlen şäherden çykyp, kyrk gije-gündiz çöl-beýawany agtardylar. Emma Keremni tapmadylar. Şa ýüz gam-u gussa birle şäherge gaýdyp, köşgünde karar tutup, Allatagala mynajat kylyp, bir gazal diýdi:

Kadyr Alla, meni salma bu derde,
Çeşmi-çyragymny isterem senden!
Mejnun bolup, kyrk gün gezdim çöllerde,
Eziz myhmanymny isterem senden!

Bilmen, näler geldi onuň başyna,
Bar iläha, ýaman berme işine,
Rehmiň gelsin gözden akan ýaşyna,
Ynan, oglanymy isterem senden!

Bilmen, nirä gidip edeý soragyn,
Kime yzhar edem ýüregim dagyn,
Dyzymyň kuwwaty, çeşmim-çyragym,
2* Memleket sahybyn isterem senden!

Kyrk gündür gezerem çölleri, dagy,
Pyrakyndan gidip gözlerim ýagy,
Ösdi damagymdan Mahmydyň ýeli,
Tükenmez döwletim isterem senden!

Men Zyýadam, ömrüm bermişem bada,
Döwlet bilen namys gitmesin oda,
Ymam Ryza, bu gün ýetişgil dada,
Ömrümiň zyýadyn isterem senden!

Elkyssa, Zyýat şany munda goýup, sözi şazada Keremden eşidiň!

Kerem kyrk günden soň, ýüregi gysyp, şäherge gider boldy. Asly han bitakat boldy. Kerem Asly hana teselli berip, «Huda hafyz» edip,bir gazal aýtdy:

Eý, Asly han, iki gözüm,
Gurbat ile gider boldum,
Jahana dagyldy sözüm,
Gurbat ile gider boldum.

Atamnyň sabry tak oldy,
Enem jigeri dag oldy,
Munda galmak kyrk gün oldy,
Gurbat ile gider boldum.

Tenim gitse, jan aýrylmaz,
Lebleriňden doýmak bolmaz,
Senden başga hiç kim bilmez,
Gurbat ile gider boldum.

Sensiz jahanda gezmenem,
Senden özgä ýar diýmenem,
Gamgyn bolsaň, men gitmenem,
Gurbat ile gider boldum.

Äht eder men Huda birlen,
Döwran sürsem seniň birlen,
Pygamberiň şerti birlen,
Gurbat ile gider boldum.

Kerem diýer, bu sözümde,
Galat bolmaz diýenimde,
Ýalan bolmaz ykrarymda,
Gurbat ile gider boldum.

Elkyssa, Kerem Asly handan aýrylyp, şäherge ýakyn bolganda, onuň gelýänini Zyýat şa eşidip hoşhal bolup, oglynyň aldyndan çykdy. Kerem atasyga tagzym edip, şäherge dahyl boldy. Emma Zyýat şa nä gadar dilindirse-de, Kerem hiç sözleşmedi. Zyýat şanyň gam-gussasy artyk we zyýada bolup, çäre tapmady. Öz memleketinde nä gadar müneçjim we hekim bar idi, olary häzir kyldy. Olar Keremniň perişan halyndan ejiz galdylar.

Imdi özge bir welaýatnyň hadysasyndan habar alalyň!

Bir welaýatda bir patyşa bar erdi. Onuň gardaşynyň bir gyzy bar erdi. Patyşanyň ogly ol gyzy söýer erdi. Emma gardaşy gyzyny oňa bermedi. Günlerde bir gün, patyşa dünýäden ötdi. Gardaşy onuň jaýynda seriri-soltanetde karar tutup, patyşa boldy,oglan hem diwana bolup, şäherme-şäher, diýarma-diýar gezer erdi. Onuň güzeri Zyýat şanyň welaýatyna düşüp, şazada Keremniň ahwalyndan habardar boldy. Ol şazadanyň ýanyna gelende Keremniň gözi oglana düşüp, yşarat kylyp: «Otur»

diýdi. Oglan gördi ki, Keremniň reňki zagpyrana dönüpdir. Bakyr hanyň Keremge rehmi gelip, filhal hylwat kylyp, şazadanyň ahwalyna bakyp, bir gazal diýdi:

Gurban olam seniň kaddy-boýuňa,
Yşgyň söwdasyna galyp olup sen,
Ata-ene bardyr geler toýuňa,
Bir gözeliň söwdasyna düşüp sen.

Derdiňi söýlegil, dowa eýlerem,
Zyýat şaga bir-bir arzyň söýlerem,
Başymdan geçenin beýan eýlerem,
Bir periniň söwdasyna düşüp sen.

Şalara şa erdi atam ýurdunda,
Kaza ýetip gitdi, dünýä ýüzünde,
Rakyp karar etdi, meniň ýurdumda,
Bir senemniň söwdasyna düşüp sen.

Maýyl erdim men agamyň gyzyna,
Atam ýurdun namart aldy özüne,
Agam gitdi rakyplaryň sözüne,
Eziz gardaş, meň günüme düşüp sen.

Bakyr handyr adym, diwana, derwüş,
Ýedi ýyldyr düşdi janyma teşwüş,
Bir däne göwher sen, ýokdur sende gaş,
Yşkyň söwdasyna galyp olup sen.

Ondan soň, Kerem oglana jogap bermek üçin, sazyny eline alyp, bir gazal diýdi:

Bir periniň hasratyndan,
Gözüm ýaşy gana döndi,
Oturmyşam saýasynda,
Sut işim zyýana döndi.

Şu derdime alaç olmaz,
Men gideni ýada salmaz,
Ýa öler, ýa nesip olmaz,
Gara bagrym gana döndi.

Ýa Aly, sen, eýle medet,
Başyma gopdy kyýamat,
Guluňa eýle şepagat,
Gyzyl reňňim zara döndi.

Ýa Hyzyr, tutduň golumdan,
Ruhum çykdy jan-tenimden,
Kerem diýer, öz janymdan,
Ot alyp zyýana döndi.

Elkyssa, şazada Kerem herne başyndan geçgenin şol diwanaga bir-bir beýan eýläp, gözünden ýaş döküp, ýene-de bir gazal diýdi:

Eý, ýaranlar, tarlaň guşum uçurdym.
Sag elimden sol elime alynçam,
Näzli ýaryň gurbanyýam, gulyýam[7],
El götermen, damanyndan ölünçäm.

Gurban olam zülpleriniň teline,
Dökülipdir hem sagyna, soluna,

Bir gül berdim näzli ýaryň eline[8],
Öldürme, köýdürme gözden salynçam.

Ýaryň goýny meňzär jennet bagyna,
Gurban olam zülpleriniň taryna,
Baglaýyp göwherden guşak biline,
Janym çykar gülüp, menden alynça.

Aýralyk derdinden ýürek daglar men,
Kebap olup jigerimni baglar men,
Kerem diýer, ýardan ötri aglar men,
Ölsem ýegdir, bu dünýäde galynçam...[9]

Elkyssa, ondan soň Keremniň gulam-hylwaty Zyýat şaga:

– Eý, kyblaýy älem, şazadanyň derdi aýan oldy ki, ol aşykdyr – diýip, habar berdi.

Patyşa hoşhal bolup, Keremniň ýanyga gelip, onuň gözünden öpüp:

– Eý, nury-didäm, bu nä söwdadyr, meniň başymga getirip sen? Ne myradyň bolsa beýan etgin! – diýdi.

Kerem zar-zar aglap, Asly han hekaýatyny we ança başyndan geçgenini beýan etdi. Ol:

– Näzenin senemniň jemalyna giriftar men – diýdi.

Ony Zyýat han eşidip bildi ki, Gara Melekniň gyzydyr. Zyýat şa:

– Eý, oglum, ajap batyl söwdaýa düşüp sen, ol gyz ermenidir, dünýäde her patyşanyň gyzyny kabul kylsaň, saňa häzir eýlärem, sen ondan el çek – diýdi.

Şazada Kerem ah çekip:

– Ata jan, eger jemyg patyşalarnyň we hüýriýany-behişt gyzlaryny getirseň-de, peýda bermez. Meger şol ermeni gyzy bolmasa, mahbuby-jahan gerekmez – diýdi[10].

Patyşa alaçsyz galyp, wezirin isteýip, Keremniň ahwalyn bir-bir beýan etdi. Wezir arz edip:

– Kyblaýy-älem, salamat bolsun! Gara Melegi myhmanlyga çagyryp ahwalaty beýan et! – diýdi.

Patyşa derrew gulamlaryny çagyryp, Gara Melekge gönderdi. Gara Melekni häzir eýlediler. Zyýat şa Gara Melege çoh yzzat edip, desterhan getirdiler.

Bagd-ez noşy-jan her kes öz menzillerine gitdiler. Soňra Gara Melek pikiri bisýar Zyýat şany myhmançylyga ähli umarasy birle çagyryp, mejlis gurup, tagam getirip erdi. Emma Zyýat şa umara we wezirleri birle supraga el goýmadylar. Gara Melek gamgyn bolup, hyjalat çekip:

– Kyblaýy-älem salamat bolsun! Meger biziň nanymyz haramdyr ki, el urmaýarsyňyz? – diýdi.

Zyýat şa:

– Eý, Gara Melek, şu işde bir matlap bar. Eger kabul kylsaň, supraga el goýarmyz – diýdi.

Gara Melek hoşhal boldy. Wezir şirin zybany birle güftara gelip matlabyny beýan kylyp:

– Eý, garyndaşym, Gara Melek! Eger gyzyňy şazada Kereme berseňiz, bizni serefraz kylgaýsiz – diýdi.

Gara Melek hoşnut bolup jogap berdi.

Elkyssa, Asly hany Keremge namzet kylyp, hoşhal bolup, ol oturlyşykdan dagadylar.

Emma birniçe keleme söz Gara Melekden eşidiň!

Birniçe günden soň, Gara Melek puşman olup, tamam maşgalasy birle karar edip, Rum welaýatyna gaçdy ki, hiç kişi habardar bolmady. Birniçe günden soň, şazada Kerem habardar

bolup, olaryň yzyndan gitmek üçin atlandy. Zyýat şa haýran bolup:

– Eý oglum, gel bu ermeniniň yzyndan gitme – diýdi.

Kerem gamgyn bolup, bir gazal diýdi. Atasy hem jogap berdi:

Atasy:

Balam gitme, men dolansam başyňa,
Söwer bolsaň, balam, söýme Aslyny!
Külli Eýrany men ýygaýyn toýuňa,
Söwer bolsaň balam, söýme Aslyny!

Ogly:

Köňül howalandy, söýgüli ýara,
Ata-ene, maňa gurbat eýleýiň!
Saparymyz düşdi, Rumy diýara,
Ata-ene, maňa gurbat[11] eýleýiň!

Atasy:

Sen olup sen, ermeniniň aşygy,
Owal aşyk ýanar, soňra magşugy,
Dyzymyň kuwwaty, gözüm yşygy[12],
Söwer bolsaň balam, söýme Aslyny!

Ogly:

Saba olar, tagt üstüne han çykar,
Gözlerimden ýaş ornuna gan çykar,
Ýara bir söz bildirmäge jan çykar,
Ata-ene, maňa gurbat eýleýiň!

Atasy:

Lagnat bolsun şol tersanyň başyna,
Kowa-kowa ýetebilmen göçüne,
Anyň dinin goşma dinim içine[13],
Söwer bolsaň balam, söýme Aslyny!

Ogly:

Neýsan dek akytyp gözlerden ýaşym,
Neden şum söwdaýa düşüpdir başym,
Ilim-günüm, hyşym, kowum-gardaşym,
Arkadaşlar, maňa gurbat eýleýiň!

Zyýat:

Sen ne üçin ol tersaýa ynandyň,
Ogul, gitme, dünýä pany dünýädi,
Gözi ýaşly goýma sen, men Zyýady.
Söwer bolsaň balam, söýme Aslyny!

Kerem:

Kerem diýer, bar gunçalar ýazdylar,
Ýazdyryban ol belaga dözdüler,
Ýa ajaldyr, ýa nesipdir gezdiler,
Ata-ene, maňa gurbat eýleýiň[14]!

Elkyssa, Kerem atasynyň sözüne gulak asmaýyp, atlandy. Zyýat şa birniçe goşuny wezirge berip, Keremni wezirge tabşyrdy ol:

– Birniçe gün sähralarda geziň, şaýat ki, Kerem Aslyny ýadyndan çykarsyn! – diýdi.

Wezir birniçe gün küwh-u sähralarda syýahat kylyp, şäherge geler erdi. Näge şazada Kerem mundan ägä bolup,

gahary geldi. Jemyg goşun sypahyny wezir birle şäherge gaýtaryp, özi dosty birle beýawany tutup, Mejnun dek gezer erdi.

Imdi sözi, Gara Melekden eşidiň! Ol bäş gije-gündiz ýol ýöräp, bir uja dagyň üstüne çykdy.Şol wagt Asly han şazada Keremi ýadyna salyp, ýüregi gamly, gözi nemli «Haçan Kerem jan geler?» diýip, bir gazal aýtdy:

Gara Melek öýlerimiz göçüpdir,
Göçüp-göçüp belent daglar üstüne.
Didäm Kerem, gel, ýanymdan aýrylma,
Dodaklaryň goýgul, dodak üstüne[15].

Işiň nedir, bahar bilen ýaz bilen,
Ördek oýnar köller içre gaz bilen,
Ýarym gelse, köňlün alam näz bilen,
Gül düşär men, gadam goýsun üstüne.

Käbä gidenleriň dilegleri dek,
Gabha pelek goýmaz biz şat olaýlyk,
Aman pelek, hem mürewwet, dat pelek,
Ýüz dagymyň müň dag goýma üstüne.

Atamnyň döwleti tarymar oldy,
Gam leşgeri hemmämize jar oldy,
Göz ýaşlarym köl-köl bolup, sil oldy,
Nije şebnem düşer kölüň üstüne.

Men Aslyýam, ýetmez derdim dermana,
Bu dünýä galmady hiç musulmana,

Alagöz Keremi bersinler maňa,
Goý etsinler, nutuk-nutuk üstüne.

Elkyssa, ondan soň, Asly han yzyna bakyp, öz-özi birle eňreýip, gözünden ýaşyny döker erdi. Nägehan Merýem enesi görüp ki, Asly han yza galyp, zar-zar ýyglar erdi. Merýemniň gahary gelip, birniçe tazyýana-ýumruk Aslynyň başyna urdy. Asly han gamgyn bolup, «waý-waý» diýip ýyglady. Soňra enesi onuň bu halyny görüp, gyzyna ýüregi awap, bir gazal diýdi:

Döküp gözýaşyňy, girýan eýleme,
Başyň goýgul, iki dyzym üstüne!
Ahy-zar eýleme, pygan eýleme,
Zyýat ogly gençleýin[16] üstüne!

Dost-u-duşmanlary bize güldürme,
Jiger janyň yşk oduna ýandyrma,
Gül ýüzüňe gözýaşyňy akdyrma,
Nije şebnem düşer ýaprak üstüne!

Mejnun kibi baýdyrmagyl huşuňy,
Didäňden[17] akdyrma, ganly ýaşyňy,
Gara Melek babaň gyýar[18] başyňy,
Garga-guşlar gonar başyň üstüne!

Açylyban gunça gülüň soldurma,
Dost-duşmany Asly, bize güldürme,
Eý, biajal, peýmanaňy doldurma,
Gylyç uzar, geler başyň üstüne!

Men Merýemem, saňa sözüm söýlärem,
Şirin janym saňa gurban eýlärem,
Halyňny babaňa beýan eýlärem,
Çapraz daglar çeker seniň üstüňe!

Elkyssa, Gara Melek dagdan aşyp, ermeni welaýatyna gitdi.

Imdi sözi şazada Keremden we wezirden eşidiň!

Kerem dosty birlen beýawana ýüz goýup gitdi[19].

Wezir: «Patyşaga ne jogap diýer men?» diýip, pikir edip gylyjyny boýnundan asyp, Keremniň ýanyna geldi we arz kylyp:

– Eý, şazada, patyşa sizni maňa tabşyrdy. Patyşa ne jogap berer men? Ýa gel, meniň boýnumy üz, ýa şäherge gaýt! – diýdi.

Şazada bu işe haýran bolup, alaçsyz galyp, bir gazal diýdi:

Agalar beýle gezmekden[20],
Men dönerem, köňül dönmez,
Köýmüşem[21] ruzy-ezelden,
Men dönerem, köňül dönmez.

Tarlaň howada döwür eýlär,
Sözlär, bagryma jebr eýlär,
Pelek her çent ki jebr eýlär,
Men dönerem, köňül dönmez.

Hakdyr älemi ýaradan,
Ýar syýa zülpün daradan[22],
Bir ykrar geçdi aradan,
Men dönerem, köňül dönmez.

Rakyp derdi bir ýandadyr,
Aýralyk derdi ýamandyr,
Kerem diýer, Asly handyr,
Men dönerem, könül dönmez[23].

Elkyssa, wezir ne gadar iltimas kyldy, peýda bermedi. Ol sypahylar birle gaýdyp şäherge geldi. Imdi sözi Keremden eşidiň!

Kerem dosty birle gider erdi. Birniçe dagdan aşyp, Asly han olan welaýatyga ýetişdi. Emma ol wagt bahar erdi, güller açylyp, bilbiller saýrar erdi, tamam berru-beýawan sebze we çeçekler güli-reýhan erdi. Şol jaýda gulguzarlykda birniçe gyzlar bar erdi. Şol gün olaryň baýramlary erdi. Ewladyl-fuzun gyzlary şol kilisäge geler erdiler. Şazada Keremniň gyzlara gözi düşüp, Asly han ýadyna düşdi[24]:

Elkyssa, ondan soň Kerem gyzlara garap, Aslyny sorap bir gazal aýtdy:

Kelisäge[25] giden hüýr weçhe gyzlar,
Gyzlar, Aslym bu diýara geldimi?
Allany söwer siz, ýogsa Isany,
Gyzlar, Aslym bu diýara geldimi?

Derýada mahylar, gökde ýyldyzlar,
Ýadyma düşende «ýar» diýen sözler,
Sizden habar alam, hüýr ýüzli gyzlar,
Gyzlar, Aslym bu diýara geldimi?

Atasy gürjüdir, Merýem enesi,
Magşar güni meniň aýym tutasy,

Gyzyl gül dessesi, nerkes gözlüsi,
Gyzlar, Aslym bu diýara geldimi?

Ýygylypdyr gyz-geliniň[26] harmany,
Ýüklenipdir ýüz-müň derdiň dermany,
Atasy gürjüdir, gyzy ermeni.
Gyzlar, Aslym bu diýara geldimi?

Kerem aýdar, okydygym ýazaram,
Alla biler men janymdan bizaram,
Bir[27] ýyl erer, «Asly» diýip gezerem,
Gyzlar, Aslym bu diýara geldimi?

Elkyssa, Kerem bu gazaly aýtgandan soň, gyzlaryň arasynda bir ýagşy gyz bar erdi. Onuň ady Nerkes hanym erdi. Ol Keremniň bu jogabyndan tanady ki, bu aşykdyr. Ol yglam kylmak üçin, bir gazal diýdi:

Ahy-zar eýleme, pygan eýleme,
Kerem janym, Asly hanyň mundadyr,
Döküp gözýaşyňy giryan eýleme,
Kerem janym, Asly hanyň mundadyr.

Gara Melek diýrler, onuň babasy,
Ady Asly handyr, Merýem enesi,
Hindiniň tawusy, Töwriz sonasy,
Kerem janym, Asly hanyň mundadyr.

Arzy-halyň söwdügiňe ýetirin,
Isa hormaty üçin işiň bitirin,

Saba olsun, Asly hany getirin,
Kerem janym, Asly hanyň mundadyr.

«Kerem» diýip, Asly hanyň nijedir,
Boýy belent, bili gyldan inçedir,
Goýnundaky mämeleri gunçadyr,
Kerem janym, Asly hanyň mundadyr.

Nerkes diýer, Kerem, saňa söýlärem,
Şirin jany saňa gurban eýlärem,
Halyňny ýaryňa beýan eýlärem,
Kerem janym, Asly hanyň mundadyr.

Elkyssa, Nerkes hanym: «Eý, gardaş, siz munda duruň. Men seniň ýaryňny tizräk getireýin» diýip, gyzlar birle gaýdyp öýe geldiler. Nerkes hanym Merýemniň ýanyna gelip: «Eý, ene jan, imdi bahardyr, güller açylypdyr, baýram günüdir, Aslyny goýber» diýip, çoh iltimas etdi. Merýem razy boldy. Nerkes Asly hanyň rugsadyny alyp, gyzlar birle Kelisäge geldi. Gyzlar bir-bir gidip, zyýarat kyldylar, her biri bir myrat isledi. Nobat Asly hana ýetdi. Ýüzüni kyblaga tutup: «Perwerdigär-ä, bu gün Keremni senden istärem» diýip, arz kyldy, çünki Asly han musulman erdi. Näge Kerem gaşyga gelip, goluny Asly hanyň boýnundan salyp, ýüzünden birniçe posa aldy[28].

Elkyssa, Asly han gyzlaryň arasynda hyjalat çekip, hiç danyşmady. Şazada Kerem «Asly han menden başga ýar tutupdyr» diýen hyýal bilen gamgyn bolup, dostuna: «Atymy getir!» diýdi. Dosty aty häzir kyldy. Kerem atlanyp, gitmäge ýüz goýdy. Asly han puşman edip, paşmagyny eline alyp, Keremniň yzyndan ylgady we onuň yzyndan ýetmäge az galanda, bitakat bolup, bir gazal diýdi:

Uja daglar gary kimin eridim,
Aman, Kerem, meni betnam eýleme,
Aby-rowan kimin olup ýöridim,
Nurbat, Kerem meni betnam eýleme.

Gitme, gitme, menem gelip ýeterem,
Sen abdal ol, men köşgüliň göterem,
Gel diwana, saňa naşta getirem[29],
Jigi, Kerem, meni betnam eýleme.

Garşydaky gelen ýarym olsady,
Bakjamyzyň gyzyl gülün tirsedi,
Gara babam käşki owal ölsedi,
Aman, Kerem, meni betnam eýleme.

Ýegligiň goýuban sary göterdiň,
Men garyby bu ülkäge ýetirdiň,
Ne men öldüm, ne sen öldüň, gutardyň,
Mürewwet Kerem, meni betnam eýleme.

Asly han diýerler, meniň adyma,
Bir «ah» ursam älem ýanar oduma,
Beýle bildim, sen-de ýandyň oduma,
Mürewwet Kerem, meni betnam eýleme.

Elkyssa, şazada Kerem atdan düşüp, pyýada olup, ikisi gollaryny biri-biriniň boýnuna salyp, biri-biriniň ýüzünden öpüp, hoşhal bolup çarbaga girdiler. Bir sagatdan soň Asly han Keremden rugsat alyp, öýe geldi. Gördi ki, öý hylwatdyr. Asly burniçe tagam taýyn kylyp, göterip çarbaga gelip, gapyda seslendi. Dosty gelip, gözi Asly hanyň ak synasyna düşüp,

bihuş boldy. Kerem bu ahwaldan habardar bolanda, dostuna Asly hanyň synasyny tagryp edip, bir gazal aýtdy:

Çäki-giribandan gapyl göründi,
Gürjüstanyň gary şudur synasy.
Ýaryldy ýüregim, bagrym dilindi,
Täze bagyň nary, şudur synasy.

Köňül guşy perwaz eder uçmaga,
Uçup-uçup belent dagdan aşmaga,
Syna[30] goýmaz kemeriňi açmaga,
Kümüş heýkel bagy şudur synasy.

Ýarym geýinipdir ala narynjy,
Ony gören aşyk aglar zarynjy,
Şirwan-Şemahysy, Reştiň turunjy,
Gürjüstanyň nary şudur synasy.

Eý, dostum, men ýaryň waspyn eýledim,
Eýläýende[31] destan-destan söýledim,
Synanyň aklygyny tagryp eýledim,
Ala dagyň gary şudur synasy.

Asly han atlanyp, dalyna[32] bakar,
Gören aşyklary oduna ýakar,
Kirpigi peýkamdyr, ganymy döker,
Kerem janyň ýary şudur synasy.

Elkyssa, Asly han mejimesini Keremniň gabagynda goýup, her iki lukma gaýryp, biri-biriniň agzyna berip, tä inki dok

boldular. Ondan soň misli efgy ner we mada kimin biri-biriniň boýnuna gol salyp, eşretge meşgul boldular. Näge Asly han:

– Kerem jan, imdi meni murahhas kyl, gideýin. Mebada atam-enem bu işden bahabar olsalar, maňa azar bererler – diýdi. Asly han ýola düşüp, gitmekçi boldy. Kerem bitakat bolup, birniçe gazal diýdi:

Agalar, ýardan aýrylmak,
Görüň, ne ýaman bolarmyş.
Söwdüginden aýra düşen,
Ölse biiman bolarmyş.

Ak ýüzi birlen synasy,
Täze[33] çykmyş şa mämesi,
Synalary gyz synasy,
Hastaga derman bolarmyş.

Kerem diýer, bizar eýlär[35],
Derdim sorma, azar eýlär,
Elim ýazar, dilim saýrar,
Ahyr jandan aýrylarmyş.

Elkyssa, şazada Kerem bu gazaly aýdandan soň, Asly han:

– Kerem jan, sen gelende heniz gün bar idi. Häl-ä gijeden bir gadar geçipdir, meni murahhas kyl! Eger aman bolsam, ýene geler men. Eger atam bilse, älemni harap eder – diýdi.

Elkyssa, Asly han gitmeli boldy. Keremniň gözi Asly hanyň ala gözüne düşüp, zar-zar ýyglap, bir gazal aýtdy:

Geldi mundan ýol eýledi,
Seniň gözleriň, gözleriň!

Satyp meni gul eýledi,
Seniň gözleriň, gözleriň[36]!

Seniň gözleriň al eýlär,
Meniň köňlüm hyýal eýlär,
Ahyr meni abdal eýlär,
Seniň gözleriň, gözleriň!

Ýüzüň[37] dal gamyşa meňzär,
Göwsüň ak kümüşe meňzär,
Bihablyk çekmişe meňzär[38],
Asly han seniň gözleriň!

Seniň gözleriň aladyr,
Meniň janyma beladyr,
Ahyr ki janym aladyr,
Seniň gözleriň, gözleriň!

Ýüzüň ýaz döwrüne meňzär,
Aýyň on dördüne[39] meňzär,
Bir algyr laçyna meňzär,
Seniň gözleriň, gözleriň!

Aýa meňzär, maha meňzär,
Aby-rowan suwa meňzär,
Ýaňy dogan güne meňzär,
Seniň gözleriň, gözleriň!

Dag başynda çeşme olur,
Akyp gözýaşym sil olur,

Ahyr Keremni öldürer,
Seniň gözleriň, gözleriň[40]!

Elkyssa, Asly han bilen Keremniň muhabbetleri joşa gelip, biri-biriniň ýüzünden öpüp, gol-boýun saldylar. Ahyr Kerem Asly hana rugsat berdi. Asly han murahhas bolup, öýe geldi. Gördi ki, çyralary ýanar. Öýge dahyl bolanda, ene-atasy her haýsysy bir taýak göterip, Asly hany urdular, tä inki bihuş boldy. Huşuna gelenden soňra atasy:

– Eý, saçy kesilen, seniň eliňden mal-mülki, hyşy-akrabany terk edip, derbeder boldum. Heniz hem asuda goýmar sen! – diýdi.

Ol sagat Keremniň beren atyny getirip, gijäniň ýarysynda gaçdylar. Imdi habary Keremden eşidiň!

Kerem şol gije ýatmady. Subhy-dem gözleri ukuda erdi. Bitakat bolup, dosty birle bir öýge gelip, öý eýesi hatyndan sorady. Ol:

– Imdi Gara Melek diýen adam gijäniň ýarysynda gyzy birle gaçdy – diýdi.

Kerem bu sözi eşidip, dünýä nazaryna tire-u tar olup, gözünden ýaş döküp bir gazal diýdi.

Genje-Garabagdan söwdüm bir gözel,
Bal döküler, dodagyndan tiline.
Leblerinden bir keleme söz aýtsa,
Bal döküler dodagyndan tiline[41].

Dodagynyň gaýmagy bar, aly bar[42],
Emmek üçin lebleriniň baly bar,
Her ýaňakda bir mugteber haly bar[43],
Haly deger çar köşäniň malyna.

Arz edeýin, meniň ýarym nijedir,
Ýüzi gül dek, bili gyldan inçedir,
Ak synada mämeleri gunçadyr,
Deger gunça müň jennetiň bagyna[44].

Galam bilen çekilipdir gaşlary,
Hünji-sadap düzülipdir dişleri,
Her tarapda dokuz örüm saçlary,
Ýuwaş-ýuwaş deger ýaryň biline.

Men Mahmydam, Kerem goýdy adymy,
Bu watanda kişi bilmez dadymy,
Bir garrydan habar aldym ýarymy,
Diýdi, Aslyň gitdi Baýat iline.

Elkyssa, Kerem bu sözleri diýensoň, galanyň ähli adamlarynyň ýürekleri ýanyp, efsus çekdiler. Birniçe günden soň Kerem tetärik harjyny tutup, ýolga rowana boldular. Kerem dosty birle giribersin. Gara Melekden söz eşidiň!

Gara Melek üç gije-gündiz ylgaw edip, bir daga ýetdi. Dagyň üstünde bir neper çopan duçar boldy. Çopanyň gözi Asly hana düşüp, ýüz köňül birle aşyk bolup, Gara Melekni öldürmek isledi. Gara Melek:

– Eý, gardaş, bizi öldürme, ýüz tümen birle bu jereni saňa bereýin. Bu nyşan bilen bir juwan yzdan geler. Bu gyz onuň söwer ýarydyr. Her wagt bu ýere gelse, ol bu jereni tanar. Sen gapyl edip, ony urup öldürgil, ol wagt bu gyzy saňa berer men – diýdi.

Çopan kabul kylyp, jereni saklap, ýoluň kenarynda durdy. Üç günden soň, Kerem dosty birle ol ýere gelip, gözi Asly hanyň jerenine düşüp, «ah» çekip, bir gazal diýdi:

Eý, agalar, gelene-u gidene,
Asly hanyň jerenidir, bu jeren,
Kerem[45] gurban olsun ýary görene,
Asly hanyň jerenidir, bu jeren.

Gara-gara gözlerimi oýduran[46],
Hanjar alyp, bagrym, başyn dildiren,
Ýüwrük[47] atym, algyr bazym galdyran,
Meniň ýarym jerenidir, bu jeren.

Semer[48] kimi ýüzi, piste dodagy,
Ak synasy erer jennetiň bagy,
Hazan urup güli soldurdy bagy,
Asly hanyň jerenidir, bu jeren[49],

Saýýat olup, dagy-daşy awlaram,
Girsem yşkyň derýasyna boýlaram,
Men Keremem, «Asly» diýip söýlärem,
Asly hanyň jerenidir, bu jeren.

Elkyssa, Kerem bu sözleri diýenden soň, çopan bildi ki, bu Keremdir. Näge gapyldan bir taýak alyp, Keremniň başyna urdy. Kerem atdan ýykyldy. Çopan pursat tapyp, Keremniň başyny kesmäge amada boldy. Nägehan dosty bu bolşy görüp:

– Eý, namart, bu Zyýat şanyň ogludyr! – diýdi.

Çopan haýdan-haý turup, Keremniň aýagyna ýykylyp, uzur istedi we arz edip: «Eý, şazada, meniň tagsyrymy geç! Men öz gardaşlarymy öldürip, bu welaýatga gaçyp gelip erdim. Bir ermeni öz gyzy bilen bu ýerden geçdi, bu jeren onuňkydyr. Ol gyzyny maňa ykrar edip, sizi «öldür» diýdi. Alhamdulylla, siz biziň patyşamyzsyňyz! Olar Baýat iline gitdiler» diýdi. Kerem: «Seniň

tagsyryňy geçdim» diýip, Gara Melek birlen bolan ahwalatlaryny ýazyp, çopana berdi we: «Welaýata bar. Bu haty Zyýat şaga ber, günähiňi geçer» diýdi. Onda çopan bir gazal aýtdy:

Geldi, geçdi mundan niçe ermeni,
Kerem, ýaryň gitdi Baýat iline.
Bir gyz gördüm, gyzyl gülüň harmany,
Kerem, Aslyň gitdi Baýat iline.

Ýaş ýerine ganlar gitdi gözünde,
Syýa zülpi halka-halka ýüzünde,
Ýaryň gördüm, gözi galmyş yzynda,
Kerem, Aslyň gitdi Baýat iline.

Beýle gözel gelmäýipdir[50] jahana,
Rakyplary duçar bolsun ýamana,
Kirpigi ok, gaşy meňzär kemana,
Kerem, Aslyň gitdi Baýat iline.

Çopan diýer, Gara Melek söýledi,
Asly hany maňa ykrar eýledi,
Seni öldürmegi menden diledi,
Kerem, Aslyň gitdi Baýat iline.

Elkyssa, Kerem niçe gün atly ýol ýöredi. Näge suwara altynpoş bezelen bir bölek atly göründi ki, tamam özleri we atlary başdanaýak göwhere düzülgi erdi. Kerem olary görüp, derdi joşa gelip, bir gazal diýdi:

Atlaryn bezedip gelen beglerim,
Töwrizden bir bölek sona geldimi?

Jygalary tel-tel, gözleri mestan,
Töwrizden bir bölek sona geldimi[51]?

Baharynda bilbil üçin gül aglar,
Açylar läleler, sebz olar baglar,
Ýar-ýardan aýrylsa, ölinçä aglar,
Töwrizden bir bölek sona geldimi?

Töwriziň dört ýany ýoldur, bulakdyr,
Üstümizde durgan çarhy-pelekdir,
Atasy gürjüdir, gyzy melekdir,
Töwrizden bir bölek sona geldimi?

Bilbiliň kastydyr güle ýetmäge,
Bagbanyň kastydyr ony tutmaga,
Jan Töwrizden çykyp, seýran etmäge,
Töwrizden bir bölek sona geldimi?

Şazada Kerem diýr, meniň tilimde,
Üç nur doga bardyr, meniň golumda,
Bir gözel söýmüşem Baýat ilinde,
Töwrizden bir bölek sona geldimi?

Elkyssa, Kerem bu sözleri diýenden soň, atlylar bildiler ki, bu juwan aşykdyr. Olar: «Eý, gardaş, bir ermeni göç bilen mundan geçip gitdi» diýdiler. Kerem bu sözi eşidende, zar-zar aglap, bir gazal aýtdy.

Göçüp-göçüp söwer ýardan aýryldym,
Görse rakyp häzir beter joş bolsun.

Aýra düşüp, bir gül kimin ýarymdan[52],
Goý, aglasyn, gözlerinde ýaş bolsun.

Ýarym oýnar sadranjyny, nerdini,
Aşyk bolan çeker magşuk derdini,
Bizem çekdik şol dildaryň[53] derdini,
O-da gelip, meniň bilen hoş bolsun.

Saraýa çykypdyr bir ýaşylbaşly,
Ýakada düwmesi, gymmatly daşly,
Bir ýar üçin daýym gözleri ýaşly,
Goý, aglasyn, düwün üste baş bolsun.

Ýuwaş-ýuwaş ýar ýanyna bardygym,
Gol uzadyp gunça-gülün tirdigim,
Söýüp-söýüp ýar goýnuna girdigim,
Gündiz hyýallarym, gije düýş bolsun.

Men Keremem, düşüp tagtyň känine,
Her kes kaýyl bolsa, geler ýanyna,
Şeýda bilbil gonup söwer gülüne,
Bir «ah» ursam, daglar başy gyş bolsun.

Elkyssa, Kerem olardan aýrylyp gitdi. Gel, indi habary Gara Melekden eşidiň!

Birniçe günden soň, Gara Melek bir obanyň üstünden baryp, bir garrynyň öýüne myhman boldy. Şol garrynyň bir gelni bar erdi. Ady Asly han erdi. Allatagalanyň gudraty bilen olaryň ikisi hem bir almany iki bölen ýalydylar, hiç kim parh edebilmezdi. Keremniň Asly hany ol gelne bir nyşan berip: «Eý, bajy, yzdan bir juwan geler. Ol meniň ýarymdyr. Sen oňa:

«Seniň Asly hanyňy gözi ýaşly, ýüz hasrat bilen alyp gitdiler. Onuň gözi seniň ýoluňda galdy» diý we bu desmaly oňa berer sen» diýdi. Elgaraz, şol gije galyp, erte biri-biri birle wadaglaşyp gitdiler.

Imdi sözi Keremden eşidiň!

Kerem birniçe günden soň, şol öýe ýetişdi we gözi Asly hana düşüp, çadyrynyň gapysyna gelip, sazyny goluna aldy[54].

Şol pursat Asly han hem tomaşaga çykdy. Emma onuň zalym gaýnenesi gelip, bir muşt urup, ony alyp gitdi. Kerem jan «ah» çekip, bir gazal diýdi:

Asly hana diýiň, bir bäri baksyn,
Men Aslyny görmeklige gelmişem.
Öýden çykyp ýaýlagyna ýörüsin,
Arzy-halyn sormaklyga gelmişem.

Öýden çykyp, jilwe bersin özüne,
Gara sürme çeksin ala[55] gözüne,
Aslyny men görsem, diýr men özüne,
Jogabyny bermeklige gelmişem.

Gurban olam ýaryň şirin tiline,
Guşak[56] kimin çyrmaşsadym biline,
Gol uzadyp, ýaryň gunça-gülüne,
Gunça gülün tirmeklige gelmişem.

Kerem aýdar, bir ýar üçin güzerem[57],
Galam alyp elip kaddyn ýazaram,
Ýedi ýyldyr, «Asly» diýip gezerem[58,]
Şol Aslyny görmeklige gelmişem.

Elkyssa, Kerem bu sözleri diýenden soň, Asly hanyň kowumdaşlarynyň her biri taýak alyp, Keremni şeýle urdular ki, Kerem bihuş bolup ýykyldy. Bu ýerde Asly han ýüwrüp geldi we:

– Eý, bimürewwetler, bu biçärä neçün munça azar berersiz? Bu ýerde gelen ol myhman kişiniň hem gyzynyň ady Asly handy. Ol maňa bir desmal nyşan berip: «Meniň ýarym yzymdan geler, muny oňa ber» diýip erdi. «Eý, zalymlar, bu bigänedir, Alla sizden razy bolmaz» – diýdi.

Olar bu sözi eşidip, Keremniň aýagyna ýykylyp:

– Eý, şazada, biziň tagsyrymyzy geçgil! Sizi bigünä urduk! – diýdiler.

Şazada gorkusyndan: «Ýene urmasynlar» diýip, günälerini geçdi. Asly han desmaly berdi, Keremiň desmala gözi düşüp, taýaklaryň azaryndan, Asly hanyň pyrakyndan joşa gelip, derdi artyp, zar-zar aglap, bir gazal diýdi:

Eý, agalar, ýar didary,
Görüň, ne tupan eýlemiş!
Gije-gündiz ahy-zary,
Başymy weýran eýlemiş!

Ýedi ýyldyr men awara,
Özümi saldym bazara,
Ýetebilmedim şol ýara,
Gör, ahyrzaman eýlemiş[59]!

Bir gün ýolum rakyp aldy,
Şum başyma gara saldy,
Nadan adam daşym aldy,
Gözüm ýaşyn gan eýlemiş!

Görüň, meniň gara bagtym,
Bir ýar üçin oda ýandym,
Asly üçin täji-tagtym,
Görüň, ne weýran eýlemiş!

Bahara saldym gyşymny,
Görüň, zamana işini,
Keremniň azyz başyny,
Görüň, ne azar eýlemiş!

Elkyssa, olar ýüz minnet ile Keremniň köňlüni alyp, ýaralaryna derman etdiler.

Imdi sözi Gara Melekden eşidiň!

Gara Melek birniçe gün gidip, bir welaýatga ýetişdi. Kazaýe-rozugär, şol welaýatnyň häkimi şähere çykyp, biri-birine duçar boldular. Gara Melek: «Bulardan habar almak gerek» diýip, olardan:

– Bu şejagatly ýigit kimdir? – diýip sorady. Olar:

– Bu ýurduň häkimidir, Mahmyt handyr – diýip, jogap berdiler.

Näge Mahmyt hanyň gözi Asly hana düşüp, ýüz köňül bilen oňa aşyk boldy. Ol Gara Melekden:

– Ne ýerli sen? – diýip sorady.

Gara Melek başdan geçgenini bir-bir beýan etdi. Mahmyt han hoşhal bolup, Gara Melek bilen şäherge dahyl bolup ýetişdi. Gara Melege jaý taýyn etdi, yzzat we ikram etdi. Ondan soňra hat gönderip, Asly hany talap kyldy. Gara Melek hem jogap berdi. Mahmyt han öz welaýatynyň adamlaryny, saz we nowazandalaryny häzir kylyp, toý tutdy.

Imdi sözi Keremden eşidiň! Kerem birniçe günden soň, ýaralary ýagşy bolup, ýola düşdi we şol jaýga ýetişip gördi ki, toý we tomaşadyr. Olar bir adamdan:

– Bu ne toýdur? – diýip soradylar.

Ol adam:

– Bir ermeni bu welaýata gelipdir. Onun gyzyny Mahmyt han alypdyr, bu toý onuň toýudyr – diýdi.

Kerem bu sözi eşidip, bir «ah» çekdi, dünýä başyna dar boldy. Şol sagat özüni toýhanaga ýetirip, gördi ki, tambur owazy geler erdi. Tamburçy bagşy tamburyndan ýagşy saz çalar erdi. Onuň ady Aly bagşy erdi. Kerem onuň ýanynda oturyp, gözünden ýaş döküp, jigerinden «ah» çekip, bir gazal aýtdy:

Şikaýat eýlärem, köne zamandan,
Neýlemişem, pelek maňa ýar olmaz.
Gam iýme, daralma[60], diwana köňül!
Hemişe rozugär beýle har olmaz.

Diwanalar mesgen gurar howaýa,
Saýat bolsaň, tuýgun uçar howaýa,
Gulluk eýle, bir ähli-dil agaýa,
Gulluk etmek ýigitlere ar olmaz.

Magşar bolsa, nykap ýüzden götermez,
Mert bolanlar akyl-pähmin ýitirmez,
Köňlüne ýaryndan zowal getirmez,
Hemme dagyň degresinde gar olmaz.

Garadyr gaşlary, şirindir tili,
Pygan eýlär biziň bagyň bilbili,

Ne sowsandyr teli, nedir sünbüli,
Hemme gülüň etrabynda har olmaz.

Däde Kerem diýer, Alla, ýary gör,
Lybasyn ogşadyp, berhle-nary gör[61],
Aşyk Aly, birniçe beýt aýdagör,
Beýle bagda özge bilbil ýar olmaz.

Elkyssa, Keremniň bu gazalyna tamam halk guruh-guruh bolup, onuň degresine ýygnanyşdy. Ondan soň Mahmyt han Keremni huzuryna çagyryp:

– Eý, bagşy, birniçe beýt meniň üçin aýtgyl! – diýdi.

Kerem iki dyzyny ýere urup, bilbili-şeýda dek bir gazal aýtdy:

Eşitgil, Mahmyt han, meniň arzymny[62],
El götergil, näzli ýarymdan meniň!
Bir «ah» ursam, älem ýanar oduma[63],
El götergil, näzli ýarymdan meniň!

Agşam bolar gün çekiler mazaga,
Kadyr Alla meni goýmuş jezaga,
Tabşyrar men agam Ymam Ryzaga,
Her kes alsa ýarym elimden meniň!

Söwdalar salypdyr belaga başym[64],
Näler şum söwdaga düşüpdir işim[65],
Kaýda gidem, ýokdur, barça syrdaşym[66],
Belki, ynjaýypdyr, tilimden meniň!

Meniň welaýatym, sorsaň Turandyr.
Kadyr Alla dilegimi berendir,
Kerem aýdar, köňül şähri weýrandyr,
Ol näzli gidipdir elimden meniň[67]!

Elkyssa, Kerem bu sözleri diýenden soň, Mahmyt han bildi ki, bu Aslynyň ýarydyr. Mahmyt han Keremniň aýagyna ýykylyp, arz kyldy:

– Eý, şazada, bagyşla, tanamadym. Häli, bu toý siziňki bolsun!

Sazandalara hem aýtdy ki:

– Bu eşret-şady şazada Keremiňki bolsun!

Elkyssa, Gara Melek bu işden ägä bolup, gijäniň ýarysynda gyzyny alyp gaçyp, gije-gündiz ýol ýöräp, bir gowaga ýetişdi.

Imdi sözi Mahmyt handan eşidiň! Mahmyt han üç günden soň habardar bolup, nökerlerini häzirläp: «Pälwanlar ylgar alyp, baryp bu namardyň el-aýagyny baglap getirsinler!» diýip, buýruk berdi.

Elkyssa, birniçe atly gidip, Gara Melekden derek tapman, gaýdyp geldiler. Şazada bitakat bolup, özi gitmekçi boldy. Mahmyt han: «Özüm sypah birle her jaýda bolsa, ony ýaryň bilen tutup getireýin!» diýip, nägadar iltimas etse hem, Kerem kabul etmedi.

Ol ýol şaýyny tutup, ýola düşüp, menzil we menazyl taý kylyp, bir öýge ýetişdi. Emma öýde hiç kim Keremge iltimas etmedi. Şol wagt Keremniň gözi bir aksakgal adama düşüp, bir gazal aýtdy:

Agalar, bir ýar ýitirdim,
Begler, siz görmediňizmi?

Ala garly, boz dumanly,
Daglar, siz görmediňizmi?

Sona kimin seýran eden,
Aşyklary haýran eden,
Sallana-sallana giden,
Ýollar, siz görmediňizmi?

Lebleriniň bardyr baly,
Aýdyr ýüzleriniň haly,
Ýaşylbaşa, sona taýly,
Köller, siz görmediňizmi?

Ady Aslydyr bilene,
Jereni meňzär jerene,
Goýny jennetdir girene[68],
Çöller, siz görmediňizmi?

Diýer Kerem, janym tekin,
Ol kesipdir ganym tekin,
Ýar edipdir munuň tekin,
Begler, siz görmediňizmi?

Elkyssa, ol kethuda aýtdy:

– Eý, şazada, iki gün bolupdyr, bir ermeni göç birle mundan geçdi. Siz munda duruň, biz gidip, nirde bolsa, getirermiz!

Elkyssa, birniçe adam gidip, niçe gün kowup, olaryň yzyndan ýetebilmediler, gaýdyp geldiler. Şazada Kerem lälesi bilen ýola düşdi. Kethuda:

– Eý, şazada, pylan jaýda meniň iki gardaşym bardyr. Şaýat ki, olar alaç kylsa – diýdi.

Ondan soň, Kerem gije-gündiz at sürüp, kethudanyň gardaşlaryna ýetişdi. Olar çoh ikram edip:

– Eý, şazada, biziň bir aýal doganymyz bar ki, ol husny-jemalda Asly handan hem ýagşydyr. Sen ony kenizlige kabul edip, bu bäş gün jahanda döwran sürgül, zerreçe ähtibary ýokdur – diýdiler.

Şazada Kerem:

– Wah, men öz ýarymdan hiç el çekip bilmerin! – diýip, bir gazal aýtdy:

Gurban olam ýary dogran enäge,
Men-de gidip, şol Merýeme ýalbaram.
Söwdüripdir onuň kimin sonaga,
Men-de gidip, şol Käbäge ýalbaram.

Gurban olam başyndaky şalyga,
Ýaňaklary meňzär gyzyl almaga,
Çoh diýdiler: «Ýaryň gitdi Käbäge»,
Men-de gidip, şol Käbäge ýalbaram.

Buýurar siz: «Gel gideli menzile»,
Bilbil kimin men aşygam bir güle,
Her kim gitsin, jaýy-mekan, menzile,
Men-de gidip, şol menzile ýalbaram.

Gurban olam başyndaky tirmäge,
Belki gidem, men ýarymy görmäge,
Pakyp goýmaz, bizi döwran sürmäge,
Men-de gidip, şol Merýeme ýalbaram.

Aýdar Kerem, men naçaram, men naçar,
Ýar dügünin aryf örter, ýar açar,
Gözüm ýaşy akyp, sillerden geçer,
Ahyr gidip, şol ýaryma ýalbaram.

Elkyssa, Kerem daga ýapyşyp, birniçe wagt gitdiler[69].

Günlerde bir gün, lalasy bir «ah» çekip:

– Eý, aga jan, razy bol! – diýdi. Şazada Kerem:

– Saňa ne boldy? – diýdi. Emma lalasy jogap berebilmedi.

Elgaraz, şol hassalyk lalasyny bitakat kyldy, mejaly bolmady, ahyr dünýäýi-panydan dünýäýi-bakyga ryhlat kyldy. Şazada haýran bolup, pelekden şikaýat edip, bir gazal diýdi:

Bu ne iş erdi ki, pelek, gör sen bidat eýlediň,
Lalamy öldüriban, başymga tupan eýlediň.
Bu ne iş erdi ki, kyldyň meni, haýran eýlediň,
Neýlerem, şunça eliňden dady-bidat eýlediň!

Ýokdyp çäre, galmyşam tenha-ýu, sergezdany-har,
Lalamy öldüriban sen, bizi kyldyň dilefgär.
Çün beýawanda galyp men, ýokdy bir dem rahy-güzer,
Neýlerem, eý bagty talyg, munça haýran eýlediň[70]!

Çarhy-bet reftarlary, senden olmuşam syna çäk,
Ähtibaryň ýok seniň ki, lalami[71] kyldyň heläk...
Ýokdur hiç kes, üstüne döksün onuň bir zerre häk,
Neýlerem, eý bagty talyg, munça azar eýlediň!

Derdi biderman ýolukdy, bermedi bir dem aman,
Aldy janyň melekil-möwt, bolmady ýyly iman...

Galmyşam haýrany-sergezdan bu çölde, bu zaman,
Neýlerem, eý bagty talyg, munça haýran eýlediň!

Şahyzada Mahmydam, çün adymy goýdum Kerem,
Dergahiga ýüz tutup, ýaryň wysalyn[72] isterem,
Günbe-gün ýeter maňa her dem birle ýüz dagy-gam,
Neýlerem, eý bagty-talyg, munça haýran eýlediň!

Elkyssa, Kerem lalasy üçin köp aglady. Dagyň düýbünde birniçe öýli bar erdi. Ondan birniçe adam gelip, Keremniň lalasyny depin etdiler. Şazada Keremni alyp öýe geldiler. Kerem şonda galyp, ýatyp, erte birlen bir adama üç ýüz tümen pul berip, özi birlen hemra kyldy. Ol ýeriň reýisi:

– Eý, şazada, zemistan wagtydyr, Arzyrum sowuk bolar, gitme, janyňa rehim kyl! – diýip, ne gadar nesihat kyldy, emma kabul kylmady.

Ol adam birle Kerem daga çykyp gitdiler. Nägehan şemal turdy. Ol adam:

– Gel, Kerem jan, gaýdaly! – diýdi.

Şazada Kerem razy bolmady. Ol adam yzyna gaýtdy. Kerem alaçsyz galyp, biraz ýöredi, şemal şitdet kylyp, gar çapgyn oldy. Kerem gördi ki, ýol iki bolup galyberdi. Ol ýoluň haýsy birine bararyny bilmän, bir gazal diýdi:

Arzyruma çykdym, ýol iki boldy,
Men şu ýoluň haýsy birne baraýyn?!
Akyp gözüm ýaşy sil kimin boldy,
Men şu ýoluň haýsy birne baraýyn?!

Asly han gädikden ýolun salypdyr,
Saralyban gül dek reňgi solupdyr,

Üç ýüz tümen belet menden alypdyr,
Men şu ýoluň haýsy birne baraýyn[73]?!

Duman gelip gondy, çaýly billere,
Gözümden ýaş akyp, döndi sillere,
Ahyrynda düşdüm garyp illere,
Men şu ýoluň haýsy birne baraýyn[74]?!

Asly hanyň derdi jandan galaba,
Bu dünýä galmady hiç mal talaba,
Biri Şama gider, biri Halaba,
Men şu ýoluň haýsy birne baraýyn?!

Bir gül idim, Zyýat şanyň bagynda,
Açylardym hem sagynda, solunda,
Kerem galdy Arzyrumyň dagynda,
Men şu ýoluň haýsy birne baraýyn?!

Elkyssa, Kerem herne gitdigiçe sowuk we gar artyk boldy. Ol iki ýoluň birini tutup gidiberdi. Näge el-aýagyny sowuk alyp, gidebilmedi. Ol ýüzüni kyblaga tutup, nefrin eýläp, zar-zar aglap, bir gazal diýdi:

Hemme[75] dagdan belent Arzyrum dagy,
Iki sona gördüm uçdy kölünden.
Agzym açyp imdi nefrin[76] eýlärem.
Herne diýsem kabul bolar dilimden.

Gögermesin, hiç başyňda çeçekler,
Hiç bolmasyn, damanynda ahuwlar,

Ýoluňny baglasyn, ol haramylar,
Kerwenleri hiç geçmesin ýoluňdan.

Dört döwrüňde ter benewşe bişmesin,
Hemişe gyş bolup, bahar geçmesin,
Kölgelenip mazarlaryň ýatmasyn,
Hem uçmasyn, sonalaryň kölünden.

Duman gelip dag başynda ýörisin,
Tegerk[77] ýagyp, şol garlaryň erisin,
Çaýlar joş eýleýip, suwlar ýörisin,
Bakjalary gark eýlesin siliňden.

Duman kimin dag başynda duraram,
Argaly[78] guzy dek dagda mälärem,
Men Keremem, Asly diýbän gezerem[79],
Imdi galdym Arzyrumyň dagynda.

Elkyssa, şazada Kerem gördi ki, sagatba-sagat gar çapgyny tupan oldy, gözi görmedi, aty hem reftardan galdy. Şazada Kerem atynyň üstünden juluny alyp, özüne çolady we atyny mäkäm baglap, ýüzüni kyblaga tutup, Allatagaladan pena diläp, birniçe gazal aýtdy:

Arzyruma gitdigimde azaşdym.
Çagyrar men, Kadyr Alla, aman heý!
Bir ýanymdan çapgyn edip ýel alsa,
Bir ýanymdan duman tutmuş, aman heý!

Sowuk aldy aýagymy, elimi,
Garaňkydyr tapabilmen ýolumy,

Men özüme ýakyn etdim ölümi,
Saglygyma güman etdim, aman heý!

Bu ne işdir, gelip meniň başyma,
Gabha pelek awy goşdy aşyma,
Ajal guşy gondy bu gün başyma,
Güman ýetmez saglygyma, aman heý!

Bar iläha, garyplykda öler men,
Dost-duşmanyň tagnasyna galar men,
Ýakyn boldy, men bisebäp öler men,
Men ölemde maňa gardaş, aman heý!

Arzyruma gitdigimde azaşdym,
Sag-salamat menzilime düşeýdim,
Hak ýolunda üç aý roza tutaýdym,
Kabul bolsun, dergahyna, aman heý!

Ýigit gerek, meýdanda at oýnada,
Aşyk oldur, gazan kimin gaýnada[80],
Kerem aýdar, hiç kes galmaz dünýäde[81],
Bir görseýdim, Asly hany aman heý[82]!

Elkyssa, o gadar çapgyn boldy ki, Kerem ir ygwa bolup, garyň astynda galdy, Alla saklasyn!

Imdi sözi Rum welaýatyndan eşidiň!

Bir hoja bezirgen Eýrana gider erdi. Şol jaýa ýetende çapgyn boldy. Ol özüni bir magara atdy. Nökerleri kürek birlen magaranyň işigini açyp, tamam ýüklerini düýeler birle magara saldylar. Şol gije, tä, sähere çenli gar çapgyn boldy. Näge säher howa açylyp, göýä apy-tap howada peýda boldy. Hoja bezirgen

adamlaryna «odun ýygyň» diýdi. Nökerleriniň her biri bir ýana çykdylar. Näge bir nefer adam gördi ki, bir näzenin juwan garyň astynda ýatar erdi. Ol ony arkasyna alyp magara getirdi. Hoja gördi ki, ajap juwan, ýüzünde asry-saltanet bardy. Ondan soň, bir adam ot ýakyp, Keremniň bogazyna çorba guýdy. Şazada huşuna geldi. Hoja:

– Buýurgyl, eý ýigit, haýsy bagyň bilbili sen, haýsy çemeniň güli sen, bu ýere düşüp, beýle dertge mübtela sen? – diýip, Keremden sorady.

Kerem jogap bermedi, gözi bir näzenin sonaga düşüp, derdi tugýan kylyp, bir gazal diýdi:

Sallanyban gider döwlethanadan,
Han bezirgen, giden sona kimiňdir?
Ajap edep alyp, ata-eneden,
Han bezirgen, giden sona kimiňdir?

Ak gollary boýalypdyr hynaga,
Saba-saba zülpün döker şanaga,
Biri tawus, biri meňzär sonaga[83],
Han bezirgen, giden sona kimiňdir?

Dodaklarnyň gaýmagy bar, baly bar,
Aşyklaryň jan almaga haly bar,
Ne hüýrlerde, ne melekde taýy bar,
Han bezirgen, giden sona kimiňdir?.

Melek bolsa, bermen ýüz-müň melege,
Söwdügim başyny salmyş pelege,
Ýerde hüýre meňzär, gökde melege,
Han bezirgen, giden sona kimiňdir?

Kerem diýer, men geçmişem janymdan,
Malymdan, mülkümden, hanymanymdan,
Hojam, bir habar ber, Asly hanymdan,
Han bezirgen, giden sona kimiňdir?

Elkyssa, Kerem bu sözi diýende, hojaň gahary gelip:
– Ajap bir diwana sen! Eý, ýigit, şa we gedanyň abraýy birdir. Maňa näme jogap berer sen! – diýdi.
Kerem:
– Eý, hoja, bu gelinden habar bergil, bu kimiň söwgülisidir? – diýdi.
Bezirgen:
– Eý, diwana oglan, bu meniň söwgülimdir, emma sen asly we nesebiňi beýan kyl! – diýdi.
Kerem:
– Eý, hoja, men Zyýat şanyň ogludyr men. Gara Melekniň gyzyna aşyk bolup, bu jaýa gelmişem – diýdi.
Erse, hoja bezirgen ýerinden turup, Keremniň aýagyna ýykylyp:
– Eý, şazada, tagsyrymny geçgil, imdi tanadym – diýdi.
Erse, hoja bezirgen Keremni öz welaýatyga getirmekçi bolup, ne gadar pent we nesihat etdi. Şazada kabul kylmady. Hoja bezirgen adamlaryna yşarat kylyp, Keremniň el we aýagyny baglap, bir düýäniň üstünde jaý berdiler. Kerem alaçsyz galyp, ýüzüni welaýatyga garatyp, bir gazal aýtdy:

Eý, agalar, Asly hanyň derdinden,
Hemme daglar, eşidiňler sözümni!
Bar iläha, lutfy-kerem eýlegil,
Watan sary gönderdiler ýüzümni!

Harap bolsun beýle çarhy zamana,
Bary daglar gark bolupdyr dumana,
Ýedi ýyldyr, kapyr gelmez imana[84],
On bir ýyldyr men sanaram günümni!

Gorkym budur, hata çyksyn tilimden,
El üzmüşem, memleketden[85], ilimden,
Ol gören beglerim gitdi golumdan,
Şondan ötri şat etmişem düýnümni!

Her ülkäge baryp, göçdi diýdiler,
Göçüp, garly dagdan aşdy diýdiler,
Meniň ýarym nara alyp gaçdylar,
Alabilmen ellerinden sonamny[86]!

Kerem diýer, uzak ýoldan geler men,
Başym ýetse, Ýaradany biler men[87],
Ölsem eger, men bisahyp öler men,
Kyýamatda senden alam ganymny!

Elkyssa, bezirgen Keremiň bu sözini eşidip, çoh pikir edip, öz-özüne: «Eý, hoja, bu aşyky-päkdir. Niçe ýyldyr Töwrizden çykyp, tä inki bu jaýa gelip, belki, sen dek ýüz adama duçar bolandyr. Hiç kes muňa manyg bolmandyr ki, sen manyg bolup sen. Elbetde, munuň ganyna galmagyl» diýdi.

Erse hoja:

– Eger aşyky-päk bolsaň, doga eýle ki, bu dag açylyp, ýol bersin, sizi azat kylaýyn! – diýdi.

Kerem:

– Siz golumy açyň! – diýdi.

Erse olar Keremniň gollaryny açdylar. Kerem sazyny goluna alyp, bir gazal aýtdy:

Ala gar ýassanyp ýatma,
Gelen kerwen ýolun tutma!
Beýle namartçylyk etme,
Bir ýol ber, aşalyň daglar!

Seniň akja garyň bardyr,
Meniň ahy-zarym bardyr,
Uzak ýerde ýarym bardyr,
Bir ýol ber, aşalyň, daglar!

Iltimasym kabul eýle,
Meniň derdim köp ezelde,
Kadyr Allah, alaç eýle,
Bir ýol ber, aşalyň daglar[88]!

Bezirgeni gel, şat eýle,
Ynsap eýle, sütemkäre,
Aç, daglary mürewwet ile.
Bir ýol ber, aşalyň daglar[89]!

Dereleň gyrmyzy olsun,
Jerenleriň hemraz olsun,
Nigärleriň döwriş olsun,
Kerem diýr, aşalyň, daglar!

Elkyssa, Kerem bu sözleri diýenden soň, Hudaýyň gudraty bilen bir gün boldy ki, bir sagatda ýollar açylyp, garlar tutuş eredi. Bezirgen Keremniň aýagyna ýykylyp:

– Eý, şazada, belli boldy ki, aşyky-päk sen, Alla ýaryň! – diýdi.

Erse, bezirgen Töwriz welaýatyga rowana boldy. Kerem hem dagdan aşyp gitdi we gördi ki, güller açylyp, bilbiller saýraşar erdi. Kerem:

– Eý, bilbil, sen güle aşyk bolsaň, menem Asly hana! – diýip, bir gazal aýtdy:

Sabada okygan bilbil,
Sen aglama, men aglaýyn!
Jigerim daglaýan bilbil,
Sen aglama, men aglaýyn!

Bilbilim söýüpdir sary,
Sen güli söýle, men ýary,
Sesiň geler, zary-zary,
Sen aglama, men aglaýyn[90]!

Bilbilim geýipdir gara,
Synamda goýupdyr ýara,
Sen güle muştak, men ýara,
Sen aglama, men aglaýyn!

Bilbilim geýipdir agy,
Synamda goýupdyr dagy,
Keremiň çeşmi-çyragy,
Söwdügim gara baglaýyn!

Elkyssa, Kerem dere bilen gidip erdi. Näge bir bölek atlyga ýoluganda olar tamam başdan-aýaga lagly-poşdular. Olaryň arasynda bir belent boýly gelin bardy ki, jemyg agzasy dür we

göwherdi. Kerem atyny öňe sürüp, bir garrydan sorap, birniçe gazal diýdi:

Geliban uçradym Rumuň göçüne,
Dadam, nirden aldyň bu ter gunçany?
Syýa zülpün üzüp saldy saçyna,
Dadam, nirden aldyň, bu ter gunçany?

Donuny ogşatdym tawus donuna,
Ata-ene girmiş onuň ganyna,
Maralyň guzusyn[91] almyş ýanyna,
Dadam, nirden aldyň, bu ter gunçany?

Näz ile gaňyrlyp dalyna bakar,
Gören aşyklary otlara ýakar,
Gamzasy jellatdyr, ganymy döker,
Dadam, nirden aldyň, bu ter gunçany?

Dolanyp yzymdan ýüzüme bakdy,
Husny-jemaly ile älemi ýakdy,
Silkinip Nowşirwan tagtyna çykdy,
Dadam, nirden aldyň, bu ter gunçany?,

Altyndan tahýany geýmiş başyna,
Gudrat galamyny çekmiş gaşyna,
Imdi gider on dört ýyla, ýaşyna,
Dadam, nirden aldyň, bu ter gunçany!

Däde Kerem diýer, gaşlary gara,
Bir derde uçradym, tapylmaz çäre,

Size beren Alla, bize-de bere,
Dadam, nirden aldyň, bu ter gunçany!

Elkyssa, şol garry:

– Balam, bu özge adamyň söwgülisidir. Seniň diýeniň özgedir – diýdi.

Gepiň gysgasy, Kerem gidip, şol gije bir magarada galdy. Kazaýy-kirdigär, Merýem şol gije düýş gördi ki, Kerem magaradadyr. Ol Gara Melek bilen Azrak Şebrunyň ýanyna gelip, oňa ýüz tümen berip: «Pylan magarada beýle bir juwan bardyr, ony öldürip, başyny bize getirseň, ýene ýüz tümen berermiz» diýdiler.

Azrak bu emre muştak bolup, şäherden çykyp gider erdi. Asly han bu işden habardar bolup, üç ýüz tümen alyp, Azragyň ýolundan çykyp:

– Eý, Azrak, dünýäde näme ýagşydyr? – diýdi.

Azrak:

– Iki köňli biri-birine ýetirmek – diýdi.

Asly han:

– Eý, gardaş, şol juwan meniň ýarymdyr. Ýedi ýyldyr ki, ol patyşalygyny terk edip, munda geler erdi. Sen ony öldürmäge gider sen. Gel, üç ýüz tümen menden al, bu ýoldan gaýtgyl! – diýdi.

Asly han gözden gaýyp boldy. Azrak ýene was-was kylyp, magara gitdi. Näge şazada Keremiň gözi Azraga düşüp:

– Eý, Azrak, meniň başymy almak üçin Gara Melekden ýüz tümen aldyň – diýdi.

Azrak haýran bolup, Keremniň aýagyna ýykylyp:

– Aga jan, sen aşyky-päk sen... – diýdi.

Kerem ýüz tümen bilen bir göwheri-şamçyragy Azraga berdi. Ikisi Azragyň menziline gitdiler. Azrak bir dest şahana

lybasyny alyp, Keremni hammama alyp bardy. Özlerine timar berip, köçe we bazarda gezer erdiler. Näge Gara Melekniň mähellesine ýetişip, gapysyna nyşan kylyp, menzilige gaýdyp geldiler. Kerem gijäniň ýarysynda turup gördi ki, nyşanlary yhtylap bolupdyr. Kerem haýran galdy. Emma Merýem gördi ki, gapysy nyşan olupdyr. Bildi ki, bu nyşan Keremiňkidir. Ol birniçe gapylaryny hem nyşan edip goýgan erdi.

Elkyssa, Kerem bir garryny tapyp, oňa başdanaýak hekaýasyny aýtdy. Ol garry Keremni öz menziline alyp gitdi. Kerem şol garryga ýüz eşrepi pul berdi. Ol garry Merýem bilen bajy bolup, biri-biri bilen köp muhabbet kylar erdiler. Näge bir ýasawul Hüňkäriň gyzynyň ýanyndan gelip:

– Hüňkäriň gyzy meni size iberdi ki, bu gije siz myhman bolmaly! – diýdi. Gara Melek bilen Merýem hoşhal boldular.

Şol wagt garry aýtdy:

– Meniň hem gyzym bar. Asly han bilen Sarygülüň ýanyna gitsin – diýdi.

Olar kabul kyldylar. Soňra garry gelip, wakany Kereme habar berdi ki, Kerem hoşhal bolup, bir dest lybasy-zenana geýip, kyrk gyz bilen çarbaga Sarygülüň ýanyna geldiler. Sarygülüň gözi Keremge düşüp ki, ol on tört gijelik aý kimin darahşandyr. Bir mahy roý ki, onuň ýaly dünýäge gelmegendir. Ol Asly handan sorady:

– Bu kimiň gyzydyr?

Asly han:

– Daýzamyň gyzydyr – diýdi.

Sarygül:

– Ady nämedir? – diýdi.

Asly han:

– Ady Keremdir – diýdi.

Sarygül:

– Heý, gyzyň ady hem Kerem bolarmy?

Asly han:

– Daýzamyň hiç perzendi bolmaz erdi. Oňa Hudaýyň nazary-keremi joşup, bir gyz berdi. Şondan ötri onuň adyny Kerem goýdular – diýdi.

Sarygül hoşhal bolup, Keremniň ýüz-gözünden öpüp:

– Bu gije bize saky bola siz – diýdi.

Şazada Kerem kabul etdi. Elkyssa, şol gije saky bolup, pyýala dolduryp, gyzlara berdi. Tä inki tamam gyzlar bihuş boldular.

Elkyssa, Kerem bilen Asly han mar kimin gollaryny biri-biriniň boýnuna salyp, dodak-dodaga goýup, iki aşyk we magşuk biri-birine çyrmaşyp ýatdylar. Kerem meýdany hylwat görüp, ýuwaş-ýuwaş bir gazal aýtdy:

Bir sözüm bar Asly hanyň şanyna,
Diýsem – öldürerler, diýmesem – ölem!
Kastym oldur – Asly hanyň goýnuna,
Girsem – öldürerler, girmesem – ölem!

Gamza humar berer gaş-u-gözünden,
Şähdi-şeker döker[92] şirin sözünden,
Gähi leblerinden, gähi tilinden,
Sorsam – öldürerler, sormasam – ölem!

Bir hylwatda tutam ýaryň goluny,
Gujaklasam anyň inçe bilini,
Agzyma salaýdym şirin tilini,
Emsem – öldürerler, emmesem – ölem[93]!

Men seni söýmüşem, jan bilen dilden,
Men seni söýmäge gorkaram ilden[94],
Hynaly barmakdan, hytaýy goldan,
Tutsam – öldürerler, tutmasam – ölem!

Eý, agalar, bakyň, pelek oýnuna,
Gyzyldan dakypdyr bukaw boýnuna,
Kerem diýer, Asly hanyň goýnuna,
Girsem – öldürerler, girmesem – ölem!

Elkyssa, Kerem bu sözleri diýenden soň, Sarygül onuň sesini eşidip geldi. Gördi ki, Kerem bilen Asly han gül dessesi kimin, biri-birine çyrmaşypdyr. Sarygül:

– Eý, bedasyllar, bu ne işdir ki, kylar siz? – diýdi.

Asly han ornundan turup, Sarygülüň golundan tutup:

– Bibi jan, birje aňlagyl! – diýdi.

Sarygül sukut kylyp durdy. Asly han ança başyndan geçgen zatlary bir-bir beýan etdi. Sarygül bu sözleri eşidip:

– Bildim ki, nämährem degildir, janyňa noş bolsun! – diýip, öz jaýyna gider boldy.

Kerem Sarygüliň köňlüni almak üçin bir gazal aýtdy:

Seýil ediban gelen bir bölek gyzdyr,
Içinde bir gyz bar, ady Sarygül!
El uzadyp, gunça gülün tirmäge,
Gorkym budur[95], jogap bersin Sarygül!

Öýlerniň ülkesi mermer gaýasy,
Tutupdyr älemi onuň saýasy,
Ermeni gyzynyň bardyr haýasy,
Ala gözli, inçe billi Sarygül!

Gözeller içinde belli gözel sen,
Gören aşyklaryň bagryn ezer sen,
Seýil bolup[96], ülke-ülke gezer sen,
Ala gözli, gunça dahan Sarygül!

Eline ýaraşar mynasyp gaşlar,
Biline dökülmiş hurmaýy saçlar,
Gözleri garadyr, hünjüdir dişler,
Ala gözli, inçe billi Sarygül!

Bahar bolup çaýlar sili bulanar,
Aşyk bolan magşugyna çolanar[97],
Däde Kerem, şol ýar üçin elener[98],
Ala gözli, inçe billi Sarygül!

Elkyssa, Sarygül bu sözleri eşidip, aşyk we magşuk zyýada olup: «Elbetde, Keremni Asly handan hem ýagşy görmek gerek» diýip, yzyna gaýdyp, olaryň ýanyna geldi. Kerem hoşhal bolup, ikisiniň şanyna bir gazal diýdi:

Bu gije düşmüşem jennet bagyna,
Sag elimde tugun, solumda tarlaň.
Bagban bolup, ikisiniň bagyna,
Bir elimde tugun, birinde tarlaň.

Ikisi gül kimin bir-birden gunça,
Ýüzleri almadyr, billeri inçe,
Leblerin emeýin, imdi doýynça,
Bir elimde tugun, birinde tarlaň.

Onbir ýyldyr çekdim jebri-jepany,
Asly handan gördüm mähri-wepany,
Sizler bilen sürdüm zowky-sapany,
Bir ýanymda tugun, bir ýanda tarlaň.

Birisi hüýrüdir, birisi peri,
Sarygüldir kyrk gyz içre serweri,
Asly handyr meniň gözümiň nury,
Sag elimde tugun, solumda tarlaň.

Kerem diýer, gyzyl gülüň gunçasy,
Rugsat bolsa, guçam biliň inçesi,
Synalar aklygy – peýnir külçesi,
Bir ýanymda tugun, bir ýanda tarlaň.

Elkyssa, Kerem tä sähere çenli Asly han bilen biri-birini guçup, öpüp, eşretge meşgul boldular. Emma Sarygül bir pikir kyldy: «Bu gyzlaryň arasynda biwähim eşret bolmaz». Ol ertesi gidip, çarbagyny Hüňkärden kyrk günlük diläp aldy. Ondan soň, şol üçüsi çarbagda gije-gündiz aýyş we eşret kyldylar. Bir gün Sarygül:

– Eý, Kerem jan, bir ap-täze galýan çekeliň! – diýdi.

Şazada galýan taýýarlap, dyzynyň üstünde goýmuş erdi. Nägehan gözi Sarygül bilen Asly hana düşdi. Galýan elinden düşüp, syndy. Asly han Kereme bakyp, gözlerini alartdy. Şazada utanyp, bir gazal aýtdy:

Gürji gyzy ne bakar sen galýana,
Galýan elden düşüp, syndy neýläýin?!
Galýanyň gymmaty gözüm üstüne,
Galýan elden düşüp, syndy neýläýin?!

Galýan diýer: meniň ýerim tekjedir,
Meni çeken mämeleri gunçadyr,
Boýy belent, bili gyldan inçedir,
Galýan elden düşüp, syndy neýläýin?!

Galýany almyşdym, dyzym üstüne,
Gözüm düşdi synalaryň kastyna,
Gymmaty ne bolsa – gözüm üstüne,
Galýan elden düşüp, syndy neýläýin?!

Imdi bahar bolar, jahan ýaz bolar,
Köllerimiz doly ördek-gaz bolar,
Özüň diýdiň, galýan suwy täz bolar,
Galýan elden düşüp, syndy neýläýin?!

Janym janyňyza rişe[99] – rişedir,
Aşyk bolmak gyz-oglana pişedir,
Kümüş degil, tylla degil, süýşedir,
Galýan elden düşüp, syndy neýläýin?!

Kerem diýer, şa gyzlaryna nökerem,
Her dem, her dem galýan suwun dökerem,
Galýanyň zähmetin özüm çekerem,
Galýan elden düşüp, syndy neýläýin[100]?!

Elkyssa, ol bu sözi diýenden soň, gyzlar «kah-kah» urup güldüler, emma Asly han gülmedi. Kerem hyýal etdi ki, Asly hanyň gahary geldi. Ol iki dyzynyň üstünde durup, Asly hanyň köňlüni almak üçin bir gazal aýtdy:

Näzenin senemler hata iş kyldym,
Aglatdym ýarymy, güldürebilmen.
Synasyn bal edip, gaýmak diledim,
Aglatdym ýarymy, güldürebilmen.

Teklip edip, akly-huşum ýitirdim,
Gonak eýleýiban töre geçirdim,
Jahyllyk ediban bir söz gaçyrdym,
Aglatdym ýarymy, güldürebilmen.

Geliban, gidiban ýolda duraýyn,
Gelenden, gidenden habar soraýyn,
Özüm eýlemişem, kimden göreýin,
Aglatdym ýarymy, güldürebilmen.

Biziň daglar uja, bulutdan aşmyş,
Çeşmeler gaýnaýyp, derýalar daşmyş,
Keýwany ibersem, ýarym danyşmyş,
Aglatdym ýarymy, güldürebilmen.

Ezel güni men çykmyşam bu raýa,
Okum syndy, peýkam saldy ýaraýa,
Kethuda keýwany salsam araýa,
Aglatdym ýarymy, güldürebilmen.

Arzyrumyň dagy hiç garsyz bolmaz,
Gyzyl gül degresi hiç harsyz bolmaz,
Däde Kerem diýer, hiç ýarsyz bolmaz,
Aglatdym ýarymy, güldürebilmen.

Elkyssa, bu sözleri diýenden soň, hemme gyzlar güldüler we Sarygül hem hoşhal boldy. Şazada Kerem we Sarygül bir nazar yhtyýat kylyp, ondan ötri ara Gurhan goýdular, kyrk gyz bilen «Bu iş paş bolmasyn» diýip, kasam ýat etdiler, hemmesi bu emre razy bolup, aýşy-eşretge meşgul boldular.

Emma birniçe günden soň, darganyň güzeri çarbaga düşüp, gördi ki, bir ýigidiň sesi geler erdi. Bildi ki, gyzlaryň arasynda bir ýigit bardyr. Emma darga bu syry gürrüň etdi we ol gürrüň äşgäre boldy. Sarygül ägä bolup:

– Eý, gyzlar, geliň imdi dagalyň! – diýdi.

Gyzlaryň her biri öz jaýyna bardy. Kerem hem şol garrynyň öýüne gelip, bolup geçen wakany garra gürrüň berdi. Keremiň halyna garrynyň ýüregi awap, bir gazal diýdi[101]:

Kerem birniçe gün diwana kibi gezer erdi. Ahyry ol:

– Eý, ene jan, bu barada bir pikir kylgyl! – diýdi.

Garry:

– Eý, balam, ne çäre edeýin! – diýdi.

Kerem:

– Merýem ýagşy diş çeker erdi, meni alyp git, şaýet bu bahana bilen Asly hany bir görsem! – diýdi.

– Elkyssa, garry Kerem biçäräniň baş-gözüni mäkäm çolap eltdi. Garry Merýeme:

– Eý, bajy, meniň oglumyň dişi agyrýar, tartgyl! – diýdi.

Merýem ançа mulahyza kylyp, Keremniň agyrgan dişini tapyp bilmedi. Ondan soň, Asly han Keremiň başyny dyzyna aldy. Merýem onuň sag dişini çekdi. Gan Asly hanyň üstüne döküldi. Asly aglady. Keremiň gözi dökülen ýaşa düşdi, gördi ki, Asly han gözýaş döker erdi. Kerem bir gazal diýdi:

Söwdügim başdan aýaga,
Gül gyrmyzy geýinipdir!

Başym başyna sadaga,
Şal gyrmyzy geýinipdir.

Gelip aklym gondy başa,
Başdan dolandym bu işe,
Hal[102] ýüzünde goşa-goşa,
Hal gyrmyzy geýinipdir!

Ördegi bar, sonasy bar,
Mürewwetsiz enesi bar,
Elwan-elwan lybasy bar,
Gül gyrmyzy geýinipdir!

Syýa zülpüň bogun-bogun,
Ýüregimde goýduň dügün,
Bilbiller saýraşar bu gün,
Gül gyrmyzy geýinipdir!

Görüň, Allanyň işini,
Geler yşk, ýardy başyny,
Çekdi Keremiň dişini,
Enbur gyrmyzy geýinipdir!

Elkyssa, Asly han maý tapyp, garra:

– Bu seniň ogluňnyň sag dişini çekdi, onuň ganyny al! – diýdi.

Garry dat-bidat kyldy. Bu ifsada Gara Melek gelip:

– Bu ne gowgadyr? – diýdi.

Merýem:

– Bu Keremdir – diýdi.

Elgaraz, Gara Melek birniçe adama habar edip: «Bu ogrudyr, gündiziň güni meniň ýüz eşrepimi ogurlapdyr» diýdi. Şol adamlar Kerem biçäräni urup, baş-gözüni syndyryp, gol-aýagyny baglap, Hüňkäriň ýanyna eltdiler. Asly han pursat tapyp, Sarygülüň ýanyna bardy we Keremiň hekaýatyny aýdyp, bir gazal diýdi:

Beýan edem size arzy-halymny,
Kerem elden çykyp, gitdi Sarygül!
Rehm eýleýip ýetiň köýen janyma,
Kerem elden çykyp gitdi, Sarygül!

Gara Melek atam tutdy Keremi,
Ýüregimde goýdy derdi-elemi,
Bähtan[103] eýläp, edip zulmy-sütemi,
Kerem elden çykyp gitdi, Sarygül!

Merýem enem çekdi Kerem dişini,
Tanamaýyp tutdum özüm başyny,
Gan ýerine döküp, didäm ýaşyny,
Kerem elden çykyp gitdi, Sarygül!

Çeker ony atam Hüňkar ýanyna,
«Ogry» diýip, haram[104] ýapdy janyna,
Nähak Merýem girdi onuň ganyna,
Kerem elden çykyp gitdi, Sarygül!

Men Aslyýam, işim ahy-pygandyr,
Hüňkar gyzy, elim saňa damandyr[105],
Bu gün aýralykdyr, ahyrzamandyr,
Kerem elden çykyp gitdi, Sarygül!

Elkyssa, şazada Keremnň goluny baglap, kasryň düýbünden geçirdiler. Gyzlar tomaşaga çykyp:

– Eý, Asly jan, bu hoja kişi seniň ýaryňdyr ki, munça datperýat kylar sen – diýdiler.

Keremiň bu sözlere ýüregi köýüp, bir gazal aýtdy:

Silkinip-silkinip bakan sonalar,
Gelen bezirgendir, giden hojadyr.
Ýarym gidip şol ussadan ders alyp,
Gelen bezirgendir, giden hojadyr.

Ýarym oýnar sadranjyny, nerdini,
Aşyk bolan çeker magşuk derdini,
Haçan baýguş saklar, tarlaň ýurduny,
Gelen bezirgendir, giden hojadyr[106].

Synalarym bölek-bölek böldüler,
Hanjar alyp bagrym başyn dildiler,
Gyzlar çykyp tomaşaga geldiler[107],
Diýdiler, Asly jan, Kerem hojadyr[108].

Elkyssa, Kerem bu sözleri diýenden soň, perraç we ýasawullaryň gahary gelip, ony keşan-keşan Hüňkaryň huzuryna alyp bardylar. Gara Melek dat çekip, arz kyldy:

– Eý, Hüňkär, bu adam üç ýüz eşrepimi alypdyr, elhal tutup getirmişem – diýdi.

Emma Hünkaryň kadasy bu erdi ki, günäli her kesi öz jezasyna ýetirer erdi, aşyklary myradyna ýetirer erdi. Elgaraz, Hüňkaryň ýüregine bir zat gelip:

– Eý, jellat! – diýdi.

Jellat häzir bolup, Hüňkaryň emri bilen Keremi dara alyp bardy. Kerem nä gadar iltimas etdi, peýda bermedi. Naçar her tarapa bakyp, ne bir gardaş, ne bir syrdaş bar? Ahy-sert, ez-dili, pürdert çekip, ýüzüni asmana tutup gördi ki, bir bölek durnalar gezer erdi. Kerem:

– Eý, jellat, aman bermediň. Hälä namartlyk etme. Biraz saklan, tä men şaha dadymny okaýyn! – diýdi.

Jellat sabyr etdi. Erse, Kerem pursat tapyp, bir gazal diýdi:

Gökde gezen bölek-bölek durnalar,
Meniň arzy-halym diýiň ýaryma!
Sizden ahwalymy eger sorasa,
Saba çagy dal gerdenli ýaryma!

Tutup äkitdiler, Hüňkar ýanyna,
Ýanar otlar düşsün onuň janyna,
Çoh suwsuzdyr hem içmäge ganyma,
Özüm ölsem, janym gurban ýaryma[109]!

Ýaralarym göz-göz bolup açyldy,
Ýaňy başdan aşa gelip ýaryldy[110],
Gara Melek baba weli şat oldy[111],
Telli durnam, habar äkit ýaryma!

Ýene turdy ýüregimiň gubary,
Syýahat eder siz barça diýary[112],
Telli durnam, äkidiň siz, habary,
Toty tilli, inçe billi ýaryma!

Göwsüň üsti çapraz-çapraz dag olsun,
Näzli ýarym çar tarapa bag olsun,

Kerem diýer, Asly hanym sag olsun,
Özüm ölsem, janym gurban janyňa[113]!

Elkyssa, Kerem bu sözleri diýenden soň, Allatagalanyň gudraty joşa gelip, perrendeler ýere inip, çünk we çaňňal bilen jellatlaryň gözlerini çykardylar we baky adamlary zahymdar etdiler.

Elgaraz, bu wakany Hüňkara arz kyldylar. Hüňkar serasima we howulnäk bolup, daryň ýanyna gelip gördi ki, tamam rast turar we durnalar asmanda perwaz edipdirler. Hüňkar bu işe haýran galyp, öz-özüne: «Belki, bu juwan bigünädir, özünden habar alaýyn» diýdi. Ol Keremden habar aldy. Kerem başdan geçenini beýan kyldy. Hüňkar:

– Eger rast bolsa aýt, durnalar ýere gelsinler. Şol wagt sizi myrada ýetireýin ki, dünýäde dessan bolsun! – diýdi.

Kerem bu sözi eşidip, bir gazal diýdi:

Durnam, eşit, arzy-halym,
Inip gelgin, ýere durnam!
Arz edeýin haly-zarym,
Inip gelgin, ýere durnam!

Durnam, geler sen gaýadan,
Başyň dürli gül läleden,
Hudaýym, sakla beladan,
Inip gelgin, ýere durnam!

Durnam, telleriň ýag olsun,
Ýörüşiň tün-gün dag olsun,
Goç ýigitleriň sag olsun,
Inip gelgin, ýere durnam!

Durnam, gider siz düzlere,
Dolanyp bakgyl, bizlere,
Kyrk inçe billi gyzlara,
Inip gelgin, ýere durnam!

Durnam, gider sen Kaşana,
Garly daglardan aşana,
Desmalym äkit nyşana,
Bargyl, Asly hana durnam!

Durnam, geler düzüm-düzüm,
Boýny ganatyndan uzyn,
Durnam meniň iki gözüm,
Inip gelgin, ýere durnam!

Durnam, gider sen asmanda,
Hüňkary goýma gümanda,
Keremi kylma şermende,
Inip gelgin, ýere durnam!

Elkyssa, Haktagalanyň gudratyndan şol durnalar gelip, Hüňkaryň aýagyna düşdiler. Hüňkar, bu işde sydky-kämil bolup, şol durnalary murahhas edip, Keremiň ýüz-gözünden öpüp:

– Imdi maňa aşyklygyň aýan boldy. Meniň öz atymy getiriň! – diýip, höküm kyldy.

Ol sagat häzir kyldylar. Ondan soň, ýene-de Hüňkaryň muhabbeti joşa gelip:

– Şazada Keremi hammama alyp gidiň! – diýdi.

Keremiň başyna sufal berip, hyjap etdiler. Onuň başynda kulahy-fahr-u, bilinde tygy-Müsri we hemaýyly-Hindi çapraz

döşünde, tugy-zerrin kemerinde we çekmeýi-has gürji aýagynda, nyşany-Süleýmany jübüsinde, gulamany-hindi zerrin-kemeri çep golunda we şatyrany bad-asa öňünde ýörediler.

Kerem on dördi gijelik aý kimin, ýüzünde şag-şag edip, müň jilwe-juwan we şöwket birlen çykyp, köçe we bazarda gezer erdi. Halk guruh-guruh, pöwç-pöwç tomaşaýa çykdylar. Andag sahabaty ýagşy we nurana erdi. Kerem bu esasy şahana bilen kasra ýetdi. Asly hanyň gözi Kereme düşüp, ýene köňül-muhabbeti zyýada bolup, gyzlara ýaryny tagryp edip, bir gazal aýtdy:

Gyzlar, geliň tomaşaga,
Kerem geldi, Kerem geldi[114]!
Söwdügim bermenem şaga,
Kerem geldi, Kerem geldi!

Bu gelen şemsi-kamardyr,
Onuň gözleri hüňkardyr,
Boýy serwi-senuberdir,
Kerem geldi, Kerem geldi!

Astynda bar bedew aty[115],
Gözleri janym jellady,
Han degildir, şadyr zaty,
Kerem geldi, Kerem geldi!

Geler, elinde bar sazy,
Çemende ördegi, gazy,
Asly hanyň iki gözi,
Kerem geldi, Kerem geldi!

Gara Melegiň gyzyýam,
Şirin kebabyň duzyýam,
Tamam gyzlaryň göziýem,
Kerem geldi, Kerem geldi[116]!

Çagyraram Çaryýary,
Perýada ýetirsin bary,
Asly hanyň söwer ýary,
Kerem geldi, Kerem geldi!

Elkyssa, Hüňkar:

– Imdi Gara Melegiň jezasy bu turar ki, öýi taraç bolsun we özüni öldürmek gerek, ybrat olsun – diýdi.

Erse, Gara Melek habardar olup, weziri çagyryp, birniçe eşrepi para berip we birniçe lagly-jowahyry hem Hüňkar patyşa üçin iberdi. Wezir gelip Hüňkara köp pent we nesihat aýtdy. Erse, Hüňkar, Gara Melegiň günäsini geçip, Asly hany Kereme berdi, kyrk gije-gündiz toý-tomaşa kyldylar.

Emma Gara Melekden we Merýemden bir söz eşidiň!

Ikisi Asly hany Kereme bermeklige ýakyn galanda, hile kylyp, bir sany zergär we bir sany tikinçi sahyp-jadygär getirip, hufýahana saldylar. Zergär kyrk düwme-ataşyn we tikinçi hem gyzyl kemer gaýryp, bile tetärik gördüler. Asly hany hammama alyp bardylar. Hüňkar bir kasry-zernigäri olar üçin gaýryp, Asly hanyň elini Kereme berip, ybadathanadan çykardylar.

Elkyssa, şazada maksadyna ýetmek üçin birniçe gezek düwmeleri açdy. Emma düwmeler baglandy[117]. Keremiň gözi Asly hana düşüp, bir gazal diýdi:

Hiç gubar gelmesin seniň gözüňe,
Açagör, Asly han, düwmeleriňni!

Kastym budur, girsem, ýaryň goýnuna,
Açagör, Asly han, düwmeleriňni!

Düşek goýup[118] bir düşekde ýataly,
Gün hanjary jany-jana gataly,
Bu dünýä bäş gündür, söhbet tutaly,
Açagör, Asly han, düwmeleriňni!

Gözleri kör bolsun, lybas biçeniň,
Elleri şel bolsun, düwme dakanyň,
Ýaş ýerine gözden ganlar akanyň,
Açagör, Asly han, düwmeleriňni!

Ýörüsin-ýörüsin sowsan ýörüsin,
Ýer ýüzünde sowsan gülüň gurysyn,
Düwme dakan zergär eliň çüýrisin[119],
Açagör, Asly han, düwmeleriňni![120]

Däde Kerem diýer, bir Aslym bardyr,
Bilbiliň gül bilen söweşi bardyr,
Diýdiler: Aslynyň bir ýary bardyr,
Açagör, Asly han, düwmeleriňni!

Elkyssa, Kerem kyrk mertebe düwmeleri açdy, ýene baglandy. Ahyr düwmeler ot tutup, ýanar erdi. Emma Asly han bu wakadan ägä idi. Iki küýzä suw salyp goýmuş erdi. Enesi habardar bolup, suwy döküp, ornyga nebit ýagy salyp erdi. Erse, Asly han küýzäniň «suwuny» Keremiň üstüne dökdi. Ot zowaly sönmedi. Asly han alaçsyz galyp, her tarapa çapdy, alaç tapmady. Elini başyna urup, perýat eder erdi. Kerem biçäre näumyt galyp, Asly hana garap bir gazal diýdi:

Ot alyşyp aýagymdan,
Ýanaram, Aslym ýanaram!
Aýagymdan, towuşymdan,
Ýanaram, Aslym ýanaram!

Özüm eýledim özüme,
Hiç kim ynanmas sözüme,
Ot tutup, geldi dyzyma,
Ýanaram, Aslym ýanaram!

Jerenim geldi çölüme,
Ördegim gondy kölüme,
Ot ýanyp geldi bilime,
Ýanaram, Aslym ýanaram!

Habar bergil, gardaşyma,
Ne günler geldi başyma,
Ahyr ýetişdi döşüme,
Ýanaram Aslym, ýanaram!

Däde Kerem, joşa geldi,
Ýaralarym aşa geldi,
Peýmanamyz başa geldi,
Ýanaram, Aslym ýanaram!

Elkyssa, Asly han her ýana çapdy, çäre tapmady. Ýüz-gözüni para-para edip, bir gazal aýtdy:

Ermenidir meniň soýum,
Şalara bermezler moýum.

Kyýamata galdy toýum,
Kyýamata goýma, ýarym[121]!

Owal başdan şirin janym,
Gurban eýlärem öz janym,
Ýar ýolunda gurban janym,
Kül boluban ýanan ýarym!

Gara boldy seniň bagtyň,
Kime diýeý rozy-sahtyň,
Gurulypdyr täji-tagtyň,
Ne ýatyr sen, oýan ýarym!

Atam ömri oda ýansyn,
Eneme dirlik tükensin[122],
Rakyplar indi şat olsun,
Myrada ýetmeýen ýarym!

Pelek ne jebir etdi maňa,
Imdi gelseň, ýetem saňa,
Ak elimde elwan hyna,
Gözi ýaşly goýan ýarym!

Men kime gideýin dada,
Aşnalygym bermen ýada,
Tiz gider men bu dünýäde,
Ahy-zara goýan ýarym!

Adym Zöhre, goýduň Asly,
Gyşa döndi bahar pasly,

Kyýamata galdy wasly,
Intizara goýan ýarym[123]!

Elkyssa, Merýem gelip gördi ki, Kerem ýanyp kül bolupdyr. Ol heýli hoşhal boldy, Asly han gapyny mäkäm kylyp, enesine bir gazal aýtdy:

Ene, gelip habar aldyň halymdan,
Ene, Kerem ýandy, men-de ýanaram!
Eziz ýarym gitdi bu gün golumdan,
Ene, Kerem ýandy, men-de ýanaram!

Ene, sen gelip sen, atam gelmesin,
Kyýamatda onuň ýeri bolmasyn,
Bir wakyga boldy, hiç kim görmesin,
Ene, Kerem ýandy, men-de ýanaram!

Kerem ýanan ýerne saraý eýlärem,
Isa, Merýem haky karar eýlärem,
Bu ýerde men nije çäre eýlärem,
Ene, Kerem ýandy, men-de ýanaram!

Ýaryň hasratynda derde duş oldum,
Ajal şerbetinde men hamuş oldum,
Geýdim gamly lybas, gara puş oldum,
Ene, Kerem ýandy, men-de ýanaram!

Hezar haýp, myradyna ýetmedi,
Ter hynaly gollarymdan tutmady,
Şat oluban wysalyma ýetmedi,
Ene, Kerem ýandy, men-de ýanaram!

Asly çagyr, bu meýdanyň merdini,
Neçün baýguş saklar, bilbil ýurduny,
Men çekmişem külli älem derdini,
Ene, Kerem ýandy, men-de ýanaram!

Elkyssa, Merýem gaýdyp Keremiň ýananyny Gara Melege habar berdi. Gara Melek hoşnut bolup, Allaga şükür eýledi.

Asly han Keremiň kül bolan agzasyny ýygyp, bir gara ýaglyga baglap, Hüňkaryň ýanyna gelip, bir gazal diýdi:

Patyşahym, arz eýläýin,
Kerem ýandy, Kerem ýandy!
Giribanym çäk eýläýin,
Kerem ýandy, Kerem ýandy!

Gara boldy[124] meniň bagtym,
Taraç boldy täji-tagtym,
Keremi otlara ýakdym,
Kerem ýandy, Kerem ýandy!

Eý, patyşahym, soltanym,
Bu gün eýle sen diwanym!
Kerem ýandy, çykdy janym,
Kerem ýandy, Kerem ýandy!

Hup ýetiň, Asly halyna,
Ajap çatdy[125] myradyna,
Otlar ýapyşdy janyna,
Kerem ýandy, Kerem ýandy[126]!

Elkyssa, Hüňkar bu sözleri eşidip, gazaplandy. Ol:

– Eý, jellat! – diýdi.

Jellat häzir bolup, Gara Melek bilen Merýemi häzirläp, meýdana çykaryp, nebit ýagy üstlerine döküp otladylar. Öýüni taraç kylyp:

– Eý, Asly han, indi ne pikiriň bar! – diýip, her ýoldan nesihat berdi. Emma Asly han kabul kylmady[127].

Elkyssa, bir gümmez tylla tagmyr edip we şazada Keremiň topragyny onda depin edip, häke tabşyrdy. Asly han, tä, kyrk ýyla gadar müjewür bolup, şol mazaryň üstünde galyp, pir boldy. Oturyp-turmaga kuwwaty bolmady. Özünden bizar bolup, Allatagala mynajat kylyp, bir gazal diýdi:

Ýa iläha, sen-sen Rahymy-Rahman,
Kabul edip amanadyň al, menden!
Ata-eneden sen-sen maňa mähriban,
Kabul edip amanadyň al, menden!

Kyrk ýyl bolup ömrüm ýaşa ýetipdir,
Gözlerim kör bolup, kaddym büküpdir,
Eziz Kerem ýanyp, menden geçipdir,
Kabul edip amanadyň al, menden!

Ezel günde meni saldyň bazara,
Ilbe-il gezdirip, şähr-u diýara,
Derdim çohdyr, hergiz gelmez şumara,
Kabul edip amanadyň al, menden!

Maňa berdi gam-u zähr ile söwda,
Başyma düşüpdir, elli müň gowga,
Kyrk ýyl bolup ýardan bolmuşam jyda,
Kabul edip amanadyň al, menden!



**«...Kerem diýer, ýandym Asly dagynda...»**
*Serdar Abaýewiň kollažy.*

Ýa bu gün ýetirgil, ajal goluma,
Ýa ýarymyň elin bergil elime,
Şahymerdan, düşüp imdi ýadyma,
Kabul edip amanadyň al, menden!

Men Aslyýam, işim ah-u pygandyr,
Muhammet ymmaty, dilde imandyr,
Bu gün magşar bolup, ahyrzamandyr,
Kabul edip amanadyň al, menden!

Elkyssa, Hudaýtagalanyň keremi joşa gelip we hytaby-müstejab ilähiden olup: «Eý, Jebraýyl, Medinä baryp, meniň habybymga owal salam bergil, bagd-ez in aýtgyl ki, Kanstantinde bir ajyz bende menden myrat diläpdir. Onuň ömrüni deraz kyldyk» diýdi. Jebraýyl Alaýhyssalam bir tarpatyl-aýn içinde Medinede häzir bolup, Allanyň peýamyny ol büzrukwara aýdyp, şol sagat taýýy-arz kylyp, hezret Alyny hemra alyp, Kanstantinge çapar boldular. Pygamberiň abraýy-mübäreklerini Keremiň gabrynyň üstüne taşlap, doga kyldylar we Aly hem gyz «Ämin!» diýdiler, mynajatlarynyň mazmuny bu erdi.

Kerimi rahym sen, kadyr Huda sen,
Lutf ile ýaňydan bagyşla jany!
Rahymy-rahman sen, delili-burhan,
Lutp ile ýaňydan bagyşla jany!

Müň adyňnyň erer birisi Ahat,
Ýetmiş iki älem ýaradan Samat,
Bu ajyz bendäge sen eýle medet,
Lutp ile ýaňydan bagyşla jany!

Dilegimdir senden derýaýy rahmat,
Bir owwal bendäge sen eýle şefgat,
Asly üçin eýle Keremi rahmat[128],
Lutp ile ýaňydan bagyşla jany!

Birisi ermeni, biri musulman,
Biri ölüp, biri bolup pasyban,
Senden umyt budur, Rahym-u Rahman,
Lutp ile ýaňydan, bagyşla jany!

On bir ýyl dünýede çekdi jepany,
Sapasyn sürmeli jebri-jepany,
Namyrat eýlediň jism ile jany,
Lutp ile, ýaňydan, bagyşla jany!

Gara Melek edip[129] bulara sütem,
Alym sen, Kereme sen eýle, kerem,
Kyýamata goýma diwany-älem,
Lutp ile ýaňydan bagyşla jany!

Muhammetdir iki jahana serwer,
Haýryn-nisa birle şehiri-şäher,
Arz eder dergähe bu aga Gammar,
Lutp ile ýaňydan, bagyşla jany!

Elkyssa, Allatagalanyň gudratty bile Kerem bir atsa urup, gabryndan turup, gözi serweri-äleme düşüp, onuň aýaklaryna ýykylyp, zyýarat kyldy. Ol: «Janym size pida bolsun! Neçün behiştiň hüýrlerinden jyda kylyp, meni bu dünýäýi-panyga getirdiňiz!» diýip, bir gazal aýtdy.

Eý, agalar, arzym beýan eýläýin,
Neçün bu panyga getirdiň meni?!
Ýanan janym size gurban eýläýin,
Neçün bu panyga getirdiň meni?!

Bu dünýä lezzetin men-de görmedim,
Yşk ýolunda men-de ýanyp, kül boldum,
Ermeniler bilen ahyr soruldym,
Neçün ýalançyga getirdiň meni?!

Niçe müddet çekdim yşkyň derdini,
Ahyr ýandym, bir görmedim waslyny,
Asly üçin goýup atam ýurduny,
Neçün bu panyga getirdiň meni?!

Biwepada bedel bolup, men ýandym,
Hak emrine perman bilen daýandym,
O jennetde hüýrler bilen maýyldym,
Neçün bu panyga getirdiň meni?!

Bilbil sypat gezdim jennet bagynda,
Hüýri-gulman hem solumda, sagymda,
Kerem diýer, ýandym Asly dagynda,
Neçün bu panyga getirdiň meni?!

Elkyssa, Asly han Keremiň bu sözlerini eşidip, serasime gelip, ol büzrükwarlaryň aýaklaryna ýüzüni sürtüp bildi ki, Allanyň emir we pazylaty, Pygamberiň keremi joşa gelipdir, haýat-zendiganilik Kereme kerem eýläpdir. Asly horram bolup, bir gazal aýtdy:

Pida boldum, saňa ýa Weliýulla,
Men pakyra bu gün nazar eýlediň!
Kaddym dala dönüp, ýa, Weliýulla,
Kerem kylyp, maňa nazar eýlediň!

Haýran bolup, men-de hökmi Hudaýa,
Müstejap görer men, özüm dogaýa,
Ýanan Kerem ýene gelmiş dünýäýe,
Men ajyza bu gün nazar eýlediň!

Kyrk ýyl boldy Kerem dünýäden geçdi,
Agzasy ýanyban, ýekser kül boldy,
Meni öz gabryna müjewür kyldy,
Men abdala bu gün nazar eýlediň!

Derdi-halym size beýan eýläýin,
Synamdaky syrym yzhar[130] eýläýin,
Göz nuruny, juwanlygy diläýin,
Men magýuba bu gün nazar eýlediň!

Tagaçjybam[131] bu gün Taňry işine,
Mugjuz gördüm agalaryň pişine,
Gözüm ýok dolansam olar başyna,
Men bimara bu gün doga eýlediň!

Derdim bilen pikrim hetden aşypdyr,
Aklym bile huşum başdan çaşypdyr,
Asly diýer, işim size düşüpdir,
Şypa berip, maňa nazar eýlediň[132]!

Elkyssa, Pygamber Hudanyň mübärek lybasyny Asly hanyň başyna atyp, iki rekagat namaz okap, älemi-batynda hallaky-äleme ýüz tutup, bu mazmuny mübärek zybanlaryna buýurdylar:

Patyşah-a, sen-sen delili-burhan,
Ýaňydan Aslyny juwan eýlegil!
Keremi-rahym sen, ýa haýýy-yhsan,
Täzeden Aslyny juwan eýlegil!

Bu dünýäde şat olmaýan zar olup,
Bu mazarda kyrk ýyl müjewür olup,
Dala dönüp kaddy, gözleri magýup,
Lutf ile täzeden juwan eýlegil!

Kadyry-gudrat sen, jahan aperin,
Ýaradan asmany, ýedi gat zemin,
On sekiz müň älem-jahan aperin,
Rehm eýle, Aslyny juwan eýlegil!

Gudratyndan ýerler gelmiş amana,
Öz hökmüňden Kerem geldi jahana,
Aslynyň gözlerin ýetir şypaýa,
Täzeden Aslyny juwan eýlegil[133]!

Elkyssa, Hudaýyň gudraty birle, Pygamberiň şepagaty birle Asly han ýerinden turup, on dördi gijäniň Aýy dek boldy. Keremiň gözi Asly hana düşüp, Allatagalaga şükür edip, Pygamber alaýhyssalamyň aýaklaryna ýykyldy[134]. Pygamber alaýhyssalam Keremiň elinden we Hezreti Aly Asly hanyň

elinden tutup, biri-birine teslim kyldylar ki, olara mübärek elleri birlen nika kylyp:

– Eý, Kerem, saňa Allatagala uzyn ömür berdi ki, patyşalyk kylar sen. Emma ataň seniň pyrakyňdan kör bolupdyr. Aýagymyzyň topragyndan alyp, iki rekagat namazy-hajat okap, bu topragy ataň başyna dökgül – gözleri röwşen bolar, ahyr dünýäden ryhlat kylar, onuň jaýynda patyşa bolar sen. Bizler Hüňkaryň düýşüne gireris, ol musulman bolar we sen herne isteseň, kabul bolar – diýip, tamam sözleri buýrup, gaýyp boldular.

Kerem Asly birle salawat aýdyp, efsus çekdiler, gollaryny biri-biriniň boýnuna salyp, hoşhal boldular. Şazada Kerem bir gazal aýtdy:

Gel, Asly jan, iki gözüm!
Gel, imdi döwran süreli!
Jahana dagylyp sözüm,
Gel, imdi döwran süreli!

Her kes işine sabyr eder,
Ahyr maksadyna ýeter,
Bir gün öler, bir gün ýeter,
Gel, Asly döwran süreli!

Bu panyda bela gördüm,
Nije ýanyban kül boldum,
Mazarymy saraý gördüm,
Guçawer, döwran süreli!.

Näler çekdiň jebri-jepa,
Sen eýlediň, bize wepa,

Sür imdi zowk ile sapa,
Gel, imdi döwran süreli!

Kyrk ýyl gezdim jennetde men,
Bu külbede tutduň watan,
Meniň üçin müjewür sen,
Gel, imdi döwran süreli!

Bir at galdy, meniň üçin,
Wepa galdy seniň üçin,
Sogap boldy Hüňkar üçin,
Gel, imdi döwran süreli!

Kerem diýer, bu jahanda[135],
Hiç kim galmaz bu dünýäde,
Menzilimiz bolar onda,
Gel, Aslym döwran süreli!.

Elkyssa, Kerem bu sözüni diýenden soň, Asly han jogabynda bir gazal diýdi:

Kerem jan, minnet biler men,
Namysym-arym seniňdir!
Saňa sadaga bolar men,
Dinim-imanym seniňdir!

Sen täze bostanyň güli,
Tuby daragtyň bilbili,
Gel, guçawer inçe bili,
Täze bazarym seniňdir!

Imdi görgül, sen wysaly,
Reňbe-reň eýle bazary,
Röwşen kyl Rumuň diýaryn,
Bu şirin janym seniňdir!

Näler çekdim ahy-nala[136],
Gözümden ýaş gider jala,
Imdi ýetewer wysala,
Dükan-bazarym seniňdir!

Men dünýäniň gunça güli,
Sen-sen jennetiň bilbili,
Gadam goýsaň, döwlet ýoly,
Goşa enarym seniňdir!

Pygamberdir bize rahber,
Şahymerdan bize perwer,
Kerem şadyr, Asly kemter,
Ýagşy-ýamanym seniňdir[137]!

Elkyssa, Kerem han bilen Asly han şol gije gollaryny biri-birleriniň boýunlaryna salyp, öpüşip-guçuşyp, myrat-maksatlaryna ýetdiler.

Elkyssa, Hüňkar uýkuda Pygamber alaýhyssalamy gördi. Olar «Kerem zinde olup, Asly han ýaş boldy, Keremi öz welaýatyna gönder» diýip, jemyg wakalaryny aýtdylar. Hüňkar uýkudan turup, serasime geldi. Gözi Kerem bilen Asly hana düşüp kim, olar hüýri-gulman kimin kasryň içinde on dördi gijäniň Aýy dek oturypdyrlar. Hüňkar olaryň aýagyna ýykylyp, habar aldy, Kerem jogap berdi:

Eý Hüňkarym, arzym eşit,
Agalaryň ygjazlary.
Herne diýsem, rastlyk eşit,
Pygamberiň mugjuzlary.

Jennet içinde gezerdim,
Hüýrler bile zowk sürerdim,
Behişt miwesin tirerdim,
Gitgil, diýip bu sözleri.

Maňa aýdy: «Tur» gideli,
Dünýä ýüzüne baraly,
Jennetiň terkin edeli,
Agalar söýlär sözleri.

Geldim agalar ýanyna,
Çykdym dünýäniň ýüzüne,
Perman kyldym däne-däne,
Maňa diýdiler sözleri.

Asly han magýup oldugym,
Agalara arz kyldygym,
Doga kyldym ol şahy-din,
Röwşen boldy kör gözleri.

Diýdi, ençe ýyl dünýäde sen,
Asly bilen hoş gezer sen,
Atаň ýüzüni görer sen,
Hüňkare diý, bu sözleri[138].

Mundan turup sen gider sen,
Zyýat mülküne ýeter sen,
Özüň Hak ýolun tutar sen[139],
Kabul kyl, Kerem sözleri.

Elkyssa, Kerem bu sözleri diýenden soň, Hüňkar: «Men-de bu wakalary uýkuda görmüşem, hiç hylapy ýokdur» diýdi. Kerem hoşhal bolup, bir gazal aýtdy!

Arzym budur, size adalat Hüňkar,
Atam diýaryny isterem senden!
Bu diýarda zerre galmanam, Hüňkar,
Zyýat diýaryny isterem senden!

Bu diýardan köp bizaram, galmanam,
Ýagşy-ýaman güni men-de bilmenem,
Siz bilen Zyýadyň parhyn kylmanam,
Ata diýaryny isterem senden!

Kyrk ýyl boldy ýardan jyda bolmuşam,
Bu panyda renji-mähnet çekmişem,
Ajal şerbetini men-de içmişem,
Atam diýaryny isterem senden!

Bu dünýäde yşkyň oduna ýandym,
Töwrizden çykyban bu ýere geldim,
Ýetmeýip maksada, bu oda ýandym,
Zyýat diýaryny isterem senden!

Kerem diýer, isterem ata - watany,
Lutf eýleýip, imdi ýola sal meni,

Hoş wagt eýle, meniň bilen Aslyny,
Atam-enem bu gün isterem senden!

Elkyssa, Hüňkar tamam goşun-sypah bile bu mugjuzany görüp, musulman boldular. Kerem bilen Asly hany ýüz yzzat bilen hammama gönderip we şahana lybas geýdirdiler. Ondan soň, şazada Keremiň sag-u solunda wezir-wekil we jemyg umaralar bilen Hüňkaryň ýanyga köşge alyp bardylar. Emma Asly hany kyrk gyz bilen başga ymarata düşürdiler. Bu ygzazy-ikramlary görüp, Kerem bir gazal aýtdy:

Eý Hüňkarym, Hudaý ýaryň,
Imdi meni ýola salyň!
Wezir-wekil, gurbat ediň,
Imdi meni ýola salyň!

Meniň köňlüm bizar bolup,
Bu diýaryň terkin kylyp,
Ýamanlary ýagşy edip,
Meni tizräk ýola salyň!

Kabul eýle, bu arzymy,
Hasyl eýle, myradymy,
Kerem diýer, bu zarymy,
Kabul edip, ýola salyň!

Elkyssa, Hüňkar höküm kyldy ki, birniçe gün tedärik tutup we kejebeýi-zerrin, kenizan mahroý Asly hana, gulamany-Rumy şazada Kereme peşgeş edip we ýene niçe atga lagly-jowahyrdan ýükläp, ýolga saldy. Şazada Kerem şowky-tamam birlen menzilbe-menzil ýol geçip, Töwriz memleketine ýeter

erdiler. Şähere bir menzil galanda Kerem kagyz ýazyp, kasyda berip, «Şony tizräk atama ýetirgil» diýdi.

Kasyt ýola düşüp, bir sagatda sähere ýetip, kagyzy patyşaga teslim kyldy. Zyýat şa kagyzdan muttalyg bolup, tamam ähli-şäherni «Şazada Kerem gelipdir» diýip, habardar etdi. Olar pişwaz çykdylar. Zyýat şa kejebäge girip, tamam goşun başlyklary sag we solunda gidip, ata-ogul biri-birige ýetişdiler. Kerem pyýada olup, atasynyň aýagyna ýykylyp, zyýarat kyldy. Patyşa oglunyň ýüzünden öpüp, görüşdi. Jemagat ählisi rahat boldular. Kerem teperrik topragy suwga salyp, atasy bilen wuzug kylyp, ýüzlerini kyblaga tutup, bir gazal diýdi:

Kadyry-gudrat sen, jahan aperin,
Atamnyň gözüne şypa ber, Alla!
Rahym-u Rahman sen, Halyk-u Jepbar,
Zyýatnyň gözüne şypa ber, Alla!

Resul hormatyna, ýa Haýýy-Mennan!
Pygamber hakyndan ol Şiri-ýezdan,
Haýryn-nisa hormatyna şa jahan,
Atamnyň gözüne şypa ber, Alla!

Ymamy Hasana zäher berdiler,
Ymamy Hüseýni şehit etdiler,
Ýusup Pygamberi çaýga atdylar,
Olar haky üçin şypa ber, Alla!

Gözi magýup, kaddy dala dönüpdir,
Menden ötri ölüp, ýanyp köýüpdir,
Töwriz halky hemme şadyýan bolupdyr,
Gözlerine şypa bergil sen, Alla!

Ýa Muhammet, ýetiş bu gün perýada,
Şahymerdan, Aly, ýetiş imdada,
Zyýat şahy bu gün ýetir myrada,
Gözlerine şypa bergil sen, Alla!

Şalaryň şasy sen, Medine ýurduň,
Kyrk ýyl ölen meni ýaňadan berdiň,
Aslynyň kör gözün münewwer kyldyň,
Zyýatnyň gözüne şypa ber, Alla!

Kadyry-kaýýum sen, ýa Haýýy-Mennan,
Dergähiňde eziz hem Şiri-ýezdan,
Kerem diýer, şypa senden, ýa handan,
Gözlerine şypa berewer, Alla!

Elkyssa, Hudaýtagalanyň gudratyndan Zyýat şanyň gözleri nurana we kaddy elip dek boldy. Bu awazany welaýat raýatlary eşidip, guruh-guruh gelip, Keremiň el-aýagyna ýykylyp, zyýarat kyldylar. Kerem üçin täzeden toý binasyn gurup, ýedi gije-gündiz toý kylyp, Asly hanyň elini Keremiň eline berip, myratlaryna ýetirdiler. Kerem tagty-soltanetde karar we aram tutup, welaýatyň ähli raýaty asuda boldy.

Tamam

7*

**BEÝIK SAPARMYRAT TÜRKMENBAŞY:**

*Adamzat gowakdan çykaly bäri söýgüni keramat derejesine göterip, söýgi barada aýdym döredýär, saz döredýär, dessan döredýär. Ol söýgi eserleri bolsa, umumyadamzat ruhy hazynalaryna öwrülýär.*

## ÇYN SÖÝGÜNIŇ KYSSASY

Dürli görnüşlerden ybarat bolan türkmen halk döredijiligi egsilmez derejede baýdyr. Halk özüniň ruhy dünýäsini, gam-gussasyny, şatlygyny, geljege bolan arzuwdyr isleglerini öz döreden dürdäne eserlerine siňdiripdir. Ol eserler asyrlarboýy halkyň dilinden düşmän, agyzdan-agza geçip, biziň zamanamyza gelip ýetipdir.

Halk döredijilik eserlerini öwrenmekligiň zerurlygyny, onuň ähmiýetiniň örän uludygyny ylym köp asyrlar mundan öň ykrar etdi.

Halkyň döreden dürdäne eserleri sungatyň we adamzadyň jemgyýetçilik ýaşaýşynyň taryhyny öwrenmekde baý gollanma çeşmesi bolup hyzmat edýär.

Geçmişde halkyň arasynda zehinli söz ussatlary, dilewar adamlar, rowaýatçylar, kyssaçylar tarapyndan döredilen we aýdylan eserler halk köpçüliginiň hakydasynda, dilinde, ýürek

sandygynda saklanyp gelipdir. Şu babatda, bagşylar, çeper sözli kyssaçylar halk döredijilik eserlerini diňe bir ýerine ýetirijiler bolman, eýsem, özleriçe işlemäge-de synanyşypdyrlar. Olaryň şol synanyşyklary köp babatda şowly netijeler hem beripdir.

Türkmen halkynyň milli miras baýlygyny, sözüň doly manysynda öwrenmek, ol mirasy halk köpçüligine dolulygynda ýaýratmak işi esasan, Garaşsyzlyk bagtyna eýe bolan günümizden başlap, has-da janlanyp ugrady. Türkmen alymlary merhemetli Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň: «Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyklaryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr»[1] diýen parasatly pähiminden ugur alyp, ruhy medeniýetimize ünsi has hem güýçlendirdiler.

Türkmen halkynyň edebi mirasyny ilat arasyndan toplamaklygyň, neşir etmekligiň we ylmy taýdan öwrenmekligiň zerurlygy barada ilkinji seslenenlerden Hojaly molla Myratberdi oglunyň, M.Geldiýewiň, A.Alyýewiň, B.Garryýewiň we beýlekileriň atlary ýatlanylmaga mynasypdyr.

Türkmen halk döredijiliginiň dürli görnüşleriniň, halk dessanlarynyň özboluşly aýratynlyklaryny, taglym hem çeperçilik gymmatyny ýüze çykarmaga goşant goşan belli alymlardan P.Kiçigulowyň[2], B.Mämmetýazowyň[3], B.Weliýewiň[4], Ş.Halmu-

---

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. Aşgabat, 2001. 98 s.

[2] Kiçigulow P. «Görogly» hakynda söhbet. Aşgabat. 1978.

[3] Mämmetýazow B. «Görogly» eposy we onuň häzirki zaman ýagdaýy. Aşgabat. 1979; «Görogly» eposynyň döreýşi hakynda. Aşgabat. 1989; Türkmen gahrymançylyk eposy «Görogly». Aşgabat. 1992.

[4] Weliýew B. Stawropol türkmenleriniň dessanlary. Aşgabat. Ylym. 1980; Türkmen halk poeziýasy. Aşgabat. Ylym. 1983.

hammedowyň[1], A.Durdyýewanyň[2], S.Gutlyýewanyň[3], A.Baýmyradowyň[4], A.Garryýewanyň[5] saldamly işleri-de halk döredijilik nusgalarynyň öwrenilişine ymykly girişilendiginiň subutnamasydyr.

Gündogar halklarynyň, şol sanda, türkmen halkynyň döreden eserleriniň iri görnüşlerinden biri bolan dessanlar edebi mirasymyzda uly orun eýeleýär. Olar nusgawy edebiýatymyzyň taryhy bilen hem aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Mälim bolşy ýaly, XVII-XIX asyrlar belli biri tarapyndan döredilen we ýazary nämälim dessanlaryň ençemesiniň dörän döwrüdir. Şol eserleriň arasynda «Asly-Kerem» dessany-da ýazary näbelli eser hasaplanylýar. Türkmen halk dessanlarynyň, şol sanda, «Asly-Kerem» dessanynyň hem haçan dörändigi doly anyklanylanok. Bu dessanyň wakalarynyň Eýranda, Kawkazda, Türkiýede, Hindistanda, Yrakda ýaşan türkmenleriň akgoýunly we garagoýunly diýen taýpalarynyň agalyk eden döwri bilen (XIV-XV asyrlar) gabat gelýändigini käbir alymlar çaklaýarlar.[6]

Taryh ylymlarynyň kandidaty B.Garabaýew türkmen halkynyň etnogenezine bagyşlanylyp 1967-nji ýylyň Baýdak aýynda geçirilen Bütinsoýuz maslahatynda eden çykyşynda häzirki wagtda Kiçi Aziýada ýaşaýan teke türkmenleri barada gyzyk-

---

[1] Halmuhammedow III Türkmen ertekilerinde halk satirasynyň çeper tärleri. Aşgabat. 1984; Türkmen ertekilerinde durnukly çeperçilik däpleri. Aşgabat. 1989.

[2] Durdyýewa A. «Görogly» eposynda fantastika. Aşgabat. 1981; Türkmen folklorynda sanawaçlar we ýaňlytmaçlar žanrlarynyň aýratynlyklary. Aşgabat. 1985.

[3] Gutlyýewa S. Türkmen halk dessany «Nejep oglan». Aşgabat. 1981.

[4] Baýmyradow A. Türkmen folklor prozasynyň taryhy ewolýusiýasy. Aşgabat. Ylym. 1982; Haýwanlar hakyndaky türkmen ertekileri. Aşgabat. Ylym. 1986.

[5] Garryýewa A. Türkmen halk «Görogly» eposynyň poetik sistemasy. Aşgabat. Ylym. 1990.

[6] Гаррыев Б.А. «Аслы-Керем» халк романы. Совет эдебияты. ж,1945, №3.

lanyp gürrüň bermek bilen, taryhy maglumatlara salgylanyp: «Teke türkmenleri Orta Aziýadan Anadola XII-XIII asyrlarda göçüp barypdyrlar. Häzirem Türkiýede ýaşaýan teke ýürükleriniň (çarwalarynyň) arasynda Ahalyň XIX-XX asyryň başlaryndaky teke tirelerine gabat gelýän aýry-aýry tireler ýaşaýar»[1] diýýär.

«Asly-Kerem» dessanynyň waka ýordumy Gündogar halklarynyň arasynda ençeme asyrdan bäri dowam edip gelýär. Aslynda göçme ýordum esasynda eser döretmeklik («Zöhre-Tahyr», «Leýli-Mejnun», «Şasenem-Garyp», «Saýatly Hemra», «Görogly») doganlyk halklaryň arasynda däbe öwrülendir. Halk döredijiliginiň köp asyrlyk taryhy yzarlanylanda onuň dürli nusgalaryny taryhy-deňeşdirme usulynda barlamak hökmanydyr.

Türki halklaryň irki döwürlerden gözbaş alyp gaýdýan söwda, ykdysady aragatnaşyklary, belli bir derejede olaryň medeni-edebi gatnaşyklarynyň hem ýüze çykmagyna getiripdir. «Asly-Kerem» dessany şol medeni gatnaşyklaryň şertlerinde dörän edebi ýadygärlikdir.

Aslynda haýsy-da bolsa, bir halk tarapyndan döredilen bir eser wagtyň geçmegi bilen dürli halklaryň arasyna ýaýrap, her halkyň milli häsiýeti siňdirilip, öz edebi ýadygärligine öwrülüpdir. Uzak asyrlaryň geçmegi bilen, dürli sebäplere görä, ol eserleri döreden ýazar hem-de onuň dörän döwri mälim bolman galypdyr. «Asly-Kerem» dessany hem şeýle ýagdaýlary başdan geçirendir.

Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar insitutynyň hazynasynda «Asly-Kerem» dessanyna degişli nusgalar saklanylýar. Ol nusgalaryň dördüsi (№ 316 [e], 335 [e], 365 [e],

---

[1] «Edebiýat we sungat» gazeti. 1967, № 19 (762).

3839[e]) daşbasma neşir bolup, galan bukjalardaky (№ 292[f], 571[f], 628[f], 736[f], 1042[f]) nusgalar bolsa, dessana degişli aýry-aýry goşgulardyr, kyssasyndan zat ýokdur. Şu çaka çenli golýazmalar hazynamyzda «Asly-Kerem» dessanynyň golýazma nusgasy ýok hasap edilýärdi. Onuň 1943-nji, 1965-nji we 1998-nji ýyllardaky neşirleri bolsa daşbasma çaplarynyň esasynda taýýarlanylyp, çap edildi. Biziň irginsiz gözlegimiziň netijesinde 1997-nji ýylda dessanyň doly bolmadyk iki sany (№ 6149[e]. 7034[e]) golýazma nusgasy gola salyndy.

Dessanyň bu nusgalarynyň haçan we kim tarapyndan göçürilendigi hakda hiç hili maglumat bolmansoň, şeýle hem nusgalar doly bolmansoň, ylmy nusga taýýarlanylanda № 335[f]-nji bukjadaky daşbasma çapy iň doly we ähtibarly hasap edildi.

«Asly-Kerem» dessanynyň bu daşbasma çapy hijri ýyl hasaby boýunça 1334-nji (milady ýyl hasaby boýunça 1916-njy ýyl) Daşkentde O.A.Porsewiň çaphanasynda neşir edilipdir. Bu daşbasma çapynda «Şahzada Kerem we Asly han» we «Hekaýaýy «Leýli we Mejnun» we «Kyssaýy şahzada Seýfellemek» 1334 (1916), Molla Mirzahyt, molla Mirsyddyh merhum ogly Merwi Şahyjahanda mesjit kyblasynda, Muhammet tilmaç saraýynda, kitap söwdasy birle turgujyny Ihtimamile Taşkentde Porsew metbagysyda basylmyşdyr» diýlen bellikler bar.

«Asly-Kerem» dessanyna degişli golýazmalar hazynamyzda bar bolan ýokarda gözden geçirilen çeşmelerimizden başgada, öňde hem belläp geçişimiz ýaly, dilewar bagşylarymyzyň dilindäki tirme aýdymlary uly gollanma bolup, dessanyň ýetmez ýerlerini doldurmakda bahasyna ýetip bolmajak peýda getirendigini aýratyn nygtamalydyrys.

Daşoguz topar etraplarynda dessan aýtmaklygyň Türkmenistanyň beýleki welaýatlaryna garanyňda, has ýörgünlidigini aýtmak bolar. Bagşylaryň bir topary dessany diňleýjilere laýyk-

lykda dolulygynda, ýene birleri gysgaldylan görnüşde, käbirleri bolsa, onuň diňe aýdymlaryny tirmeçi görnüşinde ýerine ýetiripdirler. Meşhur dessançylardan, tirmeçi bagşylardan Pälwan hoja Ata oglunyň, Nazar Baganyň, Muhy bagşynyň, Girman bagşynyň, Öwlüýaguly bagşynyň, Şükür bagşynyň, Magtymguly Garlynyň hyzmatlary egsilmezdir. Bu halk zehinleri türkmen halk dessanlarynyň köpüsini ýat tutmak bilen olara degişli ýakymly mukamlar düzüp, halkyň göwnünden turupdyrlar.

Serdarly gürrüňçi ýaşuly Hudaýberdi Magtymowyň (ol 1883-nji ýylda doglan, merhum) beren gürrüňine görä,[1] «Asly-Kerem» dessanyny Çowdur bagşy (ol 1884-nji ýylda doglan, merhum) doly ýerine ýetirer ekeni. Çowdur bagşy «Görogly» şadessanynyň birnäçe şahalaryny, «Saýatly – Hemra» dessanyny hem ussatlarça aýdar ekeni. Bu bagşy bilen meşhur saz öwreniji W.Uspenskiý hem duşuşypdyr. Ondan köp sanly halk aýdymlaryny ýazyp alypdyr. Şeýle hem, bu dessany Daşoguz welaýatynyň Görogly etrabynda ýaşap geçen ussat bagşy Şajan Begmyradowyň hem aýdandygy barada maglumatlar bar.[2] Ol «Şasenem-Garyp», «Hüýrlukga-Hemra», «Saýatly Hemra» ýaly dessanlary hem aýdar ekeni.

Başga bir maglumata görä,[3]«Asly-Kerem» dessanyny Baharly etrabyndan Hojanazar bagşy hem ussatlyk bilen ýerine ýetirer ekeni. Soňky wagtlarda bu dessany Aşgabadyň Garadamak obasynda ýaşan Igli Rejebow ýerine ýetirer ekeni. Ol 1968-nji ýylda aradan çykypdyr. Dürli sebäplere görä, bagşy bilen duşuşyp, dessany ýazyp almak bize miýesser bolmady. Häzirki wagtda bu dessanyň diňe tirme aýdymlary aýdylýar.

---

[1] № 1078 [f].
[2] Türkmen folklory häzirki zamanda. 1 j. Aşgabat. Ylym, 1976.
[3] Bu maglumat 1965-nji ýylda serdarly Nurmyrat Saparowyň dilinden alyndy.

«Asly-Kerem» dessanynyň şahyrana goşgularynyň ussat bagşylar tarapyndan höwes hem uly joşgun bilen ýerine ýetirilmegi onuň halkylygyndan we milliliginden habar berýär.

Ýeri gelende nygtamaly zat, ýurt baştutanymyz Belent Mertebeli Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Mukaddes Ruhnamanyň birinji we ikinji kitaplarynda türkmen aýdym-sazyna, onuň gudratyna uly baha berip, kähalatlarda ýiti ýaragyň bitirip bilmejek işini aýdym-sazyň bitirip bilýändigini öwran-öwran nygtamak bilen şeýle baha berýär: «Aýdym-saz halkymyzyň ruhy ganatydyr. Şol ganat bilen türkmen halky asyrlaryň çuňlugyndan häzirki günlere çenli gelip ýetdi. Şol ganat bilen türkmen halky ajaýyp günlere gujak açýar.

Aýdym-saz tutuş asyrlaryň dowamynda halkymyzyň mukaddes umydynyň hökmirowan syrdaşy bolup geldi.

Türkmen halk mukamlaryna ata-babalarymyzyň bir ülşi siňendir. Her kim ony diňlese, onuň ruhy galkynar.»[1]

«Asly-Kerem» dessanyndan «Bu jeren», «Gözelim», «Durnam», «Sarygül», «Daglar», «Sona geldimi?» kimin aýdymlary türkmen saz sungatynyň irki wekilleri Şükür bagşynyň, Oraz Salyryň, Magtymguly Garlynyň ürç edip aýdan aýdymlaryna öwrülüpdir.

Dessandaky «Aslym gelmedi», «Kerem geldi», «Hal iki ýandan», «Özge gerekmez», «Sarygül», «Natuwan eýlär», «Ýara ýol berme», «Men bu ýoluň haýsy birine baraýyn?», «Onda bir gözel» ýaly aýdymlar Türkmenistanyň ussat bagşylary Sahy Jepbarowyň, Mämmet Hallymämmedowyň, Artykmämmet Ymamberdiýewiň, Ödenyýaz Nobatowyň, Nurjemal Adyýewanyň, Dörtguly Durdyýewiň ýerine ýetirmeklerinde ýaňlandy we häzirki günde hem ýerine ýetirilýär. Bu bolsa

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama, ikinji kitap. Aşgabat, 2004. 412 s.

türkmen halkynyň dessana bolan gyzyklanmasyny, söýgüsini alamatlandyrýar.

«Asly-Kerem» yşky-şahyrana dessan bolup, onda aýry-aýry dine uýýan iki ýaş ynsanyň biri-birine bolan söýgüsi suratlandyrylýar. Dürli dindäki (musulman we hristian) ýaşlaryň söýgüsini beýan edýän bu mowzuk irki döwürlerden bäri ençeme halklaryň halk döredijilik eserlerinde we edebiýaynda özüne mynasyp orun alypdyr.

Bu mowzugyň işlenilişi XII asyrda ýaşan kürt şahyry Faki Teýranyň «Şyh Sengan»[1] atly poemasynda has-da täsirlidir. Poemanyň waka ýordumy ýakyn Gündogarda we Zakawkazýede giňden ýaýrandyr. Onuň esasynda umumy bir rowaýat ýatýar. Türki halklaryň irki döwürlerden gaýdýan söwda, ykdysady aragatnaşyklary, belli bir derejede olaryň medeni-edebi gatnaşyklarynyň hem ýüze çykmagyna getiripdir. Poemada suratlandyrylyşyna görä, ýetmiş ýaşly Şyh Sengan 500 sany sopa ýolbaşçylyk edipdir. Olar däp boýunça zikr aýdypdyrlar, dünýäniň başga hezilliklerinden ýüz dönderipdirler. Şyh Sengan zikr çekmek we Hudaýa gulluk etmek bilen meşgul bolup, köp gözýaş döker eken, onuň gülýän wagty az bolupdyr. Şyh Sengan toýlara barmaz eken. Ol lallara doga okap, her hili kesellilere em eder eken. Dünýäde hiç bir zat, hat-da tebigatyň, gyzlaryň gözelligi-de oňa täsir etmändir.

Günlerde bir gün Şyh Sengan düýşünde gürji gyzyny görüp, oňa aşyk bolýar. Ol gyza ýetmek üçin bar zatdan, sopularyndan, hat-da dininden geçmäge-de taýyn bolýar. Oňa sopulary köp maslahat berseler-de, gyza bolan söýgüsinden dänmeýär. Şyh Senganyň «tutan ýolundan» gaýtmajagyna gözi ýeten sopular ony gyzyň köşgüne taşlap gaýdýarlar. Gyz onuň

[1] Факи Тейран. Шейх Сан’ан, Москва. Изд-во «Наука». Главная редакция восточной литературы, 1965.

güýçden gaçan garrydygyny, özüne mynasyp däldigini düşündirse-de, Şyh Sengan öz niýetinden el üzmeýär. Gyz ahyry eger ol doňuz çopany bolsa barjakdygyny aýdýar. Gyzyň bu şertine Şyh Sengan razylaşyp, doňuz idediji bolýar.

Şyh Senganyň gözden düşüp bolup ýörşüne sopulary gynanýarlar. Her hili ýollar bilen onuň hristian gyzyndan ýüz öwürmegini, arasyny açmagyny maslahat berýärler. Poemanyň ahyrynda Şyh Sengan sopularyň täsiri bilen ýene-de öz dinine geçýär. Ol gaýdandan soň, gyz hem onuň yzyndan gelýär we musulman dinine geçýär. Eserde suratlandyrylyşyna görä, şol wagt Ezraýyl gelip, olaryň janyny alýar we waka soňlanýar. Eseriň mazmunyndan dürli milletiň wekilleriniň päk söýgüden güýçli zadyň ýokdugyna bolan ynamlaryny aňlamak bolýar. Şu ýerde gaýry dindäki aşyk ýigit bilen magşuk gyzyň biri-birine göwün berip, öz uýan dinlerinden ýüz öwürmeklerine näme sebäp bolduka? diýen sorag ýüze çykýar.

Mälim bolşy ýaly, ertekilerde, şeýle hem, orta asyrlarda dörän şadessandyr dessanlarda («Gorkut ata», «Görogly» we ş.m.) dogrudan hem aşyk ýigit nirelerdedir özge bir ýurtda ýaşaýan gaýry milletden bolan ýa gürji, ýa ermeni, ýa peri gyzlaryna aşyk bolýarlar. Meselem, «Saýatly Hemrada» Hemra ýaňy baş goşan magşugy Selbinyýazy taşlap, ýurt söküp gürji gyzy Saýat hanyň gözlegine çykýar. Meşhur «Görogly» şadessanynyň baş gahrymany Kap dagyndaky Agaýunus periniň yzyndan gidýär. Ýa-da Görogly gürji ýigidi Bezirgeniň uýasy Aýsoltany iň batyr ýigidi Taýmaz bege nikalap berýär. Şunlukda, söýüşýänleriň şeýle usulda maşgala gurmaklaryny aşakdaky ýaly düşündirmek mümkin:

1. Yşky-hyýaly dessanlarda köplenç anyk gahrymanlar özge ýurtdaky hyýaly perilere (Agaýunus, Hüýrlukga...) aşyk bolýarlar. Bu elbetde, ertekileriň täsirindendir.

2. Bu toparda magşuk gyzlar (Mahym, Zöhre, Gülruh, Gülaýym) Kap dagynda, Erem bagynda däl-de, Bagdatda, Tatarda, Leke şanyň ýurdunda ýaşaýarlar.

3. Hakyky durmuşa doly geçmek ýagdaýy bolup geçýär. Munda ýokarda belläp geçişimiz ýaly, dini başga aşyk-magşuklar söýgi meselesinde diniň, dini ynançlaryň çäginden çykyp, dini başgalara aşyk bolýarlar. Mysal üçin, musulman ýigidi Kerem ermeni gyzy Asla aşyk bolýar.

«Asly-Kerem» dessanynyň türkmen, türk, azerbaýjan nusgalarynyň üçüsinde hem patyşalaryň, hanlaryň perzentsizligi, olaryň birinjide öwlüýälere (türkmen nusgasynda), beýlekilerinde Hudaýa (türk, azerbaýjan nusgalarynda) ýüz tutuşlary, sygynmaklary netijesinde ogully-gyzly boluşlary ýaly wakalar bilen başlanmagy, olaryň wakalarynyň haýsy-da bolsa, umumy bir ertekiniň esasynda dörändigine güwä geçýär. Aslynda, käbir alymlaryň pikirine görä, dessanlaryň aglabasynyň waka ýordumy ertekilerden alnandyr.

XIX asyr urdu (hindi) edebiýatynyň görnükli wekili Mir Ammanyň «Dört derwüş»[1] atly eseri türkmen okyjylaryna-da mälimdir. Ol eser kyssa-hekaýa şekilinde bolup, bütin Gündogarda meşhurdyr.

Eseri okap başlanyňda «Asly-Kerem» dessanynyň türkmen nusgasynda wakalarynyň başlanyşy göz öňüne gelýär. Eser Rum welaýatynyň patyşasynyň perzentsizligi, soňra onuň keramatly ýerlere aýlanmagy, öwlüýälere ýykylmagy netijesinde perzentli bolşy ýaly wakalary öz içine alýar. Tä perzendiň /baş gahrymanyň/ dünýä inmegine çenli bolan gürrüňler «Asly-Keremiň» türkmen nusgasy bilen, esasan, birmeňzeşdir. Muny delillendirmek üçin mysallara ýüzleneliň:

[1] Mir Amman. Dört derwüş. Aşgabat. TDH, 1962 (Şundan soňra kitabyň diňe sahypa sany görkeziljekdir).

«Asly-Kerem» dessanynyň başyndaky: «Günlerde bir gün patyşa aýnaýy-bedennemany eline alyp, tomaşa edip gördi ki, birniçe muýy-sefid sakgalyga düşüpdir. Patyşa bir ah çekip: «Men nägadar leşger talap edip we nägadar mal jemyg etdim ki, haýhat-haýhat daryl penadan bakyga ryhlat kylgaý men. Menden soňra taht we täjimge kim eýelik eder»[1]diýen parça «Dört derwüşde» şeýle beýan edilýär: «Bir gün ol [patyşa – A.D.] aýna jaýda namazyny okap, soňra Gurhan açyp otyrka, onuň nazary aýna düşüpdir welin, birdenkä öz murtunda misli ak sapak[2] ýaly ýylpyldap duran akja gyly görüpdir. Gözüne ýaş aýlap, ah çekipdir-de, öz içinden «Wah, seniň gör näçe ömrüň haýp geçdi! Sen ýer ýüzünde şöhrat gazanjak bolup, bütin dünýäni agdar-düňder etdiň... Täji-tagta eýelik etjek ogly öndermek seniň kysmatyňda ýokdugy görnüp dur»[3] diýip oýlanan.

«Asly-Kerem» dessanyndan ýene-de bir mysal:

Zyýat patyşanyň bir akylly weziri bar eken. Ol patyşa perzentsizlikden gamgyn bolup otyrka, şeýle maslahat beripdir: «Eý, patyşahy-älem, bu işde sadaka bermek gerek, şaýat ki, Allatagalla bir pukaranyň dogasyny müstejap edip, sizge bir perzent ata kylsyn... Kyblaýy-älem salamat olsun! Pabusy-Ymam Ryzaga çokunuň, şaýat ki, o büzürükwar şerapatyndan haýyr gapysy ýüzüňüzge açylsyn.

Elkyssa, patyşa wezir nesihatyny kabul kylyp, jemyg memleketini terk edip, hazynanyň ygtyýaryny wezirge berip we pukara lybasyny geýip, rowzaýy-mutahharaýe Ymam Ryzaga çokunmaga durdy».

Zyýat patyşa weziriň beren maslahatyny kabul edýär we açýalaňaç pukaralary doýurýar. Şu waka «Dört derwüşde» şeýle

---

[1] № 335 [e], 2 s.

[2] Görkezilen kitap, 19-20 s.

[3] Görkezilen kitap, 19-20 s.

suratlandyrylýar: «Azatbagt patyşanyň bir akylly weziri bolan. Ol patyşa şeýle maslahat berýär... Siz Taňra sygynyň! Allanyň bendeleri siziň hökümdarlygyňyzda parahat saýalar ýaly, siz gündizlerine ýurda ýolbaşçylyk ediň hem-de adyllyk görkeziň... Ýetim-ýesirleri, köp çagaly dul galan aýallary doýuryň...»[1]

Azatbagt patyşa hem weziriň maslahatyny berjaý edipdir. Bir gije köne-küşül geýim geýip, ýany bilen biraz pul alyp, hiç kime duýdurman, köşkden çykyp, çöl-beýewana tarap ugraýar. «Az ýöräp, köp ýöräp, bir öwlüýä ýetýär. Päk ýürek bilen namaz okamaga durýar.»[2]

Şu wakalardan soňra iki eserde-de patyşalaryň ikisiniň hem perzentleriniň dünýä inişi barada gürrüň edilýär. Ýöne şondan soňraky wakalar her eserde başgaçadyr.

Öň belläp geçişimiz ýaly, käbir alymlaryň «Asly-Kerem» dessanynyň wakasynyň Eýran, Yrak, Kürdüstan, Hindistan ýaly dürli ýurtlara ýaýrandygy baradaky pikirlerine, şeýle hem, dessanyň wakasynyň «Dört derwüşden» öň dörändigi baradaky çaklama salgylansak, onda bu eseriň waka ýaýrawynyň irki döwürlerden gözbaş alyp gaýdandygyna göz üetirmek bolýar.

«Görogly» şadessany, «Şasenem-Garyp», «Saýatly Hemra», «Hüýrlukga-Hemra», «Nejep oglan» ýaly birnäçe halk dessanlary bilen bir hatarda «Asly-Kerem» dessany hem taglym-manysy, mowzugy, çeperçiligi babatda türkmen halk döredijiliginde mynasyp orna eýe bolan tutuş bir eserdir. Onda watansöýüjilik, halklaryň doganlyk-dostlugy, päk söýgä wepalylyk, aýdym-saza halkyň teşneligi ýaly türkmen durmuşyna mahsus mowzuklar öňe sürülýär.

Dessanyň baş gahrymany musulman ýigit Kerem hristian dininiň wekili Aslyny söýýär. Emma biri-birine gapma-garşy

[1] Mir Amman. Görkezilen eser. 26 s.
[2] Şol ýerde, 27 s.

bolan dinleriň wekilleri, bolan ata-eneler bu iki ýaş ynsanyň bir-birlerine gowuşmaklaryna päsgel berýärler. Olaryň şeýle hereketlerine dini ynançlar böwet bolýar.

Kerem bilen Asly duşuşan ilkinji günlerinden ozalky atlaryna (Mahmyt we Zöhre)[1] derek Kerem we Asly atlaryny alýarlar. Kerem özleriniň päk söýgülerini delillendirmek maksady bilen ikisiniň haýsy-da bolsa, bir diniň tarapyna geçmelidigi baradaky pikiri orta atýar:

El-ele bereli, şähre baraly,
Kazydan, molladan habar alaly,
Her din kabul bolsa, şoňa baraly,
Ýa sen musulman bol, ýa men ermeni.[2]

Netijede hristian gyzy Asly ikirjiňlenmän, musulman dinini kabul edýär. Bu, elbetde, söýgüniň güýjüniň her bir zatdan ýokarda durýandygyny, bu näzik, mukaddes duýgy üçin dini parhlylygyň ähmiýetiniň ýokdugyny aňlatmak üçin halkyň oýlap tapan usulydyr, ýörelgesidir, eseriň halkylygydyr.

H.G.Göroglynyň belleýşi ýaly, «munuň özi azerbaýjan sredasynda bolup biljek zat däl, sebäbi bu ýerde yslam, aýratynda şaýylar çuň kök urupdyr. Emma türkmenleriň arasynda beýle däl. Mälim bolşy ýaly, ýokary gatlak wekilleriniň hem ruhanylaryň yhlas edişlerine garamazdan, birnäçe obýektiw sebäplere görä, din türkmen halkyna onçakly çuň täsir edip bilmändir. Ine, şu mesele hem aýdyjy tarapyndan dessanda oňat

---

[1] Aslynyň Zöhre adynyň «Zöhre-Tahyr» dessanynyň baş gahrymanynyň ady bilen (Zöhre), Mahmydyň Kerem adynyň şol dessanda suratlandyrylýan şähri-Jürjan ýurdunyň patyşasy Kerem han bilen atdaş gelmekleri gyzykly ýagdaýdyr.

[2] № 335 [e], 7 s.

peýdalanylypdyr».[1] Şol sebäpli öz ykballaryny özleriçe çözmegiň ýoluna düşen ýaşlaryň hereketleri, garaýyşlary dessanda esasy garşylygyň ýüze çykmagyna sebäp bolýar.

Kerem şanyň ogly bolsa-da, atasynyň şalyk mümkinçiliklerinden peýdalanmaýar. Ol hemişe diýen ýaly paýu-pyýada magşugynyň gözleginde gezýär. Kerem häsiýeti boýunça ahlak taýdan arassa, sada kiçigöwünli, päk, ygrarly gahrymandyr. Onda köplenç dessan gahrymanlaryna mahsus bolan iki aýallylyk düşünjesi ýok. Muny onuň:

Men öz janym berem Aslym üstünde,
Özge ýary söýmen, söýem Aslyny[2].

diýen sözleri hem tassyklaýar. Kerem özi şa neslinden bolsa-da, öz döwründe agalyk süren käbir gopbamsy namartlaryň häsiýetini, adalatsyzlygyny ýigrenipdir, zamanasyndan nägilediginі duýdurypdyr:

Harap bolsun, beýle çarhy - zamana,
Bary daglar gark bolupdyr dumana.[3]

Şazada ýigidiň zamanasy, şol döwrüň şalary barada şeýle sözleri aýdyp bilmegi üçin atyň kellesi ýaly ýürek hem hakykatyň ýüzüne göni seretmegi başarmagy gerek. Ýöne dessanda wakalaryň gidişinde, şol ýüreklilik, maksada okgunlylyk doly ýüze çykanok.Köplenç yşky dessan gahrymanlaryna mahsus bolşy ýaly, Keremde hem söweşjeňlik ukyby pes.

---

[1] Seret: Türkmen halk döredijiligi boýunça oçerk. Dessanlar. Aşgabat. Ylym, 1967, 70 s.

[2] № 571 [f], 79 s.

[3] № 335 [e], 30 s.

Kerem rehimdar, ýukaýürek gahryman. Ol Aslynyň ugrunda ençeme ýurtlary sökende ýolda ýoldaşy-dosty heläk bolýar. Kerem ony däp boýunça jaýlaýar. Şeýle hem aglamakdan gözi kör bolan atasynyň gözüniň açylmagyny Allatagaladan dileýär:

Kadyry gudrat sen, jahan aperin,
Atamyň gözüne şypa ber, Alla.[1]

Dessanda Kerem pajygaly ýagdaýda heläk bolýar, jadynyň güýjünden ýanyp, kül bolýar. Emma wakalaryň dowamynda ol direldilýär. Halk öz söýgüli gahrymanyny şeýle agyr halda, agyr ýagdaýda goýmak islemändir. Şonuň üçinem nähilidir bir ýol bilen baş gahryman bilen ýene-de görüşmegi maksat edinip, şol ýoly oýlap tapypdyr. Elbetde, bu ýaşlary maksat-myrada ýetirmek üçin sada halkyň oýlap tapan çykalgasydyr we arzuwydyr.

Aslynda Keremiň keşbi Gündogar edebiýatynda durnuklylygyň, wepalylygyň, ygrarlylygyň nusgasy hasaplanylýar. Belli türk şahyry Nazym Hikmetiň «Kerem ýaly» şygrynda onuň keşbi şeýle jemlenýär:

Kerem ýaly ýana-ýana,
Sen ýanmasaň,
Men ýanmasam,
Biz ýanmasak,
Onda kimler dözer jany.[2]

«Asly-Kerem» dessanynyň ikinji bir esasy gahrymany Keremiň magşugy Aslydyr. Asly dessanda iki halkyň wekili hökmünde häsiýetlendirilýär. Ol bir ýerde ermeni gyzy, ýene

[1] Şol ýerde, 39 s.
[2] Hikmet N. Goşgular, Aşgabat. Türkmenistan, 1989.

bir ýerde gürji gyzy bolup hereket edýär. Kerem Asly bilen bagda ilkinji gezek duşuşanda:

– Eý, hüýrlukga, aýtgyl, aslyň ne ýerlidir? – diýende Asly oňa:

– Eý, şazada, aslym ermeni, özüm Gara Melekniň gyzy bolar men – diýip jogap berýär.

Ýa-da:

– Atasy gürjüdir, gyzy ermeni.[1]

– Atasy gürjüdir, gyzy melekdir.[2]

– Ermenidir meniň soýum,
– Şalara bermezler moýum.[3]

– Sen olup sen ermeniniň aşygy.[4]
– Birisi ermeni, biri musulman.[5]

kimin mysallardan belli bolşy ýaly, Aslynyň ene-atasynyň haýsy milletdendigini birbada seljermek örän kyn. Her halda, bu dessanyň türki halklardaky nusgalaryna hem salgylanyp, şeýle hem, mysal getirilen goşgy setirlerinden çen tunulsa, «Aslynyň atasy gürji, enesi ermeni bolmagy-da ahmal»diýen pikir döreýär. Türkmen nusgasynda dürli pikiriň bolmagyny dessany ýerine ýetirijileriň goluna düşen, öwrenen nusgalarynda garyşdyrylan bolmagynyň ähtimaldygy bilen düşündirmek bolar.

Aslynyň häsiýetinde türkmen gelin-gyzlaryna mahsus bolan asyllylyk, kiçigöwünlilik, söýgä wepalylyk aýdyň ýüze çykýar. Ol özge dindäki ýigidiň söýgüsini, dinini kabul edýär. Emma wakalaryň dowamynda onuň bu tutanýerliligi birneme

---

[1] № 335 [e], 34 s.
[2] Şol ýerde, 44 s.
8* Şol ýerde, 33 s.
[4] Şol ýerde, 26 s.
[5] Şol ýerde, 34 s.

gowşaýar. Atasynyň özüni aşyk ýigidinden telim ýyllap alyp gaçmagy bilen hem ylalaşyp gezýär. Emma uzak ýyllaryň aýraçylygy-da, ata-enesiniň her hili hilegärligi-de Kereme bolan söýgüsini öçürmeýär. Her hili päsgelçiliklerde-de Asly Keremden ýüz döndermeýär. Onuň ar-namysyny goraýar:

Kerem jan, minnet biler men,
Namysym-arym seniňdir,
Saňa sadaga bolar men,
Dinim-imanym seniňdir.[1]

Asly çydamly, mert gyz hökmünde hakydaňda galýar. Kerem ýanyp kül bolansoň, onuň külüni depin edip, özi-de kyrk ýyllap, guburynyň başynda müjewür bolup, ýaş ömrüni geçirýär. Halk Keremi direldişi ýaly, keramatly adamlaryň, güýçleriň gudraty bilen Asla-da ýaşlygyny gaýtaryp berýär. Netijede, iki ýaş ynsanyň biri-birine bolan söýgüsi ähli garşylyklardan, päsgelçiliklerden, hat-da ölümden üstün çykýar.

Ýeri gelende bellemeli zat, baş gahrymanlar birbada ýogalyp, soňra direlýärler, juwallaşýarlar. Bu dessanyň türkmen nusgasynyň özboluşlygydyr, özi-de şowly özboluşlylygydyr. Munuň özi Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Mukaddes Ruhnamasynda bellenilen türkmene mahsus bolan ruhubelentlik, geljege ynamly garamak häsiýeti bilen baglanşykly bolsa gerek.

Dessanyň türkmen nusgasynyň wakasynyň şowly gutarmagy, onda adamzadyň jemgyýetde tutýan ornuna, güýjüne ynanmak, ony söýmek we hormatlamak ynsanperwerlik ýaly belent gymmatly taglymyň öňe sürlendigini aňladýar.

[1] № 292 [f], 72 s.

«Asly-Kerem» dessanynda adalatly, rehimdar şadyr hanlaryň keşbini Zyýat şanyň, Hüňkär patyşanyň we Mahmyt hanyň keşpleriniň mysalynda yzarlamak bolýar.

Keremiň atasy Zyýat şa ýurdy parahat dolandyryp oturan, perzentsiz patyşa. Ol perzent diläp, Ymam Ryza ýüz tutýar:

Men Zyýat şa, derdi-gamga mübtela,
Perzent üçin başa salmyşam gowga,
Arzymy eşitgil, ýa Ymam Ryza,
Men bendäge ogul zürýat gerekdir.[1]

H.G.Görogly türkmen nusgasynda Zyýat şanyň perzent diläp Şahymerdana ýüz tutman, Maşatdaky Ymam Ryza[2] ýüzlenmegini yslam dinine uýýanlaryň hemmesine mahsus bolmadyk hadysa hökmünde belläp, oňa adatça şaýylaryň sežde edýändiklerini nygtaýar. Emma Ymam Ryza sygynmak, sežde etmek ýaly ýagdaýlar türkmen edebiýatynyň nusgawy şahyrlarynyň döreden eserlerinde hem duş gelýär. Akyldarymyz Magtymgulynyň «Seýran içinde» atly goşgusynda Ymam Ryzanyň ady gelýär:

Gözel pirler, gözel ýerler,
Çekdiler bu ýolda zarlar,
Ymam Ryza, şyhy pirler,
Niçe gözel jan içinde.[3]

---

[1] № 335, 3 s.

[2] Ymam Ryza – Musa Käzimiň ogly Abulhasan Aly şaýylaryň sekizinji ymamy, 770-nji ýylda Medinede eneden bolýar. Mamun halypanyň döwründe 817-818-nji ýyllarda zäherlenilip öldürilýär. Onuň mazary Eýranyň Maşat şäherinde ýerleşýär. Bu ymamyň lakamy «Ryza» bolany üçin, oňa «Ymam Ryza» ýa-da «Ymam Aly ibn Musa-er-Ryza» diýilýär.

[3] Magtymguly. Saýlanan eserler. Aşgabat. TYA-nyň neşirýaty, 1950, 383 s.

Bagşy sazanda Nobatnyýaz Saýyly «Ýara meni» diýen şygrynda Ymam Ryzadan delalat isleýär:

Ylahydan geldi seza,
Ölümmize bolduk ryza,
Maşatdaky Ymam Ryza,
Özüň ýetir, ýara meni.[1]

Rowaýata görä, Nobatnyýaz Saýyly Aşgabatdan Mara barýarka, ýolda garakçylara duş gelýär. Garakçylar şahyry talamakçy bolanlarynda olardan boşamak üçin Ymam Ryzadan medet diläp, şol goşgyny düzüpdir we aýdym edip aýdypdyr. Diňe şol aýdymy aýdan soň, garakçylar şahyry boşadypdyrlar.

Dessanda suratlandyrylyşyna görä, Zyýat şa Ymam Ryza sygynandan soňra ogully bolýar. Ol ýeke perzendiniň gaýry dinden bolan gyzy söýenine birbada garşy çyksa-da, atalyk hem adamçylyk duýgusy, perzendine bolan söýgüsi başky pikirinden üstün çykýar. Ol däp boýunça Gara Melegi öýüne çagyryp, hezzet-hormat edýär. Öz gezeginde olara gudaçylyga baryp, gyzyny dileýär. Ýogsam ol patyşalygyna daýanyp Gara Melegiň gyzyny güýç bilen hem alyp bilerdi. Emma ol musulmançylygyň däp-dessurlaryny berjaý edip, adamkärçiligiň belent nusgasyny görkezýär.

Dessandaky Mahmyt handyr Hüňkär patyşa hem baş gahrymanlaryň hereketlerini duýgy-düşünjelerini, maksatlaryny goldaýan, gerek ýerinde olara kömek berýän keşplerdir. Hatda Aslyny ilkinji gezek gören badyna aşyk bolýan Mahmyt hanyň tutan toýuna Kerem gelip çyn aşykdygyny aýdym bilen beýan edende, ol onuň hak aşykdygyny synamak üçin:

[1] Merjen däneler. A.: Türkmenistan, 1963, 24 s.

– Eý, bagşy, birniçe beýt meniň üçin aýtgyl! – diýýär. Şonda Kerem bilbil kimin saýrap:

Eşitgil, Mahmyt han, meniň arzymy,
El götergil, näzli ýarymdan meniň!
Bir «ah» ursam, älem ýanar oduma,
El götergil, näzli ýarymdan meniň![1]

diýýär welin, Mahmyt han onuň bagyşlamagyny soraýar.

«Asly-Kerem» dessanynda hereket edýän Aslynyň kakasy Gara Melek ýaşlaryň söýgüsine her edip, hesip edip garşylyk görkezýän, hilegär, zandyýaman, doňýürek adamlaryň hilindendir.Ol dessanyň başyndan, tä ahyryna çenli gyzyny gaçyryp ýörýär. Ol Aslyny musulman ýigidine bermejek bolup, hatda toý güni gyzy üçin jadyly toý lybasyny tikdirip, Keremiň ýanmagyna sebäp bolýar.

Dessandaky Nerkes, Sarygül, Asly gelin, Keremiň dosty ýaly gahrymanlar ýaşlaryň söýgüsine duýgudaşlyk bildirip, gerek ýerinde olara kömek edýän oňyn häsiýetli adamlardyr.

«Asly-Kerem» dessanynda sazdyr, watançylyk mowzugyna-da ep-esli orun berlipdir.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy türkmen halkynyň ýetmiş iki saz guralynyň owazyna, aýdym-sazyň güýjüne, gudratyna ýokary baha berip, Mukaddes Ruhnamada «Türkmeniň milli sazy-milletiň kalbynyň owazy.Türkmen sazynyň arassalygynyň özboluşlylygynyň hem hiç bir özge halkyňka meňzemeýänligini dünýä ykrar edýär. Türkmen sazy çuňňur pelsepä ýugrulandygy bilen tapawutlanýar. Şol häsiýet onuň many goýazylygyna eýe bolmagyna getiripdir. Umuman, söz sungaty – edebiýat bilen

---

[1] № 335[e], 19 s.

bilelikde saz sungaty türkmeniň esasy milli genisiniň ýüze çykýan ugrudyr. Türkmen dutarynyň owazy – bu milletiň döredijilik paýhasynyň gaty aňyrdanlygynyň gözli şaýadydyr»[1] diýmek bilen, aýdym-sazyň halkyň şatlykdyr gam-gussasyny özüne siňdiren ajaýyp sungatdygyny nygtaýar.

Aýdym-sazyň örän irki wagtlardan başlap ynsan durmuşynda mynasyp orun alandygy hakda gürrüň edilende Mahmyt Zamahşarynyň «Ýagşyzadalaryň bahary» atly alty jiltlik kitabyndaky: «Muhammet alaýhyssalam Mekgeden Medinä hijret edende, Medinäniň ýaşaýjylary ony aýdym aýdyp garşy alýarlar»[2] diýlen jümlelerini hem ýatlamak bolar.

Diýmek, aýdym-saz islendik döwürde, parh goýmazdan, ynsanlaryň ählisine deň derejede hyzmat etmek bilen ruhy lezzetiň bir görnüşi hökmünde olaryň durmuşynda uly orun tutupdyr. Şeýle täsin gudratly, täsirli ruhy lezzeti bilen özüne imrindiren sungatyň bu görnüşiniň söz bilen birigip, täsirliliginiň ýokary göterilmegini dessanlardan hem yzarlamak örän gyzyklydyr.

Baş gahryman Kerem öz söýgüsini sazyň üsti bilen mälim edýär. Dessanda Kerem toýuň üstünden baranda, şol toýda Aly atly bagşynyň aýdym-saz edip oturandygyny görüp: «Beýle bagda özge bilbil ýar olmaz» diýen aýdymy aýdýar.

Kerem Aslyny gözläp ýörkä, bir bezirgene duşýar. Bezirgen ony öz ýurduna äkitmekçi bolýar. Şonda Kerem oňa ýalbaryp, bir aýdym aýdyp berýär weli, bezirgen pikirlenip oňa: «Eger aşyky-päk bolsaň, doga eýle ki, bu dag açylyp, ýol

---

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy, Ruhnama, Aşgabat, 2001. 176 s.

[2] Mahmyt Zamahşary, Ýagşyzadalaryň bahary, III j., Aşgabat, «Miras», 2004, 106 s.

bersin, sizni azat kylaýyn»[1] diýýär. Netijede Kerem öňlerinde keserip duran belent daga aýdym-saz bilen ýüzlenýär:

Seniň akja garyň bardyr,
Meniň ahy-zarym bardyr,
Uzak ýerde ýarym bardyr,
Bir ýol ber, aşalyň, daglar![2]

Tahyryň («Zöhre-Tahyr» dessanynda) ýalbarmasyna dagyň ýarylyşy ýaly, Keremiň bu zaryndan, aýdym-sazyň gudratyndan dagdan ýol açylýar. Şeýle hem, Kerem aýdym-sazyň kömegi bilen asmandaky durnalary ýere gondurýar. Bular ýaly mysallar dessanda kän. Munuň özi tötänden däldir. Çünki aýdym-saz ynsan durmuşynda ruhy lezzet beriji sungat hökmünde uly orun tutýar.

Gorkut atanyň her bir wakany goluna gopuz (dutar) alyp, aýdym-saz bilen jemleýişi ýaly, Göroglynyň duşmandan her gezek üstün çykanynda ýeňiş dabarasyny, ýürek joşgunyny aýdym-sazyň üsti bilen beýan edişi kimin, Kerem hem şatlananda we gam-gussa batanda gudratly sungatyň üsti bilen ýürek joşgunyny, gam-gussasyny beýan edýär. Bu bolsa, türkmen halkynyň saz sungatyna iňňän uly hormatyndan habar berýän aýratynlykdyr.

«Asly-Kerem» dessanynda geçmiş türkmen durmuşyna mahsus bolan häsiýetler, däp-dessurlar, milli aýratynlyklar belli bir derejede orun tutupdyr. Ýaşlaryň biri-birine meýillidigini eşidensoň, ata-eneleriň duz-tagam dadyşyp, guda boluşlary, Keremiň köplenç atly gezmegi, gyz bilen ýigidiň bile duranyny görüp, garyndaşlarynyň namys edip, ýigidi urmaklary, türkmen

---

[1] № 335 [e], 23 s.
[2] Şol ýerde.

durmuşynda, hojalygynda iň zerur ulagy bolan düýäniň, kerweniň duş gelmegi, şeýle hem, çorba, peýnir, külçe ýaly tagamdyr iýmit atlarynyň, gelin-gyzlaryň bezegi bolan şaý-sepleriniň, geýim atlarynyň (gyrmyzy, keteni) getirilmegi bu dessanyň milli aýratynlyklaryny alamatlandyrýar.

«Asly-Kerem» dessany taglym-mowzuk ugry boýunça «Saýatly Hemra», «Hüýrlukga-Hemra», «Şasenem-Garyp», «Nejep oglan» ýaly halk dessanlaryna belli bir derejede ýakyndyr. Bu halk dessanlaryna mahsus bolan azat söýgi, birek-birege wepalylyk, il-halky, watany söýmek, ene-ata, saz sungatyna hormat goýmak ýaly ençeme oňyn taglymlar biziň şu günki günlerimizde hem örän ähmiýetlidir. Bu halk dessanlaryny biri-birine ýakyn edýän zatlaryň biri-de dil we goşgy gurluşynyň birligidir. «Asly-Kerem» dessanynyň dili halkydyr.

Şeýlelikde, bu dessan ileri tutylýan ajaýyp taglymlary öňe sürýändigi, wakalarynyň gyzykly we çeper beýan edilendigi bilen biziň, hut, häzirki günlerimize gelip ýeten halky eserdir. Şunlukda, bu halk dessanynyň taglym manysynyň şu günki günlerimizde hem ähmiýetlidigi nazara alnyp, şeýle hem, eseriň şygyrlarynyň çeperçilik taýdan has kämil, halky, sadadan düşnükli, şireli, labyzly okalýandygy göz öňünde tutulyp, Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutyndaky golýazmadyr daşbasma çap nusgalaryny bagşy nusgalary bilen deňeşdirip, dessanyň doly, ähtibarly hasaplanylan nusgasyny halka ýetirmegi makul bildik.

***Amangül DURDYÝEWA,***
***dil-edebiýat ylymlarynyň kandidaty.***

## ÇYKGYTLAR WE DÜŞÜNDIRIŞLER

1. Şu waka degişli aşakdaky aýdyşyk goşgusy diňe Şundan soňra sargytlarda we düşündirişlerde bukja belgisi bilen sahypa sany görkeziler. Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasyndaky № 292$^{f}$-nji bukjada duş gelýär.

Kerem:

Beriň, meň tarlaň guşumny,
Nadan gyzlar, nadan gyzlar!
Gowgaýa salmaň başymny,
Nadan gyzlar, nadan gyzlar!

Asly:

Gadam goýma, çarbagyma,
Nämährem sen, nämährem sen!
Neçün geldiň, bu bagyma,
Nämährem sen, nämährem sen!

Kerem:

Ne işiň bar, bu tarlaňa,
Goýber, gelsin hem sallana,
Gol tutup sen, bu tarlaňa,
Nadan gyzlar, nadan gyzlar!

Asly:

Gelmiş sen meniň bagyma,
Dolanma, sagy-soluma,
Nämährem, bakma, bagyma,
Nämährem sen, nämährem sen!

Kerem:

Yzyny yzlaýyp geldim,
«Jelladyň» golunda gördüm,
«Ýar» diýip, gam-gussa galdym,
Nadan gyzlar, nadan gyzlar.

Asly:

Gaýt ýoluňdan, köp danyşma,
Diliň sakla, hetden aşma,
Dolduryp peýmanyň daşma,
Nämährem sen, nämährem sen!

Kerem:

Bahasydyr meniň birle,
Ýüz tümen sana bu ýere,
Baş göter sen, git awara,
Nadan gyzlar, nadan gyzlar!

Asly:

Ýaşyň on dörde, on bäşe,
Ýazyňy dönderme gyşa,
Tarlaňyň tutdum kümüşe,
Nämährem sen, nämährem sen!

Kerem:

Mahmyt diýer, kaddyň tile,
Ýüzüň meňzär gyzyl güle,

Lebiň ogşar gand-u-bala,
Nadan gyzlar, nadan gyzlar!

Asly:

Asly han diýerler adym,
Meger saňa gül-gülzarym,
Hoşbagymda alma-narym,
Hoş ajap giriftarym sen!

2. Keşt eýleýip gyzyl güle,
Biziň diýara hoş geldiň!
Ogşar sen şeýda bilbile,
Biziň gülzara hoş geldiň! – № 292 [f], 3 s.

3. Nikap göterdiň ýüzüňden,
Aklymny aldyň serimden,
Tebip sen, şypa derdimden,
Biziň diýara hoş geldiň! – № 292 [f], 3 s.

4. Ak göwsüň alma-nar bolar. – Şol ýerde.

5. Sen dek peri görmedim hiç duşumdan. – № 292 [F], 5 s.

6. Goluň sal boýnuma, gujakla meni,
Mämäň ber agzyma, aglatma meni.
Aklymny apardyň kapyr ermeni,
Ýa sen musulman bol, ýa men ermeni!

Ýagşy sakla, mämeleriň solmasyn,
Saňa aşyk bolan hergiz ölmesin,
Iki didäm kyýamata galmasyn,
Ýa sen musulman bol, ýa men ermeni! – № 292 [f].

7. Näzli ýaryň gurbany men, guly men. – № 292 [f], 9 s.

8. Bir gül berdim Asly hanyň goluna. – Şol ýerde.

9. Gam elinden gam ýüregim baglaýyp,
Pelte alyp, jiger-bagrym daglaýyp,
Kerem diýer, ondan ötri aglaýyp,
Ölsem ýegdir, bu dünýäde galynçam. – Şol ýerde.

10. Şu waka degişli aşakdaky goşgular daşbasma çaplarynda we 1943-nji ýyldaky neşirde ýok.

Gam çeke, gam çeke gamgusar oldum,
Özge ýary söýmen, söýem Aslyny.
Bir gül idim, ahyrynda har oldum,[a]
Özge ýary söýmen, söýem Aslyny.

Bir gül idim men Aslynyň destinde,[b]
Şum rakyplar[ç] jan almagyň kastynda,
Men öz janym berem Aslyň üstünde,[d]
Özge ýary söýmen söýem Aslyny.

Adym Kerem, Zyýat şanyň ogluýam,
Bir ýar üçin synalary daglyýam,
Aslym üçin bir ykrara baglyýam,[e]
Özge ýary söýmen söýem Aslyny. – № 571 [ф], 79 s.

[a] Tirer erdim, ter çemenli bagyndan - bagşylaryň dilinde.
[b] Bir gül erdim Asly gyzyň destinde - bagşylaryň dilinde.
[ç] Gara gözi - bagşylaryň dilinde.
[d] Eziz janym Asly gyzyň üstünde - bagşylaryň dilinde.
[e] Tä ölýänçäm bir ykrara baglyýam - bagşylaryň dilinde.

11. Rugsat. – № 292 $^{f}$, 10 s.

12. Dyzymyň kuwwaty, gözüm röwşeni. – Şol ýerde.

13. Aýra dinden goşma, dinim içine. – Şol ýerde.

14. Kerem diýer, ýaz göçlerim ýazadyr,
Ýar «dur» diýen bu ýerlerde duradyr,
Ýa nesipdir, ýa ajaldyr göredir,
Ata-ene maňa rugsat eýleýiň! – № 292 $^{f}$, 11 s.

15. Gara Melek öýlerimiz göçüpdir,
Göçüp-göçüp belent daglar üstüne,
Ýarym görsem, köňlün alsam näz bilen,
Gelip gadam bassyn gözüm üstüne. – № 292 $^{f}$, 11 s.

16. Genji maryň. – № 292 $^{f}$, 12 s.

17. Beýhuda. – Şol ýerde.

18. Keser. – Şol ýerde.

19. Şu waka degişli Keremiň dilinden aýdylýan aşakdaky goşgy esasy nusgada ýok.

Şahymerdan eteginden tutmuşam.
Myradymdyr bersin ýarymy meniň.
«Gul» diýip, satmyşam özümi oňa,
Gul bahasyn bersin-bahama meniň.

Ymam Hüseýn meniň dadyma ýetse,
Şepagat öwlüýä myradym berse,

Ajal birniçe gün dünýäde goýsa,
Tapylsa derdime dermanym meniň.

Agam ymam Hüseýn bolmady hemdem,
Artdyrdy gün-günden ýüz-müň gaýgy-gam,
Çar tarapa bakyp bolmadym hemdem,
Alla hem ýetişsin, dadyma meniň.

Başymy bermişem ymam Ibada,
Biliň, dostlar, ölüm bardyr dünýäde,
Özünden gaýryga gitmenem dada,
Etegimden elim üzmesin meniň.

Ymamlar içinde Muhammet Bakyr,
Özi güldür, asly tebibi-mahyr,
Günähim köp bolsa, eýlesin zahyr,
Derdime dermanym ýetirsin meniň.

Ymam Japar ady äleme serwer,
Duşmanlarym etsin özi musahhar,
Janymy alypdyr bu şirin dilber,
Pelek peri balym ýakmasyn meniň.

Ymam Musa Käzimizem ol hakdyr:
Jeddi-babalary heniz hem zakdyr,
Gezen ýeri tamam behişti bagdyr,
Ezraýyl nahanym tutmasyn meniň.

Ymam Ryza, men saňa geläýsem,
Gam-gussalardan elim üzäýsem,
Ýetiban ýarymyň halyn biläýsem,
Çaryýar ýetişsin, dadyma meniň.

Muhammet Takydyr ymamyň ogly,
Gije-gündiz meniň ýüregim bagly,
Arzyruma giden ýoluma dogry,
Saýasy başymdan gitmesin meniň.

Gara boldy bagtym, ajap ýaranlar,
Muhammet Mähdidir, hurşydy-hawer,
Dost-duşmanlar maňa kine ýaranlar,
Günähim bilmesem, bildirsin meniň.

Şat boluban gülüp her dem hoş olman,
Ajal gelip nägehandan duş olman,
Däde Kerem diýer, ýara duş olman,
Jan beren ýetişsin, dadyma meniň. – № 292 [f]. 13-14 s.

20. Gözelden. – № 292 [f], 16 s.

21. Söýmüşem. – Şol ýerde.

22. Bu söz 1943-nji ýyldaky neşirde (34 s.) «dar eden» kimin alnypdyr.

23. Şu goşga degişli aşakdaky bent esasy nusgada ýok.

Pyýala gezer döwür eýlär,
Gara bagrym kebap eýlär,
Şunça juwana jebir eýlär,
Men dönerem, köňül dönmez. – №292 [f], 16 s.

24. Şu waka degişli goşgy esasy nusgada ýok.

Şanyň gyzy baga seýle çykypdyr,
Özge giden geldi, ýarym gelmedi,

Tel-tel eýläp, meniň bagrym dilendir,
Başga giden geldi, Aslym gelmedi. – № 778 [f].

25. Gülüstana. – № 292 [f], 16 s.

26. Gyzyl gülüň. – Şol ýerde, 17 s.

27. Ýedi. – № 292 [f]. 17 c.

28. Şu waka degişli aşakdaky goşgy esasy nusgada ýok.

Dilber, görgeç aldyň akly-huşumny,
Düzülmiş ýüzünde hal iki ýandan;
Seni görüp ýürek-bagrym ezildi,
Damar dodaklardan bal iki ýandan.

Bahar bolsa şeýda bilbil mest bolar,
Çyn aşyklar merhemetli dost bolar,
Agaç bar getirse, başy pes bolar,
Meniň iltimasym al iki ýandan.

Ýar ikimiz keşt eýläli bu baga,
Çek özüňni gözellerden yraga,
Diýdi «Ýör gideli» seýle çarbaga,
Deger ak gollara gül iki ýandan.

Kerem diýer, ýar jebrini ýetirdi,
Tygy-müjgänleri jandan ötürdi,
Görkezip jemalyn bizi gutardy,
Garadyr gaşlary göz iki ýandan. – № 292 [f], 17 s.

29. Gel, eýwanda otur, bir şal getirem. – № 292 [f], 18 s.

30. Zülpi. – № 292 $^{f}$, 19 c.

31. Il içinde. – Şol ýerde, 20 s.

32. Asly han gaňrylyp yzyna bakar. – Şol ýerde.

33. Ýaňy. – № 292 $^{f}$, 21 s.

34. Dürli derdim hezar eden. – Şol ýerde.

35. Ýakdy meni kül eýledi. – № 292 $^{f}$, 21 s.

36. Boýuň. – Şol ýerde.

37. Gaşyň keman ýaýa meňzär. – Şol ýerde.

38. Üçüne. – Şol ýerde.

39. Şu iki bent esasy nusgada ýok.

Lata meňzär, Luta meňzär,
Gökdäki buluda meňzär,
Bir eýerli ata menzär,
Seniň gözleriň, gözleriň.

Dag başyny aýlandyrar,
Döküp gözýaşyn doldurar,
Ahyr Keremi öldürer,
Seniň gözleriň, gözleriň. – № 292 $^{f}$, 22s.

40. Ilerde bir gajar gyzyn söýmüşem,
Şugla salmyş Häzirbeýjan iline,

Bir sagatda ýüz keleme danyşar,
Bal döküler dodagyna tilinden. – № 728 [f], 60 s.

Şu bent bagşylaryň dilinde şeýle aýdylýar:

Bir gözel görmüşem gajar ilinde,
Şowhy düşmüş Häzirbeýjan iline.
Her gülende dür döküler tilinden,
Nabat sepmiş dodagynyň balyna.

41. Geýmegine ýaşyly bar, aly bar. – № 728 [f].
Meň ýarymyň ýaşyly bar, aly bar. – Bagşylaryň dilinde.

42. Ýaňagynda goşa-goşa haly bar. – Bagşylaryň dilinde.

43. Size diýem meniň ýarym nijedir,
Boýy belent, bili gyldan inçedir,
Goýnundaky ter mämesi gunçadyr,
Gunça deger sekiz jennet bagyna. – № 292 [f], 23 s.

44. Başym. – № 292 [f], 24 s.

45. Aldyran. – Şol ýerde.

46. Arap. – Şol ýerde.

47. Samyr. – Şol ýerde.

48. Uja-uja daglaň başy gyş olar,
Hasrat çeke-çeke bagrym daş olar,
Aglaý-aglaý gara gözüm ýaş olar,
Asly hanyň jerenidir, bu jeren. – № 292 [f], 24 s.

49. Gelmämişdi. – № 292 $^{f}$, 26 s.

50. Şu goşga degişli iki bent esasy nusgada ýok.

Seýrana çykypdyr bir ýaşylbaşly,
Aý dek şugla saçar, bolmaz ýoldaşy,
Göwsüniň düwmesi gymmatly daşy,
Töwrizden bir bölek sona geldimi?

Soraý-soraý ýar ýanyna bardygym,
Gol uzadyp gunça gülün tirdigim,
Çyplak bolup ýar goýnuna girdigim,
Töwrizden bir bölek sona geldimi? – № 292 $^{f}$, 25 s.

51. Aýra düşdüm söwdügimden, ýarymdan. – № 292 $^{f}$, 27 s.

52. Dertleriň. – Şol ýerde.

53. Şu waka degişli, esasy nusagada bolmadyk aşakdaky goşgy bagşy Artykmämmet Ymamberdiýewiň dilinden ýazylyp alyndy.

Husnuňa seň bäş keleme söz diýsem,
Ne jeren gabakly, maral gözli sen.
Suraýy gerdenli, Aý dek ýüzli sen,
Asly hana meňzär onda bir gözel.

Sen öýden çykaňda iller garaşar,
Syýa zülpüň inçe bile oraşar,
Gyrmyzy köýnek, ak teniňe ýaraşar,
Tylladan gaňrowly onda bir gözel.

Gül tikensiz bolmaz, daglar gaýasyz,
Reňk almaz galbyr zäksiz, boýagsyz,
Sen bir perizatsyň, näzlim eýesiz,
Asly hana meňzär onda bir gözel.

Sen öýden çykaňda men hem çykar men,
Sensiz dünýe malym oda ýakar men,
Çopan bolup owlak, guzy bakar men,
Asly hana meňzär onda bir gözel.

54. Gara. – № 292 $^{f}$, 28 s.

55. Şitde. – Şol ýerde.

56. Gezerem görnüşinde gelýär. – Şol ýerde.

57. Sözlärem. – Şol ýerde.

58. Bu gün işim harap oldy,
Şum başyma bela geldi,
Nadan adam daşym aldy,
Görüň, ne ýaman olarmyş. – № 292 $^{f}$, 29 s.

59. Gozgalma. – № 292 $^{f}$, 29 s.

60. Lybasyn ogşatdym, belki, ýary gör. – № 292 $^{f}$. 3O s.

61. Sözümi. – Şol ýerde.

62. Bir ah ursam älem bolar weýrana. – Şol ýerde.

63. Belalar getirdi belaly başym. – № 292 $^{f}$, 30 s.

64. Başym. – Şol ýerde.

65. Ýarym gitse ýokdur meniň syrdaşym. – Şol ýerde.

66. Biziň iller gülşen seýle baranda,
Kadyr Alla her dilegim berende,
Kerem diýer, köňlüm şähri weýranda,
Näzli ýar gidipdir elimden meniň! – Şol ýerde.

67.Ady Aslydyr bilene,
Goýny jennetdir girene,
Jereni meňzär jerene,
Çöller siz görmediňizmi? – № 292 [f], 32 s.

68. Şu waka degişli aşakdaky goşgy esasy nusgada ýok.

Ala garly belent daglar,
Ýara ýol berme, ýol berme!
Gelip üstüňden aşmaga,
Ýara ýol berme, ýol berme!

Niçe dagdan ýol aşypdyr,
Çoh-çoh güzere düşüpdir,
Şirin jana jan goşupdyr,
Ýara ýol berme, ýol berme!

Dag başynyň ak gary bar,
Alma ýaňakda nary bar,
Yzyndan gelýän ýary bar,
Ýara ýol berme, ýol berme!

Başynda bar tirme şaly,
Ýüzünde bar goşa haly,
Hüýr gyzdyr ýar jemaly,
Ýara ýol berme, ýol berme!

Kerem diýer, köňül joşdy,
Joşa-joşa hetden aşdy.
Gara Melek alyp gaçdy,
Ýara ýol berme, ýol berme! – № 292 [f], 32 s.

69. Ne kylyp men bakamen, sagy sergezdany-har,
Ýoldaşymny pany etdiň, meni etdiň zülpikar,
Çöl beýawanda galyp men, ýok bir adam akyldar,
Neýleýin, eý, bagty-talyg, munça tupan eýlediň! – № 292 [f], 35 s.

70. Ýasawulmy. – Şol ýerde.

71. Jemalyn. – Şol ýerde.

72. Asly hanym şol gädikde galypdyr,
Sargaryban gyzyl meňzim solupdyr,
Belet menden üç ýüz tümen alypdyr,
Men bu ýoluň haýsy birne baraýyn?! – № 292 [f], 34 s.

73. Duman gele-gele meni boý etdi,
Gözden ýaş akyban döndi sillere,
Niçik oldy düşdi garyp illere,
Men bu ýoluň haýsy birine baraýyn?! – Şol ýerde 35 s.

74. Tamam. – № 292 [f], 38 s.

75. Gargyş. – Şol ýerde.

76. Duman. – Şol ýerde.

77. Keýik. – № 292 $^{f}$, 38 s.

78. Söýlärem. – Şol ýerde.

79. Aşyk oldur, otsuz gazan gaýnanda. – № 292 $^{f}$, 38 s.

80. Kerem diýer, hiç galmasam dünýäde. – Şol ýerde.

81. Şu goşga degişli aşakdaky iki bent esasy nusgada ýok:

Belent dag başynda galmyşam haýran,
Baraý diýsem tapmanam men hiçbir ýan,
Ýykylanmy gördi şonda bir kerwen,
Çagyrar men kadyr Alla, aman heý. – № 292 $^{f}$, 38 s.

Bir gül idim Zyýat hanyň bagynda,
Öwrülseýdim hem solunda, sagynda,
Kerem galdy Arzyrumyň dagynda,
Çagyrar men kadyr Alla, aman heý. – № 728 $^{f}$, 61 s.

82. Bir tawusa meňzär, bir-de sonaga. – № 292 $^{f}$, 39 s.

83. Amana. – № 292 $^{f}$, 40 s.

84. Ulusymdan. – Şol ýerde, 41 s.

85. Her ülkäge baryp göçüp gidipdir,
Göçüp-gonup garly dagdan aşypdyr,

Meniň ýarym alyp uzak gaçypdyr,
Alabilmen ellerinden sonamy. – Şol ýerde

86. Başym üste ýar didaryn görer men. – Şol ýerde.

87. Iltimasym kabul eýle,
Kadyr Allany ýat eýle,
Bezirgeni hem şat eýle,
Bir ýol ber, aşalyň daglar! – № 292 [f], 42 s.

88. Meniň derdim çoh güzere,
Öldüm men saňa ýalbara,
Ynsap eýle, ýetem ýara,
Bir ýol ber, aşalyň, daglar! – Şol ýerde.

89. Bu şygra degişli aşakdaky iki bent esasy nusgada ýok.

Bilbilim geýipdir ala,
Sesiň geler nala-nala,
Sen güli söý, men hem läle,
Sen aglama, men aglaýyn!

Bilbilim geýipdir ýaşyl,
Sowsan sünbüle dolaşyr,
Aglamak maňa ýaraşyr,
Sen aglama, men aglaýyn! – № 292 [f], 43 s.

90. Goýun dek guzusyn. – Şol ýerde.

91. Damar. – № 292 [f], 45 s.

92. Sorsam – öldürerler, sormasam – ölem. – Şol ýerde.

93. Sen meni söýmäge gorkar sen ilden. – Şol ýerde.

94. Köpdür. – № 292 $^{f}$, 45 s.

95. Edip – bagşylaryň dilinde.

96. Dolanar. – № 292 $^{f}$, 46 s.

97. Däde Kerem, şol ýar üçin saralar. – Şol ýerde.

98. Indi. – № 292 $^{f}$, 48 s.

99. Şu goşga degişli iki bent esasy nusgada ýok.

Biziň ýurtda temmäkini ekerler,
Höwes edip, töwzasyny çekerler,
Bir hasapdan galýan suwun dökerler,
Galýan elden düşüp, syndy neýläýin?!

Çilim çekseň temmäkiniň gerdinden,
Dost tutunsaň, gyz-oglanyň merdinden,
Asla gaýtman, näzli ýaryň şertinden,
Galýan elden düşüp, syndy neýläýin?! – № 628 $^{f}$, 20-21 s.
Şu bentler Durdy bagşynyň dilinden ýazylyp alnypdyr.

100. Şu wakanyň mazmunyna laýyk gelýän aşakdaky goşgy esasy nusgada ýok.
Begler oýnar pany dünýä pendini,
Tanamadym, namardyny, merdini.
Her kim, çeker öz aşygynyň derdini,
Asly Kerem hany natuwan eýlär.

Dogry-dogry durup, gadam basarlar,
Ahyret gepine gulak asarlar,
Tylladan, heýkelden gurban keserler,
Başa janly goýup terjiman eýlär!

Bir gün sowurarlar ajal harmanyň,
Pelek bermez goç ýigidiň permanyn,
Sorasa, tapylmaý derde dermanyň,
Asly Kerem hany natuwan eýlär! – № 736 [f], 102 s.

101. Ak. – № 292 [f], 50 s.

102. Bahana. – № 292 [f], 51 s.

103. Nähak. – Şol ýerde.

104. Şahyň gyzy, arzym eşit amandyr. – Şol ýerde.

105. Ýarym oýnar sadranjyny, nerdini,
Işiň düşsün söze düşsün mert bilen,
Gije-gündiz işim ahy-zar bilen,
Soramazlar ýar ahwalyň nijedir. – № 292 [f], 53 s.

106. Gyzlar garşy bolup maňa güldüler. – Şol ýerde.

107. Şu aşakdaky bent esasy nusgada ýok.

Elip okadygym, ýetdim nokada,
Aşyk oldy, o magşugyn unuda,
Eýle bildim, Aýdyr girmiş buluda,
Gün batmyşdy, garaňkydyr, gijedir.

108. Tutup apardylar Hüňkär ýanyna,
Ýanar otlar düşsün onuň janyna,
Ol suwsapdyr men biçäräň ganyna,
Özüm ölsem, başym gurban ýaryma. – № 292 $^{f}$, 54 s.

109. Soýuldy. – Şol ýerde.

110. Syrym paş oluban ile ýaýyldy. – Şol ýerde.

111. Asly gyz yşgynda gördüm agýary. – Şol ýerde.

112. Kerem diýer, Asly hanyň ýarydyr,
Synam üsti aýralygyň dagydyr,
Asly hanyň goýny jennet bagydyr,
Hoş owazly, güler ýüzli ýaryma. – № 292 $^{f}$, 55 s.

113. Geldi-geldi, Kerem geldi. – Bagşylaryň dilinde.

114. Aslynda bar alamaty. – Bagşylaryň nusgasynda.

115. Gara Melegiň gyzyýam,
Şirin-Perhadyň öziýem,
Keremiň iki göziýem,
Geldi-geldi, Kerem geldi! – 571 $^{f}$, 89 s.

116. Şu waka bilen baglanyşykly aşakdaky dört bent goşgy esasy nusgada ýok.

Asly hanyň obasy bar, kendi bar,
Emmek üçin leblериniň gandy bar.
Her düwmäniň segsen sekiz bendi bar,
Maňa sen ýar gerek, özge gerekmez!

Meniň ýarym käkil bolup ýörisin,
Men bilmenem, haýsy bagyň güli sen,
Saňa degen näzik gollar güllesin,
Maňa sen ýar gerek, özge gerekmez!

Derýanyň gyrasy ol agyr iller,
Ürküşer sonalar, boş galdy köller,
Pyntyjak barmaklar, hynaly gollar,
Maňa sen ýar gerek, özge gerekmez!

Kerem diýer, bölek-bölek böl meni,
Goý aparsyn, akyp barýan sil meni,
Sen Asly han bolsaň, söýerem seni,
Maňa sen ýar gerek, özge gerekmez!

Halk aýdymyna öwrülip giden bu goşgy bagşylaryň dilinde ýörgünlidir. – №292 [f], 57 s.

117. Düşe. – № 292 [f], 57 s.

118. Düwme dakan zergär goluň gurysyn. – Şol ýerde.

119. Aşyk Kerem diýer, halym ne zardyr,
Oglanam gyz bilen höwäsim bardyr,
Diýdiler: Aslynyň ýakasy dardyr,
Aç, Aslym jan, ýakaň düwmelerini! – Şol ýerde, 58 s.

Şu goşga degişli bir bent esasy nusgada ýok:

Asly hanym, utanmagyn saçyňdan,
Gyýa bakmak öwrenipsiň laçyndan,

Bir jübüt alma gördüm goýnuň içinden,
Aç, Aslym jan, ýakaň düwmelerini! – Şol ýerde.

120. Myrada ýetmeýen ýarym. – Şol ýerde.

121. Enem dirilikde gurysyn. – № 292 [f], 60 s.

122. Şu goşga degişli aşakdaky iki bent esasy nusgada ýok.

Iller ýaýlaga göç etdi
Ne ýatyp sen, oýan ýarym!
Ezel başda duçar etdi,
Ne ýatyp sen, oýan ýarym!

Garalypdyr meniň bagtym,
Ot aldy eýwanly tagtym,
Garalypdyr seniň bagtyň,
Kül oluban, ýanan ýarym.

123. Garalypdyr. – № 292 [f], 62 s.

124. Ýetmez. – Şol ýerde.

125. Şu goşga degişli aşakdaky bir bent esasy nusgada ýok.

Atam size dert eýledi,
Şemsi dek suzan eýledi,
Jismimni jerhet eýledi,
Kerem ýandy, Kerem ýandy! – Şol ýerde, 63 s.

126. Şu waka golaý gelýän aşakdaky goşgy esasy nusgada ýok.

Hiç bilmedim men ne etdim pelege,
Aklymny serimden aldy neýläýin?
Ýagşy-ýamanyny hiç bilebilmedim,
Düwüp kyssasyny berdi neýläýin?

Ýar hijrinden indi pyrak bolar men,
Ýar bolmasa, ýowuz derde galar men,
Ýa nesipdir, ýa ajaldyr, öler men,
Söz eşidýän söwer ýarym neýläýin?

Möwlam kaza edip tutmaz elimden,
Hiç kim habar almaz jany-dilimden,
Şu zaman dönmüşem, şirin janymdan,
Şirin agzym talha döndi, neýläýin?

Hiç bilmedim gyzlar eden işimi,
Bihuda akyzdym gözden ýaşymy,
Bir Allaga berdim..... işimi,
Ezraýyl janymny almaz neýläýin?

Dag hem gussa çekse reňki zert olar,
Ýaryň aýrylmagy jana dert olar,
Asly diýer, ýarym pirden ret olar,
Ýarym gitdi ýeke galdym, neýläýin? – № 292 $^{f}$, 64 s.

127. Aslyny juwan et, Keremi jeset. – № 292 $^{f}$, 65 s.

128. Kyldy. – № 292 $^{f}$, 65 s.

129. Aýan. – № 292 [f], 68 s.

130. Haýran boldum. – Şol ýerde.

131. Şu goşga degişli bir bent esasy nusgada ýok.

On bir ýyldyr tutup yşkyň ýoluny,
Menden ötri goýdy ata ilini
Maňa hijran berdi Kerem özüni,
Şypa berip maňa nazar eýlediň!

132. Şu goşga degişli aşakdaky bir bent esasy nusgada ýok.

Muhammetdir adym, saňa resulam,
Dergahyňda daýym gama melulam,
Permanynda gaýym kemine gulam,
Ýaňadan Aslyny juwan eýlegil! – № 292 [f], 72 s.

133. Şu waka golaý aşakdaky goşgy esasy nusgada ýok.

Şükür Alla, gördüm ol eziz myhmanymy,
Yns-jynsyň patyşasy ol gözel dildarymy,
Kadyr Alla juwan kylmyş, ýene-de şol dildarymy,
Murteza babam ýaňadan açdy gül-gülzarymy,
Eý agalar, ýaňadan nika kylyň, şol ýaryma!

Gudrat Hakdan yşarat boldy, direltdiň meni,
Jennet içre hup söwerdi, hüýr-gulmanlar meni,
Gatydan düwme ýasap, ataşga saldy ýar meni,
Ýaňadan dünýä getirdiň, ýa Resulylla meni,
Eý agalar, ýaňadan nika kylyň, şol ýaryma!

On bir ýyldyr çekmişem şol periniň derdini,
Hasratyndan çekdirdi ýarym jepa-derdini,
Agzyma salsam dilini, sorsam leb-u gandyny,
Oda ýandym bilmedim, şol periniň pendini,
Eý agalar, ýaňadan nika kylyň, şol ýaryma!

Kyrk ýyldyr men bu pany-jahandan geçmişem,
Jübütlenip hüýrler birle, behiştde gulman guçmuşam,
Uşbu pany dünýede «Aslym» diýip, kül bolmuşam,
Ömrümizde hikmetinden nuruňyzny görmüşem,
Eý agalar, ýaňadan, nika kylyň, şol ýaryma!

Asly hanym, nowjuwanym, Gara diýrler atasy,
Özi kapyr ermenidir, ady Merýem enesi,
Düzlenip galdy ýaňadan Asly hanyň mämesi,
Çünki ýetişip bize siz - agalarnyň saýasy,
Eý agalar, ýaňadan nika kylyň, şol ýaryma!

Adymyz şahy - Keremdir, ol atamyz Zyýatdyr,
Şa Ebubekir, Omar, Osman, Aly, dört Çaryýar,
Sizge ymmat saýylar men eý, köňlüm, bişumar,
Bir nazar eýläň, nebi birlen ýene ol on iki ýar,
Eý agalar, ýaňadan nika kylyň, şol ýaryma! – №292 $^{f,}$73s.

134. Mekanda. – № 292 $^{f}$, 72 s.

135. Nala çekdim seniň üçin,
Bilim bükdüm jepaň üçin,
Wepa kyldym sen ýar üçin,
Gyzyk dükanym seniňdir! – Şol ýerde.

136. Bu ne ýagşy alamatdyr,
Seniň ölümiň melamatdyr,

Amanatyň salamatdyr,
Göwsümde narym seniňdir! – № 292 [f], 73 s.

137. Nala çekdim seniň üçin,
Bilim bükdüm jepaň üçin,
Wepa kyldym sen ýar üçin,
Gyzyk dükanym seniňdir! – Şol ýerde.

138. Bu ne ýagşy alamatdyr,
Seniň ölümiň melamatdyr,
Amanatyň salamatdyr,
Göwsümde narym seniňdir! – № 292 [f], 73 s.

# SÖZLÜK

## A

Abdal – derwüş, ykmanda.
Aby-rowan – akar suw.
Aýnaýy bedennema – beden görkezýän aýna.
Akrap – içýan.
Alaýhyssalam – oňa salam bolsun.
Amada – häzir, taýýar.
Apy tap – gün, ýagtylyk.
Argaly – ýabany goýun, ýeke galan keýik.
Asa – hasa, taýak, el taýagy.
Asar – eser.
Asyl-nesep – ata-baba gelip çykyş.
Ata kylmak (eýlemek) – bagyşlamak.
Atsa urmak – asgyrmak.
Ahbar – habarlar.
Ahuw – keýik. 2) aýyp, günä.
Ahy sert – gaýgyly ah.

## B

Bagd-ez in – ondan soňra.
Bagy-ryzwan – jennetdäki bagyň ady.
Bagty-talyg – bagty açyk, bagtly, ykbally.

Baz(y) – aw guşy, oýun.
Bary – ýaradan, döreden.
Bedel – üýtgeşik, özgermek, geçmek, öwrülmek.
Beýewan – çöl, düz.
Berr – gury ýer, gyr.
Bähtän eýlemek – töhmet etmek, günälemek.
Bimürewwet – rehimsiz, ynsapsyz.
Bisahyp – eýesiz, hossarsyz.
Bisýar – köp.
Bihap – ukusyz.
Buzug – täret kylma, din dessury boýunça el-aýak we ýüz ýuwmak.
Burhan – delil, subutnama.
Büzrükwar – uly, ullakan.

## Ç

Çekme – ädik.
Çeçek – gül.
Çeşm – göz.
Çyrag – çyra.
Çäki-giriban – ýaka ýyrtmak, ahy-nala etmek.

## D

Dahyl bolmak – girmek.
Dagylmak – ýaýramak.
Dadam – olam şiwesinde daýza diýen manyda gelýär.
Dam – duzak.
Daman – syn, etek.
Darahşan – parlak, görnükli, ýaldyrawyk, ýalpyldawyk.
Darga – polisiýa naçalnigi, şäher häkimi, gubernator, başlyk.
Daryl-baky – ahyrýet, o dünýä.
Daryl-pena – ýokluk öýi, pany dünýä.

Dawga – uruş, söweş, talap, isleg.
Dergäh – 1) bosaga, işik, gapy; 2) köşk, köşgüň bosagasy; Hudaýyň ýany; patyşanyň ýany.
Deraz kylmak – uzaltmak, köpeltmek.
Derdi tugýan bolmak – derdi täzelenmek, derdi joşmak.
Depin kylmak – jaýlamak.
Diýar – ýurt, ülke.
Dowa etmek – derman etmek.

## Ý

Ýekser – boýdan-başa, hemme, birbaş.
Ýeg – gowy, oňat, ýagşy, gözel.

## Ä

Älemi-hap – uky älemi.
Ähtiýat kylmak – karar, wada, söz bermek.
Ählidil – sufizmiň tarapdary, sopy.

## F

Fahr(a) – haýbatly, buýsançly, guwançly, baş gaby.
Feramuş – unutmak, ýatdan çykarmak.
Fuzun (puzon) – köp, zyýat, artyk.

## G

Galaba – galapyn, köplenç.
Galýan – suwçilim.
Genç – hazyna, baýlyk, pul.
Gähreba – ýantar (hünji, monjuk), sary monjuk.
Giriftar olmak – bagly bolmak, sezewar bolmak.
Gulam-hylwat – patyşanyň gizlin guly, hyzmatkäri.

Guruh – topar, desse.
Guta – çümmek, suwa çümmek.
Güwşe – burç, çet, bir zadyň çeti.
Güzer – ýol, geçelge.
Gülguzar – gül ýaňakly, gül ýüzli, söýgüli.
Güftar – söz, gep.

## H

Haý – diri, janly.
Haýrynnisa – oňat aýal, oňat häsiýetli aýal (Muhammet pygamberiň gyzy Patmanyň epiteti).
Hallaky-elem – Hudaý, Alla.
Haýat – ýaşaýyş, dirilik.
Haýýy-mennan – iň şepagatly, merhemetli, diri (Hudaýyň bin ady).
Hamuş – huşsuzlyk, dymmaklyk.
Harç – 1) puly ýoýma, sarp etme, bozma. 2) harçlylyk, sarp ediljek pul.
Has – mahsus, ýokary gatlak.
Hezar – müň.
Heýli – örän.
Hemraz – syrdaş, ýakyn ýürekdeş, ýoldaş.
Häk(e) – toprak, gum, ýer.
Hälä – häzir.
Howulnäk – gorkunç, howply, elhenç.
Huda hafyzlaşmak – hoşlaşmak.
Hulasa – mahlasy, gepiň gysgasy.
Hytap – ýüzlenmek, ýüz tutma.
Huzur – öň, ýan, garşy, häzir bolmak.
Hurşydy hawar – gündogaryň güni.
Husn – görk, gözellik, owadanlyk.
Hufýahana – gizlin öý, ýaşyryn öý.

Hüýr – behişt gyzy.
Hyjalat çekmek – utanmak.
Hyjap – perde, ýaşmak, pürenjek.
Hylap – garşy, ters, kemçilik.
Hylwat – gizlin, ýaşyryn.
Hyşy-akraba – kowum-gardaş, ýakyn.

## I

Iltimas – towakga, haýyş, ýalbarma.
Iläh – Hudaý, Alla.
Imdat – kömek, ýardam.
Isfada – bozgaklyk, erbet iş, ýaramaz hereket.

## J

Jebir – sütem, eziş, zulum, horlyk.
Jelal – beýiklik, şan-şöhrat, dabara.
Jennet-il magwa – dini rowaýatlara görä, sekiz jennetiň biriniň ady.
Jiger – bagyr.
Jilwe – ýalkym, görk, gözellik.
Jism – beden, ten.

## K

Kadyry-kaýum – hemişe dik duran, hemişe bar bolan,
Kazyýyl Kirdigär – dilegleri ýerine ýetiriji hudaý, ýaradan, taňry.
Kanistantin – Konstantinopol.
Kaşan(a) – merkezi Eýranda bir welaýatyň we onuň merkezi şäheriniň ady.
Kasr – köşk.

Kasyt –habarçy, ilçi.
Kelise – ybadathana.
Kerbela - Yrakda bir şäheriň ady.
Keşan-keşan – çekip-çekip, süýräp-süýräp.
Käbe – dini rowaýatlara görä, ol Allanyň öýümiş. Bu öý belent ýerde bolany üçin, ol Käbe adyny alypdyr.
Kirdigär – ýaradan, Hudaý.
Köşgül – derwüşleriň dilegçilerden düşürýän zatlaryny salyp göterýän gaplary (suw kädisi).
Kulah – telpek.

## L

Lagl – gyzyl reňkli gymmatbaha daş.
Lala – atabeg, terbiýeçi.
Lutp – mylaýymlylyk, rehimlilik, ýagşylyk, mähribanlyk, merhemetlilik, göwündeşlik.
Lutfy kerem – ýagşylyk, eli açyklyk, sahylyk, mähribanlyk.

## M

Magara – gowak, köwek.
Magşar (maşhar) – dini düşünjelere görä, kyýamatda adamlaryň üýşýän ýeri.
Magýup – maýyp, aýyply.
Mada – urkaçy.
Maýyly-hap olmak – uka maýyl bolmak.
Manyg bolmak – böwet bolmak, garşy çykmak, gadagan.
Mar – ýylan.
Matlap – talap edilýän zat, maksat, isleg-arzuw.
Mahbup – söýgüli dost.
Mahyr – 1)ussat. ökde; 2)mähirli, mähriban.
Melahat kylmak – ýakymlylyk etmek, hoşallyk etmek.

Melekil-möwt – Ezraýyl, dini düşünjä görä jan alýan perişde.
Memleket – ýurt, watan.
Menazyl – menziller.
Mennan – iň şepagatly, merhemet, rehimdar, sahy (hudaýyň epiteti).
Merýem – dini düşünjelere görä, Isa Pygamberiň ejesiniň ady.
Mualyja – alaç, çäre, bejergi.
Muý (moý) – saç, gyl, zülp.
Mugteser kelam – gysga söz, gysga gürrüň, sözüň gysgasy.
Mugjuza – adam güýjünden daşary.
Mulahyza – seretmek, gözden geçirmek, aýaw bilen seretmek.
Munajat kylmak – Hudaýa ýüzlenip doga okamak, ýalbarmak.
Munakgaş – nagyşly, bezelgi.
Murassag – gymmatbaha daşlar bilen bezelen.
Murahas kylmak – 1) rugsat etmek, boşatmak, azat etmek.
Mutahhara – päk, arassa, mukaddes.
Muttalyg olmak – habardar bolmak, ägä bolmak.
Mutlak – şertli, ýeke-täk, absolýut.
Muhabbet – söýgi, yşk.
Muşt – ýumruk.
Muştak olmak – arzuwda bolma, meýil etmek.
Mübtela olmak – bir zat bilen meşgul bolmak, bir zada duçar bolmak, başagaý bolmak.
Mübärek – gutly.
Münewwer kylmak – ýagtylandyrmak, şöhlelendirmek, nur salmak.
Müneçjim – astronom.
Müstejap olmak – ýerine ýetirmek, kabul bolmak.
Müşgil – kyn.

## N

Nakylan – gürrüň berijiler, nakyl edijiler.

Nazmet – 1) adagly; 2) kandidat.
Napedit bolmak – gözden ýitmek, gaýyp bolmak.
Nar – ot.
Naçar – nalaç, mejbur.
Naşta – ertirlik nahar.
Nebi – Pygamber.
Neýsan – grek aýlarynyň ýedinjisi, Siriýa kalendarynyň bäşinji /aprel/ aýy. Adat boýunça şol aýda ýagyş ýagýar.
Nert (nerd) – ýüzi 24 hana bölünen düz tagtanyň 15 ak 15 gara tagtanyň üstüne şaşka goýulyp hem-de ýüzüne birden alta çenli nokat goýulan iki sany tas (nard oýnunyň kubikleri) bilen oýnalýan oýun.
Nerkes – sary ýaprakly owadan gül, bu gülüň açylan gunçalary göze meňzeýänligi üçin, ol göz manysynda hem ulanylýar, gyzyň ady.
Neper – adam, adamy aňladýan numeratiw söz.
Nefrin – ses, owaz.
Näge (nägehan) – birden, birdenkä, tötänden, duýdansyz.
Nämährem – keseki, ýat.
Nigär – surat, nagyş, gözel ýar, gyzyň ady.
Nowazanda – sazanda.
Nowşirwan – Gadymy Eýran şasynyň ady.
Noş – içiş, tagam, süýji.
Nykap – ýüze örtülýän perde.
Nutuk – ýiti manyly söz, näzik manyly söz, çuň many.

## O

Omar – Muhammet pygamberden soňra ikinji halypa.
Osman – Muhammet pygamberden soňra üçünji halypa.
Owaza – dabara, şöhrat.

## P

Pazylat – artykmaçlyk, bilim, ylym, oňat häsiýetlilik, asyllylyk.
Pasyban – garagul, sakçy, polisiýa.
Perraç – jaý arassalaýan hyzmatkär, gullukçy.
Perreňde – uçýan guş.
Peri – bal (baly-per) – ganat bilen ýelek; gol-ganat.
Peşwaz çykmak – öňünden çykmak, garşy almak.
Poş – geýim, geýen, geýnen.
Pöwç – märeke, jemende, otrýad.
Pürdert – dert bilen doly.
Pygan – agy, nala, iňňildi.

## R

Ragaýat (raýat) – şanyň gol astyndaky halk, grazdan.
Rawyýan (rawylar) – rowaýatçylar, gürrüň berijiler.
Rakyp – duşman, ýagy, keseki, bäsdeş.
Rah-güzer – ýolagçy, ötegçi.
Rahber – ýolbaşçy, baştutan, başlyk, ýol görkeziji.
Rahnema (rehnema) – ýol görkeziji, ýol görkezýän adam, ýolbaşçy.
Reýhan (güli-reýhan) – gülüň ady.
Reft – gitmek, ýöremek.
Reftar – gylyk häsiýet.
Reşt – Eýranda bir şäheriň ady.
Riş – sakgal, ýara, baş.
Rowza – bag-bossan, behişt.
Rowzaýy mütehara – zyýarat edilýän bag.
Rozugär – dünýä, durmuş, güzeran.
Rozy-ezel – iň gadymy gün, dini düşünjelelere görä, adamzatdan öňki döwür.
Ryhlat kylmak – aradan çykmak, merhum bolmak.

## S

Saba – ertir, säher.
Sabahat – gözellik, owadanlyk, görklülik.
Sadranç – küşt.
Saýyl – gedaý, dilegçi, ykmanda.
Saýat – awçy.
Saky – şerap paýlaýan adam, suw paýlaýan.
Sary – tarap, ugur.
Sahawat – sahylyk.
Sahyp – eýe, hojaýyn, ýokary wezipedäki şahs, ýar.
Sebz – ýaşyl, gök ösümlik.
Seda – ses, owaz.
Semer – ir-iýmiş.
Serweri-älem – Muhammet pygamber.
Serasima – haýran galmak, aljyramak, özüňi ýitirmek.
Sergüzeşt – başdan geçen wakalar.
Seriri-soltanet – soltanlyk tagty.
Serefraz kylmak – begendirmek, başyny göge ýetirmek.
Sefid – ak, reňkiň ady.
Subhy-dem – ertir çagy, daň saz beren bagty.
Supra – saçak.
Sukut bolmak – geplemezlik, doňup durmak. dymmak.
Sufal – syrçaly küýze, syrçaly käse.
Sydky kämil bolmak – doly ynanmak, dogruçyl bolmak.
Sypah – esger, nöker, soldat.

## Ş

Şasuwar – ökde at çapyjy, batyr ýigit.
Şatyrany bad asa – nanbaý, çörekçi, çalasyn, akylly, çinownigiň ýanynda gezip, onuň ýoluny arassalaýan adam.

Şahymerdan – mertleriň şasy, Alynyň lakamy.
Şaýat ki – belki, ähtimal.
Şebnem – gije çagy.
Şejagat – batyrlyk, gaýduwsyzlyk, gaýratlylyk.
Şemgy-suzan – ýanyp duran şem.
Şepyg – rehimli, araçy, arkadaýanç.
Şerapat – abraý, hormat, wyjdan.
Şitdet kylmak – gaty güýçli bolmak, güýjürgemek,
Şumar – san, hasaba gelmezlik.

## T

Tagaçjyb olmak – haýran bolmak.
Tagna galmak – gep-gürrüňe galmak.
Tagmyr – bejermek.
Tagsym kylmak – bölünmek, paýlanmak.
Tazyýana – gamçy.
Talapa (talaba) – isleg.
Tambur (tanbur) – üç kirişli saz guraly, gitara.
Taç – garaňky, tutuk.
Taraç kylmak – talamak, çapawullamak, berbat etmek.
Tarlaň – aw guşunyň ady.
Tarpatyl aý içinde – göz açyp-ýumasy salym içinde.
Tarhan bolmak – erkin bolmak, azat bolmak.
Tegerk – doly.
Tenha – ýeke-täk.
Tetärik – alaç, çäre, taýýarlyk.
Terjimaň – 1)terjimeçi; 2)beýan edýän, aňladýan; 3)gurban, pida.
Tersa – hristian, haçparaz.
Teşwüş – alada, gaýgy.
Tirendaz – ok atyjy, mergen.
Töre – gara, garaňky, tutuk, bozuk.
Tug – baýdak.

Tugýan – joşma, gozgalaň, topalaň.
Turunç – apelsine meňzeş turşumtyk miwäniň ady.
Tuýur – guşlar, uçýanlar.
Tygzen – gylyç urujy, batyr.

**U**

Uja – beýik, ýokary, belent.

**W**

Weliýul-lla – Hudaýyň dosty, Hudaýa ýakyn, öwlüýä.
Weçh – ýüz, keşp.
Wujut – barlyk, bolmaklyk, göwre, beden.
Wüzera – wezirler.

**Y**

Ybrat etmek – görelde almak, toba etmek.
Yhsan – ýagşylyk, haýyr, bagyşlanan zat.
Ygwa (igwa) – azdyrma, ýoldan çykarma, aldamak.
Yglam kylmak – habar bermek.
Ygjaz – geň, täsin, ajaýyp, keramat.
Ygzazy-ikram – hezzetleme, hormatlama.
Yktyzap – kesmeklik, üzmeklik.
Ymam Hüseýn – Alynyň ogly.
Yrs-dawga – urşa, jedele çagyrmak.
Yzhar etmek – aýtmak, beýan etmek.

**E**

Ebubekir – Muhammet pygamberden soňra birinji halypa.
Ekram – hormat.
Ez – pars dilinde «dan» goşulmasy.

Elhal – şol wagtda, derrew.
Engam – sylag, peşgeş, halat.
Esbi-tagzy – arap at.
Eshap – Pygamberiň ýakyn adamlary.
Eser (asar) – nyşan, alamat.
Etrap – töwerek, daş-töwerek.
Efgy – uly zäherli ýylan.
Efzun (puzun) – köp, zyýat, artyk.
Efsus – haýp, haýpyň gelmeklik, ah-wah, örän haýp.
Eşrepi – Eýranda ulanylan gyzyl pul, tylla pul.
Ewladyl (welet) – perzent, ogul, çaga.

## Z

Zagpyran – sary reňkli ösümligiň ady, Gündogar edebiýatynda, dessanlarynda gahrymanlaryň saralan ýüzi zagpyrana meňzedilýär.
Zemistan – gyş.
Zerrin kemer – gyzyldan ýasalan guşak.
Zinde – diri, jany.
Zähimdar etmek – ýaralamak, azap bermek.
Zirek – başarjaň, çakgan, ugur tapyjy, ökde, akylly, pähimli.
Zyban – dil.

# MAZMUNY

«Asly - Kerem» (Türkmen halk dessany)..................................8

Bir söýginiň taryhy ...........................................................98

Çykgytlar we düşündirişler....................................................121

Sözlük ............................................................................146

# ASLY-KEREM

(Türkmen halk dessany)

**Teh redaktor S. Abaýew**
**Çeperçilik redaktory A. Muhammedow**
**Sahaby bezän D. Mämijikow**
**Korrektor D. Karapetowa**

Çap etmäge rugsat edildi 00.11.2004 ý.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Çap kagyzy 10.
Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Nusgasy 20 000 sany.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt №______.
A-14621

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

---

Türkmen döwlet neşirýät gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji (öňki Galkynyş) köçesi, 20.

Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi.